# TÜRKMENISTANYŇ TARYHYNDAN EGZAMINLERIŇ AÇARY

ELEKTRON WARIATLY KITAP. AWTORY BATYR GALABAÝEW

AWTORDAN:

HORMATLY ILDEŞLER WE OKAÝJYLAR!BU KITABYŇ DÖREDILMEGINIŇ SEBÄBI “TÜRKMENISTANYŇ TARYHY”DERSINDEN DÖWLET EGZAMINLERINDE GELÝÄN SORAGLARYŇ JOGAPLARYNY ABUDRETLERE(DALAŞKÄRLERE) KÖMEK ETMEK MAKSADY BILEN DÜZÜLDI...KÖP ILDEŞLERIMIZ MAGLUMAT TAPMAN KÖSENDI SIZ BIR KÖSENMAŇ!DOSTLARYŇYZ BILEN BU MAGLUMATLARY PAÝLAŞYŇ WE OLARADA KÖMEK EDIŇ! TARYH DERSINI ÖWRENÝÄN ILDEŞLERIMIZ KITABYMYZY DOLY OKAP GÖRSE MAGLUMATLARYMYZ OLARY BEGENDIRER DIÝP UMYT EDÝÄRIS.

AWTORY BATYR GALABAÝEW ( B FEATER)

**batyrgbayev@gmail.com**

**Hormatly Prezidentimiziñ Gurbanguly Berdimuhammedowyñ alan medallary we orderleri: 1.**ABŞ da 2007-nji ýylda Kolumbiýe unwersitetinde Prezidentimiz çykyş etdi. Şonda oña "ösüp barýan bazarlar akedemiýasynyñ hormatly akedemigininñ diplomy" gowşyryldy.

2.2007 ýylda BAE-lerinde prezidentimize BAE-iñ ýokary sylagy"Zaýediñ orderi" gowşyryldy.

3.2008 ýylda BMG fewral aýda Berdimuhamedowy"Informasiologiýada bitiren beýik hyzmaty üçin" atly ýokary halkara orderi hemde "parahatçylygy geljek nesiller üçin gorap saklalyñ"diýen diplom we hrustal heýkel bilen sylaglady.

4.2012 ýylda fewral mart aýlarynda Prezidentimize Türkiýäniñ ýokary döwlet sylagy "Döwlet nyşany " gowşyryldy. Fatih unwersitediñ doktary ady berildi.

5.2014 ýylda Prezidentimize Hyatýda "Pekin adaty lukmançylyk unwersitetiniñ Hormatly professory" ady berildi.

## BARBUT.

6-7 asyrlarda ýaşän meşhur sazandaryň biri.Ol Nusaýda doglup,Merwde ýaşapdyr.Onuň Merwde ýaşanlygyny Merwezi diýen lakamy hem tassyklaýar.Ol 590-627 ýyllarda şalyk süren Sasany patyşasy Hysrow 2-nji Perweziň köşgünde 618-nji ýyldan başlap baş sazanda bolupdyr.Ol berbet saz guralynda saz çalypdyr.Onuň 7 sany "Şa aýdymlary" öz içine alýan eserler toplumyny döredipdir.Bu eseriň içinde 30 sany sazy 360 sany aýdymy döredenligi barada maglumat bar.

## Alym Habaş

Alym Habaş-Ahmet ibn abdullah al-Merwezi takmynam 770(764)-870(864) ýyllarda ýaşap geçipdir.Ol Astronomiýa ylmyny ösdüren 832 ýylda astronomiýa boýunça düzülen tablissanyň 3-ni düzýär.Ol Merwde doglan.Mamunyň Bagdatdaky "paýhaslar öýi" atly akedemiýada işlän alym.

## Afrasiýap

Gadymy Turan-Saklaryň hökümdary hemde turk-türkmenleriň ata-babasydyr,Onuň hakyky ady Alp Är töňňe bolupdyr.Afrasiýap diýen ady bolsa oňa eýranlar dakypdyr.Ol salym

tapsa eýrana çozar eken.Eýranlylar bolsa oňa ýigrenç bildirip erbet hudaýyň ady Afrasiýap diýp atlandyryp başlapdyrlar.Afrasiýap hakynda Abulkasym Ferdöwsiniň Şanama kitabynda we Muhammet Awfynyň eserlerinde gabat gelmek bolýar .Alp Är töňňe Garahanly Türkmenleriň ata-babasy diýlip hem maglumat bar.

## Merwiň kitaphanalary.

Mongollaryň basypalyşlarynyň öň ýanynda Maryda 13(10) kitaphana bolupdyr.Seljuk imperiýasy döwründe döwletiň iň soňky paýtagt şäheri bolan Merw ylmyň we medeniýetiň dünýä belli meşhur kitaphanalary we olardan peýdalanan alymlar we şahyrlar bolupdyr.Meşhur arap geografy Ýakut al Hamawy özüniň „Ýurtlar sözlügi“ atly eserinde Merwiň kitaphalary hakynda maglumat berýär.Onuň aýtmagyna görä Merwiň kitaphanalaryna hökümdarlar uly üns berip ýörite“Hazaýyn el kitap“ ýagny „Kitaplaryň sakçysy“ diýen wezipe bolupdyr.Merwiň kitaphanalary örän baý bolupdyr we häzirki günlre çenli olaryň ady saklanyp galydyr.Olar şulardyr:

**1.Kemaliýe**-ol Merwiň juma metjidiniň ýanynda ýerleşipdir.

**2.Abu Aly Hasan ibn Aly Kutdan Merwezi**-Ol Merwde ýaşan meşhur tebipleň biri bolup ol 1153-nji ýylda oguzlaň Merwe eden talaňçylykly çozşy wagtynda aradan çykýar.

**3.Aziziýa**-Soltan Sanjaryň döwründe ýokary wezipeleň birini eýelän Ezizeddin Abubekir bu kitaphanaň eýesi bolupdyr.

**4.Şerep el Mülk**-muny XI asyrda din ylymlaryny öwreniji we Merwde ýaşan Şerep el Mülk esaslandyrýar.

**5.Nyzamylmülk**-bu kitaphana beýik wezir Nyzamalmülküň merwdäki (Nyzamyýe medresesine degişli kitaphana) **6.Amidiýe**-bu kitaphana Togrul begiň weziriniň biri bolan Amid el Mülk Kundury tarapynda esaslandyrlypdyr.

**7.Meźdelmülk**-bu kitaphana seljuk soltany Berkýarygyň weziri Meźdelmülk gurdurupdyr.

**8.Hatuniýe**-bu kitaphanadan diňe aýal gyzlar peýdalanyp bilipdir.

**9.Zemiriýe**-bu kitaphanadan diňe sopy derwüşler peýdalanyp bilipdirler.

**10.Täç el Yslam**-bu kitaphana Samanylar maşgalasyndan bolan Täjilyslam As Samany tarpyndan esaslandyrlypdyr.

**11.Semgany(Samany)**-bu kitaphanany Şyhabeddin As Samany esaslandyrypdyr.

**12.Dumaýriýe**-Bu kitaphana XII asyryň I ýarymynda dindar alym Al Dumaýri tarapynda esaslandyrlypdyr.

**13.Mehrti räk-kitaphanasy** Türkmenistanyň ylymlar akademiýasynyň baş ylmy kitaphanasynyň müdiri alym professor Almaz Ýazberdiýew özüniň „Merwiň kitaphanalary“ diýen işinde şu 13-nji kitaphananyň bolandygyny hem aýdyp geçýär. 2011-nji ýylyň 20-nji oktýabyrynda Mary welaýat kitaphanasynyň täze binasy Prezidentimiz tarapyndan açylyp halk köpçüligine ulanmaga berildi.

## Mamunyň akademiýasy.

995-nji ýylda Horezmde Abul Abbas Mamun ibn Muhammet özüniň Horezmde Mamunylar nesilşalygynyň düýbini tutýar.Bu nesilşalykdan bolan Mamun ibn Mamun (999-1017) 1000-nji ýylda Gürgençde „Dar el ylym“,“Ylymlar öýi“ ady bilen uly bir akademiýanyň düýbini tutýar.Bu akademiýa bütin merkezi Aziýada iň meşhur alymlaň toparyny özünde jemläpdir.Belli rus taryhçysy S.P.Tolstow Mamun akademiýasy hakynda şeýle ýazypdyr:

„Mamun akademiýasynyň ýüze çykmagynyň ýöne bir tötänleýin waka bolman eýsem ol bütin horezmiňylmy üçin köp ýyllar maksat edilen waňka bolupdyr,çünki mamunylardan öňem Afrigiler döwründe-de ylmyň esasy orny tutandygyby bu ýeriň ýadygärliklerinde görmek bolýar.“ Mamun Akademiýasy 1000-1017-nji ýyllar aralygynda işläpdir.10110njy ýylda bu ýere Abu Reýhan Al Biruny barýar,ol ýerde beýik pelsepeçi alym Abu Sahyl Masigi,tebigi ylymlary içgin öwrenen lukman Ibn Sina we Abul Hasan Hamman,dilçi alym we şahyr Abu Mansul al Saliby ýaly görnükli alymlar bilen bile işleşýär.Mamun akademiýasynyň abraýy has uzaklarda belli bolupdyr.Ondaky alymlaryň işleri we dünýägaraýyşlary abbasy halyflaň Bagdatdakty akademiýasyndan,Müsürdäki Kairkäki akademiýasyndan has belentde durupdyr..Al Biruny Bagdat akademiýasynyň iň meşhur alymy Al Jahyşyň işlerini okandan soň onuň kämillikden has daşdadygyny belläpdir.Häzirki Köneürgençdäki 40 molla depesinde ýerleşýän harabalyklaryň galyndysy Mamunyň Akademiýasynyň ýerleşen ýeri hasaplanýar.

## Küşt we meşhur küştçiler.

Küşt oýny araplarda „Şadranj“diýlip atlandyrlypdyr.Ol VIII-X asyrlarda has meşhur zehin oýnuna öwrülýär.Küşt oýny Hindistanda öüze çykan hem bolsa abbasy halyflygynyň bütin çäginde giňden ýaýrapdyr.

Şu döwriň meşhur beýik türkmen küştçisi asly Dehistanly bolan Abu Bekir As Sulidir.Ol meşhur Dehistanlydaky Sul hökümdarynyň agtygy bolupdyr.As Suly Abbasy halyfy Al Makdifiniň (902-908) döwrinde Bagdada barýar we onuň ýeňilmezek küştçisi Mawerdi bilen küşt oýnap ony yzly-yzyna utýar.905-nji ýylda bolan bu ýaryşda soň As Suly bütin Abbasy Halyflygynyň 35 ýyllap bir gezek hem ýeňilmedik küştçisi bolupdyr.Şol sebäpli oňa „Aşşadranjy kebir“ (beýik küştçi) diýen at berlipdir.940-njy ýylda halyf bolan Al Mutraki döwrinde AsSula ýalan töhmetler atylyp ol Bagdaddan Basra Şäherine gaçmaga mejbur bolýar.946-njy Basrada garyplykdan aradan çykýar.Emma ol Abul Faraj Lad Laj atly şägirt ýetişdirip onuň şägirdi hem tä 970 ýyla çenli küşt äleminde meşgur küştçi hökmünde tanalypdyr.(973 ýylda aradan çykýar).Soltan Sanjaryň köşgünde meşgurlygy gazanan zenan şahyr Mahesti hem ussat küştçi zenanlaryň biri bolupdyr.

## Daýahatyn.

Amuldan Horezme gidýän ýoluň ugrunda XI-XII Asyra degişli bolan bu kerwensaraý häzirki Türkmenabat şäherinden 170 km d.g-da ýerleşýär.Ýerli halk oňa „Baýhatyn“hem diýipdirler.Bu kerwensaraýyň gurluşygy inedördül şekilinde bolup,onuň taraplary 53 m bolupdyr.Onuň gümmezleri we arkalary bişen kerpiçden,galan ýerleri çyg kerpiçden bolupdyr.Kä ýerlerinde arap tekstlary bolup,onda ilkinji dört çaryýarlaryň atlary getirilýär.

## Mary abserwatoriýasy.

Asman jisimlerini öwrenýän astrnomiýa ylmy VIII-IX asyrlardan başlap Merkezi Aziýanyň musulman döwletlerinde uly ösüşe eýe bolupdyr.Türkmen alymy Muhammet Al Horezmi Halyf Mamunyň Bagdatdaky Beýtul hikmet (Paýhaslar öýi)atly akademiýasynda işlän döwri asmandaky aýry-aýry jisimleriň geometrik tablissasyny düzüpdir.Takmynan 1066,1074 ýyllarda Merwde soltan Alp Arslanyň döwrinde ýörite abserwatoriýa döredilipdir.Bu abserwatoriýa beýik wezir Nyzamalmülkiň tagallasy bilen döredilipdir.Şol sebäpli abserwatoriýa tä 1092 ýyla çenli ýagny Nyzamalmülkiň ölümine çenli işläp,şol ýyl hem ol öz işini bes edipdir.Bu abserwatoriýada 1074-1075 ýyllarda Omar Haýýam işläp,özüniň 1079 ýylda „Jelaly“senernamasyny düzüpdir.Şeýle-de bu abserwatoriýada Abu Japar Al-Merwezi we ýaşlygyny şu abserwatoriýada geçiren Abdurahman Al-Hazini ýaly alymlar hem işläpdir.Abdyrahman Al-Hazini 4 sany eser ýazyp,onuň iň esasy ýazan eseri „Akyllylyk“ (Pähimler)-terezisi hakynda ýazan eseri.Bu eseri ol Soltan Sanjara bagyşlap,onda dürli astranomik we fiziki enjamlaryň mehaniki gurluşy we olary ulanmagyň usullary hakynda bolupdyr.Şeýle-de onuň ýene bir ähmiýetli eseri „Soltan Sanjar tarapyndan oýlanylan jadweller we tablissalar“ atly eseridir.

## Dehistanyň dini-sopuçylyk toparlary.

Dini-sopuçylyk toparlary VIII asyrda Yrakda we Siriýada ýüze çykyp,bu taglymatyň düýp manysy iki zatdan ybarat.

1.Alla bolan söýgiň kämilligine terkidünýälik bilen ýetmeli.

2.Kurandaky süreleriň syrlaryna düşünmeli.

Türkmenistanyň şol sanda Dehistanyň ýerlerinde hem esasy giňden ýaýran „Nagyşbendiçiler“ dini sopuçylyk toparydyr.Bu sopuçylyk topary XI asyrda Eýranda ýüze çyksa-da,ony 1314-1389 ýyllar aralygynda Buharada ýaşan beýik pir Bahabeddin Nagyşbendiniň ady bilen baglanyşdyrýarlar.Bu topara girýänler adamlarda Alla bolan söýgüni wagyzlar bilen olaryň kalbynda nagyşlamaly diýip düşünipdirler.Dehistandaky meşhur dini şahsyýetler bolan Şyh Attar,Şyh Jürjäni,Şywlan baba dagylar hem Nagyşbendiçiler dini sopuçylyk toparyna degişli bolupdyrlar.Şeýle-de Abdylkadyr

Gilýany tarapyndan döredilan „Kadiriýe“ derwişler topary hem dehistana öz täsirini ýetiripdir.
Hoja Ýusup Hemedany hem „Nagyşbendiçiler“ toparyna giripdir.

## Erdebildäki dini sopuçylyk topary.

Sefewiýe dini derwüşçilik topary XIII asyryň ikinji ýarymynda Erdebilde ýüze çykyp,bu dini topary esaslandyran Şuh Sefiýeddin (Seýfeddin) Yshak (1252-1334) bolupdyr.saklanyp galan taryhy maglumatlarda Şyh Seýfeddiniň şejeresi şaýylaryň 12 ymamynyň 7-nji ymamy Musa Gazydan gaýdyp ol bu ymamyň 21 arka nesli bolupdyr.Ýaşlygyny Erdebilde geçiren Şyh seýfeddin ilki ýerli medresede soňra şaýylaryň meşhur şyhy Zahydyň elinde okap bilim alypdyr.Seýfeddin Erdebilde özüniň dini sopuçylyk toparyny döredip,oňa esasy daýhanlar we hünärmenlerden bolan ýuridler kabul edilipdir.Ýöne iri söwdagärler hem bu dini topara girip,öz ähli baýlyklaryny oňa bagş edipdirler.Erdebilde 20 sany oba bu derňüşçilik topara degişli bolupdyr.Ilki bada diňe dini işler bilen meşgullanan bu toparyň şyhlary XV asyrdan başlap,syýasy taýdan has güýçlenipdirler we öz döwletini döretmegiň aladasyny edipdirler.Sefewi dini derwüşçilik topary şol sebitde ýaşaýan 7 sany türkmen taýpasyna:şamly,rumly,üstaçly,owşar,gajar,tekeli we zülkadyr taýpalaryna daýanypdyr.Bu taýpalaryň XV asyrda meşhur şyhlary.

1.Jüneýit:Akgoýunly hökümdarynyň uýasy Hatyja hanyma,Jüneýitiň ogly.
2.Haýdar bolsa Uzyn hasanyň gyzy Marta (Älemşa,Halyma bike) öýlenipdir.haýdar bilen Martadan hem Ysmaýyl dogulýar.Ysmaýyl Sefewi döwletini esaslandyran ilkinji hökümdar.

1488 ýylda Akgoýunly hhökümdar Ýakup Erdebil Şäherini eýeläp,sefewi derwüşçilik toparyny dargadýar.

## Soltan Sanjaryň kümmeti.

XII asyryň meşhur aramgählereniň biri bolan Soltan Sanjaryň aramgähi orta asyryň görnükli binalarynyň biridir.Bu binany soltanyň özi takmynan,1140 ýyullarda dar el ahyre ýagny ahyrýet öýi hökminde Sarahsly ussa Muhammet ibn Atsyz as-Sarahsa gurdurypdyr.Onuň gurluşygyna ýolbaşçylyk etmegi öz weziri Ygtyýareddin at-täje tabşyrypdyr.Bu kümmet inedördül görnüşli bolup,taraplary 27 m,beýikligi 38 m,ölçegi 17 m.bolan arkaly diwaryň galyňlygy 5 m bolan galadyr.Onuň iki sany gümmezi bolup,daşky gümmezi mawy reňkinde syrçalanyp,30 km uzaklykdan görnipdir.1906-njy ýylda onuň içindäki mazar daşyny Güljemal han goýdurupdyr.Bu ýadygärligi 1890 ýylda Žukowskiý,1937 ýylda Plýawskiý,1950-1960 ýyllarda M.Ý.Masson we Galina Pugaçenkowa dagylar öwremipdir.1977-ýylda ýadygärlikde ilkinji gezek dikeldiş işleri geçirilýär.1992-99 ýyllarda Beýik Britaniýaly professor Hermon Soltan Sanjaryň

kümmetini içgin öwrenip,täze maglumatlary toplady.2002-2004 ýyllarda Soltan Sanjaryň kümmetini Turkiýanyň Gapinşat gurluşul kompabşniýasynyň hünärmenleri tarapyndan dolulugyna dikeldiş işleri geçirilýär.Şondan soň 2004-nji ýylyň 17-18-nji noýabrnda „Soltan Sanjar we onuň zamanasy“atly ylmy konferensiýa geçirildi.

## Muhammet Najyp ibn Bekran.

XII asyryň 2-nji ýarymynda XIII asryň başlarynda Horasanda soň Horezmda ýaşan bu beýik alym 1208-1209 ýyllarda Alaeddin Muhammet şa bagyşlap dünýäniň kartasyny düzýär we oňa düşündiriş berýän „Jahannama“eserini ýazypdyr.Oň çyzan dünýä kartasynda dürli hilli geografik belgileň 600 sanysy görkezilipdir.Jahannama eseri 20 bapdan ybarat bolup,onda dünýäniň ilatly bölekleri,daglar,deňizler,köller,şäherler we çöller,arap ýurtlary we Köneürgenç türkmen döwletiniň ýerleşişi hakda giňişleýin gürrüň ediýär.1960 ýylda Muhammet Najyp ibn Bekranyň bu kitaby Moskwada rus dilinde terjime edilip,neşir edildi.

## Şähryslam söwdanyň we hünärmentçiligiň merkezi.

Ýazyr türkmen döwletiniň paýtagty bolan Şähryslam (Täk gala) şäher galasynyň düýbi baryp IX asyrda ýazyrlaryň döwletiniň döremezinden 1 asyr öň tutulypdyr.1970 ýyllarda Ýegen Atagarryýew tarapyndan geçirilen arheologik barlag işleri şäheriň içinde ýaşaýyş jaýlarynyň ,hünärmentçileriň syrgynlarynyň we küreleriň uly ammaryň galyndylaryny ýüze çykardy.Şäheriň g.b diwarynyň düýbi öwrenilende ol agaç tagtalarynyň üstünde gurlup,ýerine ýetirilipdir.Munuň özi diwaryň ýer titremesine garşy durumlylygyny üpjin etmeli bolupdyr.Şährislamyň ýadygärliklerinde esasy ünsüňi çekýän bir aýratynlyk,ol hem onuň suw geçirijilik ulgamydyr.Bişirilen küýze turbalary arkaly amala aşyrylanýazyrlaryň suw geçirijilik ulgamy XI-XII asyrlara degişli bolup,olaryň uzynlygy 20-22 km-e deň bolupdyr.Küýze turbalaryndaky basyşyň bolarda bir sekuntda 250 litr suwuň ýokary tizlikde akmagyna üpjün edipdir.Ýazyrlaryň bu gidrotehniki desgasy ýewropanyň öňde baryjy şäherlerinden hem iki asyr öňe gidipdir.
Ýazyrlaryň döwleti XIII asyrda dargandygyna garamazdan bu şäherde ýaşaýyş tä XIV asyryň başlaryna çenli dowam edipdir.

## Seljuk türkmen döwletiniň döwlet dolandyryş ulgamy.

Bilşimiz ýaly Seljuklarda döwlet baştutany patyşa bolupdyr.Onuň ilkinji kömekçisi baş wezir bolup,oňa Haje (hoja)ýa-da emiri sadyr hem diýlipdir.Seljuklaryň köşgünde ýaş şazadalara harby we döwlet dolandyryş bilimlerini öwreden mugallymlara Atabegler diýlipdir.Köşkde soltanyň möhürni saklap,oňa jogap berýän adama Tugraýi diýlipdir. Seljuklarda ekerançylyk bilen meşgullanýan welaýatlara goýlan häkime Amiller diýlipdir.

Maldarçylyk bilen meşgul bolýan welaýatlara goýlan häkime Şihneler diýlipdir.Köşkdäki girdeýjilere we çykdaýjylara jogap berýän esasy wezipä Mutassaryf diýlipdir.Hökümdaryň pul gaznasyna jogap berýän wezipä Mustauf diýlipdi.Döwletde ähli adalat we kazyýet işlerine Emir Haras jogap beripdir.Onuň gapdalynda täsirli aksakallar –Reýisler hem uly täsirden peýdalanyodyrlar.Soňy bilen Emiri Harasyň täsiri gowşap her şäheriň tertipdüzgünine seredijisi bolan Muhtasipler ýokary göterilipdir.

## Köneürgenç türkmen döletiniň döwlet dolandyryş ulgamy.

Köneürgenç türkmen döletinde döwlet baştutany Anuş Teginler neslinden bolan patyşa bolupdyr.Onuň gapdalynda ýörite raýat kökümeti (diwan) bolup,oňa ähli wezirler,emirler giripdir.Diwana baş wezir-„Dastur“ ýa-da „Hojai Bozarg“ ýolbaşçylyk edipdir.Şeýle-de Köneürgenç türkmen döletiniň döwlet dolandyryş ulgamynda birnäçe ýokary wezipeler bolupdyr.

1.**Hajyb el-kebir**-köşkde geçirilýän dabaralara we patyşanyň hut köşk bilen bagly işlerine ýolbaşçylyk edýän adam.

2.**Ustaztar**-hökümetiň girdeýjilerine we çykdaýjylaryna gözegçilik edýän,maliýe işlerine seredýän adam.

3.**Sahip el-jaýiş** (Soltanyň hakyky ýürekdeşi)-Patyşanyň köşkdäki ähli goşunlaryna ýolbaşçylyk edýän serkerde.

4.**Dawadar**-hökümdaryň resminamalaryny düzýän baş kätibi.

5.**Älemdar**-hökümdaryň baş baýdak göterjisi.

6.**Emiri jaş nigir** (tagamlary barlaýan)hökümdaryň naharhanasyna jogap berýän adam.

## Kerman seljuk türkmen döwletiniň Salyr atabegligi bilen gatnaşyklary.

Kerman seljuk türkmen döwletiniň sekizinji hökümdary Muizeddin Muhammet I (11411156) döwründe goňşuçulykda ýerleşýän Parsdaky Salyr atabegligi bilen dostlukly gatnaşyklar ýola goýlupdyr.Muhammet I Salyr atabegi Suňňur beg bilen 1149-1150-nji ýyllarda diplomatik gatnaşyk esasynda ilçilerini ugradypdyrlar.Onunjy hökümdar Muhammet I ogly Togrul şa (1156-1168) Salyr atabegi Zeňňi (1161-1175) gowy gatnaşykda bolupdyr.kerman seljuk hökümdary Togrul şa aradan çykandan soň 4 oglunyň arasynda tagt ugrunda göreş başlaýar.4-diň biri Turanşa 1176-njy ýylda Salyr atabegi Zeňňiniň kömegi bilen Kerman seljuk türkmen döwletiniň tagtyna çykýar.Emma ol uzak wagt tagtda oturmandyr.Sebäbi 1176-njy ýylda özünden uly dogany Arslanşa ony tagtdan agdarýar.Turanşa gaýtadan Salyr atabegi Takladan (1175-1184)kömek alyp 1177-nji ýylyň 3-nji martynda Tirufdanyň golaýynda agasy Arslanşa bilen söweşip ony ýeňip, ikilenç Kerman seljuk türkmen döwletiniň tagtyna çykýar.Kerman seljuk türkmen döwletiniň iň

soňky hökümdry Muhammet II hem Kermana Oguzlar aralaşanda Salyr atabegi Takladan kömek sorapdyr,emma garaşylan kömek gelip ýetmändir.

## Alaeddin Keý Kubat bilen Jeladdin Meňburunyň mongollara garşy göreşi.

Anadoly seljuk türkmen döwletiniň hökümdary Alaeddin Keý Kubat I (1219-1236) Müsürdäki Eýýubular döwleti bilen gowy gatnaşygy ýola goýup,hatda 1227-nji ýylda Eýýuby soltany Mälik al Eşrefiň gyzy Gaziýa hatyna öýlenipdir.Edil şol wagtlar Häzirbegjany eýelän Jelaleddib Meňburun 1225-ýylda Alaeddin Keý Kubadyň ýanyna ilçi ýollaýar.Ilçiden ugradylan hatda şeýle sözler bar:

„G.g-da kapyrlaryň köküni gyrýan sizsiňiz,g.d-da tatar mongollaryň atyşyny gylyç bilen söndürýän bizdiris.bu ki ýakynlaşygyň bardygyna birlik ýoly tumasa biz haýsy ýoldan ýöräris?Kimler bize dost bolar,kimler dinimiziň gymmatyny gorar?“

Alaeddin Keý Kubat hatyň mazmuny bilen tanyşyp mongollara garşy göreşde bile hereket etmeklige göwünjeňdigini bildirýär.Emma ol Jelaleddini diňe bir mongollara garşy däl eýsem,Müsürdäki Eýýubularyň garşysyna ulanmak isläpdir.Alaeddin Keý Kubat Jelaleddin 1230 ýylda Hilat galsyny eýeländen soň özüne garşy hereket eder gorkusy bilen Müsurdäki Eýýubularyň hökümdary Mälik el Eşref bilen ýaranlyk baglaşýar.1230-njy ýylyň 30-njy awgustynda Erzinjan şäheriniň golaýynda Ýassyçemen diýen ýerde Alaeddin Keý Kubat bilen Mälik el Eşref Jelaleddine garşy söweşýärler we bu söweşde Jelaleddin ýeňlişe sezewar bolýar.

## Muhammet an-Nesewi.

XI asyryň ikinji ýarymynda Nusaýyň golaýyndaky dünýä inen Şyhabeddin Muhammet anNesewi öz döwrüniň görnükli alymy we döwlet işgäri bolupdyr.Olýaşlykdan arap,pars dilini öwrenip,1221-1222 ýyllarda Hurandiz galasynyň häkimi bolupdyr.Haçanda Mangollar bu galany basyp almaga gelende galanyň berkdigini bilip 10000 tirsek mata alyp,bu gala degmändirler.An-Nesewi 1224 ýyla çenli Nusaýyň häkimi Nasreddin Hemdä gulluk edipdir.1224 ýylda Hindistandan Horosana gelen Jelaleddiniň hyzmatyna geçip tä ol aradan çykýança onuň kätibi wezipesini ýerine ýetiripdir.Jelaleddin aradan çykandan soň Müsürdäki Eýýubularyň Meýafarykyndaky häkimi Al Muzaffar Gazwininiň soňra bolsa emir Bereket hanyň hyzmatynda bolupdyr.

Muhammet an-Nesewi ömrüniň soňky ýyllaryny Halapda ýaşap,ol ýeriň soltany Salaheddin Ýusup ibn Ezize gulluk edipdir.Ol 1249 ýylda Halapda aradan çykýar. Muhammet an-Nesewi Jelaleddin ölenden göni 10 ýyl soň ýagny 1241 ýylda jelaleddine bagşlap,“Syrat as-Sultan Jelaleddine“,“Soltan Jelaleddiniň ömür beýany“ atly eserini ýazýar.Bu eser 108 bapdan ybarat bolup,onda 1214-1231 ýyllaryň wakalary beýan edilýär.Onuň bu eseri 1973 ýylda Bakuwda rus diline terjime edilip,neşir edilýär.2001 ýylda žurnalist hem terjimeçi K.Ballyýew türkmen diline terjime edip,neşir etdirýär.

## Nyzamalmülk we onuň „Syýasatnama“ eseri.

Alp Arslanyň,Mälik şanyň weziri bolan Nyzamalmülk (1017-1092) ylma-bilime,medeniýete howandarlyk edip öz adyny göterýän „Nyzamiýa“atly 9 kitaphana we metjit-medrese gurdurýar.

1091 ýylda Mälik şa öz köşgünde seljuklaryň döwlet dolanşygyna bagyşlanan döwletdäki kemçilikler we olary düzetmegiň ýollaryna bagyşlanan bir kitap ýazmagy tabşyrýar.Ýazylan kitaplaryň içinden Mälik şa öz weziri Nyzamalmülküň“Syýasatnama“ arapça (Siýar el mülk) türkmençe (Hökümdarlaryň edim-gylymlary) atly kitabyny makullapdyr.“Syýasatnama“ eseri 50 bapdan ybarat bolup onuň ýazary Muhammet Magry kitap edip ýazýar.Eseriň soňky 11 baby Seljuk imperiýasy hakyndaky kemçiliklere bagyşlanýar.Şol soňky baplar üçin Nyzamalmülk Ismaýlikler tarapyndan Eýranyň Nehawet diýen ýerinde öldürilýär.

Syýasatnama eserini 1893 ýylda fransuz alymy Şefer fransuz diline terjime edýär.Soňra 1949 ýylda rus gündogarşynasy Zahoder Syýasatnamany rus diline terjime edýär.

## Beýik Mogollarda ýer-suw eýeçiliginiň görnüşleri.

Mogollar döwleti 19 welaýata bölünip,ol welaýatlaryň häkimlerine subadarlar diýipdirler.Döwletiň ähli ýeri patyşanyňky hasaplanyp patyşa olary salgyt tölemek şerti bilen özüne gulluk edýän admlara paýlap berýär eken.Goşunda gulluk edýän harbylara berilýän ýere Jagir ýerler diýlipdir.Musulman begzadalaryna berilýän ýerlere zemindar ýerleri diýlipdir.Döwlet işgärlere,şahyrlara,alymlara berilýän ýerlere Ynam ýerler diýlipdir.Metjit-medreselere berilýän ýerlere Wakyf diýlip atlandyrylypdyr.

## Osman imperiýasynda ýer-suw eýeçiliginiň görnüşleri.

Harby serkerdelere berilýän ýerlere Sipahi ýer diýlipdir.XVII asyryň ortalaryndan başlap sipahi ýer eýeçiligi gowşap başlaýar.Sebäbi Anadolynyň g.b-ynda we Balkan ýarym adasynda Çiftlik ýer eýeçiligi peýda bolýar.Çiftlik ýerler baý daýhanlaryň nesilden-nesle geçilýän ýerine aýdylypdyr.Osman imperiýasynda Iltizam ýer eýeçiligi hem bolupdyr.Bu ýerler ýokary begzadalara degişli bolup,olar soltandan salgyt ýygnamak hukuguny satyn alyp,özleri daýhanlardan salgyt ýygnapdyrlar.

## Altyn Orda bilen Hulagularyň arasyndaky uruşlar.

Hulagu han (1257/58-1265) öz döwletini döredip g.o Häzirbegjanyň ýerlerini basyp alandan soň d.m Kawkazy basyp alan Altyn Orda bilen çaknyşmaly bolýar.Ilkinji uly söweş 1262/64 ýyllarda bolup onda Hulagu han Altyn Orda hany Berke handan

ýeňilýär.Ýeňlişden ahmyrly Hulagu han Töwrizde söwda eden Altyn Ordaly söwdagärleriň barysyny jezalandyrmaga buýurýar.Muňa jogap edip Berke han (12571266) Memluk soltany Beýbars (1260-1277) bilen hulagulara garşy ýaranlyk baglaşýar.Altyn Orda hany Togta hanyň (1290-1312) döwründe iki döwletiň arasyndaky uruş az wagt hem bolsa bes edilip,söwda gatnaşyklary dikeldilipdir emma Altyn Orda hany Janybegiň (13411357) döwründe täzeden uruş başlap,ol 1354 ýylda Horosany,1356/57 ýyllarda Häzirbegjany basyp alýar.Hulagular döwletini ýeňlişe sezewar edýär.

## Kutubşalar bilen Magollaryň gatnaşygy.

XVII asyryň başlaryna çenli beýik Magollar döwleti d.m Hindistanyň ähli ýerlerini doly eýeläp,basyp alypdyr.Diňe Ahmetnagardaky,Bijapurdaky patyşalyklar we Golkondadaky Kutubşalar türkmen döwleti Magollara tabyn bolmadyk özbaşdak döwletlerdir.Magol hökümdary Jahangiriň ogly Jahanşa öz kakasyna garşy gozgalaň turuzýar.Emma şowsuzluga uçrap,1622 ýylda Golkondaky kutubşalaryň arasyna gaçýar.Az wagt Golkondada bolan Jahanşa Kutubşalar döwletiniň baýlygyna haýran galypdyr.Haçanda ol özi hökümdar bolanda paýtagtyny Deliden Burhapura geçirip,Golkonda ýakyn bolmak isläpdir.Ol 1636 ýylda ýöriş etmezlik şerti bilen kutubşalaryň özüne tabyn bolmagyny gazanýar.Şondan soň Kutubşalar her ýylda Magollara salgyt tölemeli bolupdyr.Kutubşalaryň köşgünde salgyt diwanyň baştutany wezipesini ýerine ýetiren wezir Muhammet Seýit gizlinlikde Magollara hyzmat edipdir.Muny bilen Magol hökümdary Jahanşa öz ogly Aurangzebi uly goşun bilen 1626 ýylda Kutubşalaryň üstüne ýörişe ugradýar.Iki aýa çeken gandöküşikli söweşden soň Aurengzeb Kutubşalat bilen şertnama baglaşýar.1680 ýyllarda Magol hökümdary Aurangzeb züne garşy turýan dyngysyz gozgalaňlary rehimsizlik bilen basyp ýatyrdyy.Emma munuň üçin onuň gaznasyndan çykdajylaryň möçberi hem has artypdy.Gaznasyny baýatmak,çykdajylary ýapmak maksady bilen 1687 ýylda Golkanda iki gezek ýöriş edip,ony basyp alýar we Kutubşalar döwletini dargadýar.

## Gazan hanyň özgertmesi.

Hulagular döwletinde ilata salynýan agyr salgytlaryň jemi 20 golaý görnüşi bolupdyr.Şolardan 3-si has hem ilata kyndüşüpdir.

1.Ýerden alynýan „Hyraç“ salgydy

2.Çarwa maldarllardan alynýan „Kupçur“ salgydy

3.Hünärmentçilerden we söwdagärlerden alynýan „Tamga“ salgydy

Bu salgytlaryň möçberiniň köp bolmagy ilatyň ýaşaýyş derejesini peseldip,döwletiň ykdysadyýetini tozdurupdyr.Şeýle agyr ýagdaýda hanlyga çykan Gazan han (1295-1304) we onuň weziri Reşideddin Fazlallahyň maslahaty bilen birnäçe özgertmeler geçirýär.

1.“Hyraç“,“Kupçur“ salgytlaryň anyk möçberini kesgitleýär.

2.“Tamga“ salgytlaryň ýarysyna çenli azaldylýar.

3.Bütin ýurt boýunça bitewi ölçeg birliklerini girizýär.

4.1303 ýylda ähli harby gulluga geçýän mongollara „Ikta“ ýerlerini bermek hakynda perman çykarýar.

5.Daýhanlara hasylyň 4/3 bölegini salgyt bermek şerti bilen olara ýer paýlap berýär.Ýer alan daýhanlara öz ýerlerini taşlap gitmek gadagan edilýär.

6.pul özgertmesini geçirip mis pullar bilen bir hatarda kümüş pullar hem zikgelenip başlapdyr.6 mis dirhem 1 kümüş dinara deň bolupdyr.Abu Seýdiň (1317-1335) döwrinde Reşideddin 1317 ýylda wezirlikden boşadylyp 1318 ýylda ogly jezalandyrýar.

## Aly guşçy.

Akademik Bartoldyň bellemegine görä XV asyryň iň zehinli astranomik,matematiklarynyň biri Aly Guşçydyr.Ol 1406 ýlda eneden dogulýar.Onuň hakyky ady Aly ibn Muhammet as Samarkandy bolupdyr.Şahrugyň ogly Ulug begiň aw edýän guşlaryna seredýänligi üçin oňa guşçy lakamy goýlupdyr.XV asyrda Samarkantda doglup ýaşlygynda dini we dünýewi bilimleri özleşdirip,1429 ýylda Ulug begiň Samarkandyň eteginde hurduran abserwatoriýasynda işläpdir.Soňy bilen bu abserwatoriýanyň üçünji ylmy ýolbaşçysy bolupdyr.1449 ýylda Ulug beg ogly tarapyndan öldürlenden soň Aly Guşçy astranomiýa degişli ähli ylmy golýazmalary alyp,Akgoýunly hökümdary Uzyn Hasanyň ýanyna barýar.Uzyn Hasan bolsa ony Osman soltany Muhammet II Fatyhyň ýanyna ugradýar.Stambula gelen Aly Guşçy Aýa Sofiýa ýokary mekdebine ylmy ýolbaşçylyk edilip bellenýär.Bu ýerde işlän döründe özüniň iň meşhur eseri „Risaliýe Filheýe“ (Astranomiýa boýunça gollanma) atly eserini ýazypdyr.Ol 1474 ýylda Stambulda aradan çykýar.Onuň özi we eserleri hakynda agtygy Mirem Çelebi ýörite kitap ýazýar.

## Selim III özgertmeleri.

1789 ýylda soltan Abdylhemit I ölenden soň Osmanly imperiýasynyň tagtyna 28-nji soltan Selim III göterilýär.(1789-1807) Ol döwleti çökgün ýagdaýdan alyp çykmaga synanyşyp birnäçe özgermeleriň başyna başlaýar.Onuň geçiren özgertmeleriniň maksady söweşe ukyply we göýçli goşunyň kömegi bilen merkezi häkimýeti berk bolupdyr.1790/93 ýyllarda Selim III tarapyndan çykarylan permanlar.

1.Köşk atyjylar birikmesiniň döredilmegi.

2.Hökmany harby okuwyň geçirilmegi.

3.Ähli harby bölümlerde berk düzgünleriň ýola goýulmagy.

4.Täze deňiz,flotynyň döredilmeginiň başyny başlaýar.

5.Harby mekdepleriň açylmagynyň başyny başlaýar.

Bu işleri durmuşa geçirmek maksady bilen Ýewropa ýurtlaryndan ýörite hünärmenler çagyrypdyr.

## Budak Kazwini we onuň „Jawahyr al ahbar“ eseri.

Budak Kazwini (1510-1580) XVI asyryň görnükli taryhçylarynyň biri bolup,oňa başgaça Pudak Munşi hem diýlipdir.ol Kazwin şäherinde doglup eýýäm 14 ýaşynda Sefewileriň şa diwanynda hatdat bolup işläpdir.Ol 1530 ýyldan başlap,Sefewi şasynyň Bagdada bellän emiri Muhammet han Tekeliniň diwanynda mürze bolup işläp,soňy bilen ol (Leşgernebis)ýagny goşunyň hat gatnadyjysy wezipesini ýerine ýetiripdir.

Budak Kazwiniň iň belli eseri „Jawahyr al ahbar“ eseri. (Göwher ýaly gymmatly habarlar) bolup,ol ähli umumy wakalary özünde jemleýär.Onda wakalar gadym döwürden tä Sefewi şasy Ysmaýyl II (1576-1578) döwrine çenli aradaky wakalary özände jemleýär.Bu eserde Sefewileriň ilkinji patyşalary,olaryň Akgoýunly türkmenler bilen baglanyşykly maglumatlary özünde jemleýär.

## Reşideddin Watwat.

Reşideddin Watwat 1080/81-1177/78 ýyllar aralygynda ýaşap geçýär.Balh şäherinde doglup,Horezmde dünýeden ötüpdir.Şahyryň „Hudaýikus-sihr fi Dakaýikuş-şirr“ atly eserini düýpli öwrenen N.Ý.Çalisowa oňa XI asyryň ahyrynda dünýä inipdir diýip belleýär.Reşideddin Watwatyň ylymly adamlaryň biri bolup ýetişmegine Seljuk türkmen döwletiniň weziri NyzamalmülkünBalhda gurduran „Nyzamyýe“ atly medresesiniň ähmiýeti uludyr.Bu medresede öz döwriniň meşhur ylymlary,hususanda arap dili kämil derejede öwredilipdir.Aýratynam Watwaty arp dilinden okadan alym Abu Sagyt Haraby onuň gowy bilim almagyna köp yhlas edpdir.Reşideddin Watwat Atsyzyň köşgünde 30 ýyllap işläpdir.Reşideddin hökümdaryň diwanynyň başlygy derejesine çenli wezipä ýetipdir.Köşkde işlän döwründe Watwat iki gezek köşkden çetleşdirilmek ýagdaýyna duçar bolupdyr.Onuň doly ady Sagdylmülk Reşideddin Muhammet ibn Muhammet Abdyjelil Omary Balhydyr.

## Muhammet al-Horezmi.

787 ýylda Horezmde eneden dogulýar.Ol beýik astrnom,matematik alym bolupdyr.Ol Merwde alymlar topary bilen iş alyp barypdyr.Al-Horezmi Bagdad akademiýasyna ýolbaşçylyk edipdir.Ol ýerde matematika,astranomiýa,taryh,geografiýa boýunça ylmy barlaglar geçiripdir.Al-Horezmi astranomiýa,matematika,algebra,geografiýa degişli 20den gowrak düýpli ylmy işini ýazypdyr.Olaryň 10-dan gowragy biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr.Ol matematika ugrundan örän köp iş alyp barypdyr.Alym matematikanyň „Aljebr“ugruny döredipdir.Şol sözden gelip çykan „algebra“sözi häzir hem ulanylýar.Alym 850 ýylda aradan çykypdyr.

## Abu Nasyr al-Faraby.

870-950 ýyllarda ýaşap geçen alym.Ol Mawerennahryň farap (Otrar) diýen ýerinde eneden dogulýar.Al-Faraby Merwde,Buharada,Samarkantda okapdyr.Ylmyň merkezi hasaplanan Bagdadda,Damaskda ýaşapdyr we ylmy iş bilen meşgullanypdyr.Ol matematikadan,lukmançylykdan,saz we filosofiýadan 160 sany ylmy iş ýazypdyr.Ol saz hakda hem kitaplar ýazypdyr.Ol nirede bolsa-da halkyň ajaýyp däp-dessurlaryny ýatdan çykarmandyr.

## Abu Reýhan al-Biruny.

972-1048 ýyllarda ýaşap geçen alym.Ol Kät (häzir Biruny) Ol Kät (Häzir Biruny) şäheriniň golaýynda dünýä inipdir.Ol 150 golaý iş ýazypdyr.Ol geografiýa,astranomiýa degişli,şeýle hem Hindistanyň taryhy baradaky işleri ýazypdyr.Al-Biruny globusy ilkinji oýlap tapan alymdyr.Ol arap,pars,grek,sanskrit dilerini bilipdir.Alym Ýeriň Günüň töwereginde aýlanýandygyny anyk subut edipdir.Onuň ýazan işleriniň juda az bölegi biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir.

**Abu Aly ibn Sina (Awisenna).** 980-1037 ýyllar aralygynda ýaşap geçen lukman we tebip.Ol Buharanyň golaýynda dünýä inipdir.Onuň hakyky ady Hüseýin ibn Abdulladyr.Ol ýaşlykdan örän ukyply bolupdyr.10 ýaşynda Gurhany ýatdan bilipdir.Ibn Sina 17 ýaşyndaka eýýäm Buharada belli lukman bolupdyr.Ibn Sina dünýä belli lukman we filosofdyr.Oňa Ýewropada Awisenna,türkmenler bolsa Lukman Hekim diýýärler.Ol lukmançylyga degişli ençeme iş ýazypdyr.Olar häzire çenli hem öwrenilip,lukmançylykda ulanylýar.Onuň ýazan „Tebipçilik ylmynyň kanuny“ atly kitaby dünýä bellidir.Biziň ata watanymyz Türkmenistanda hem bu kitap türkmen dilinde çapdan çykdy.

## Emir Muizzi.

Abu Abdulla Muhammet ibn Abdylmelik Muizzi 1047-1127 ýyllar arallygynda ýaşap geçýär.Ol häzirki Aşgabat şäheriniň eteginde ýerleşýän gadymy Parfiýa döwletiniň merkezi bolan Nusaýda eneden bolýar.Muizziniň kakasy Abdylmelik Burhany Seljuk hökümdarlarynyň köşgünde uly şöhrata we „melekuş-şukra“ (Şahyrlar şasy) ada eýe bolupdyr.Abdylmelik Burhany 46 ýaşynda Gazwinde aradan çykýar.

Emir Muizzi ilki Mälik şanyň goşunynda gulluk edip başlaýar.Şol wagtlardan hem ol şygyrlar döredýär.Ol Gazwinde we soňra Merwe gelenden soň soň hem ýerli häkimleri,köşk emeldarlaryny,Mälik şany,Soltan Sanjary ... taryplap,olaryň şanyna köp şygyrlar döredýär.Emir Muizzi esasan kasydaçy şahyr hasaplanýar.Emma onuň gazallryda,rubagylaryda az däl.O öz mertebesini we abraýyny saklamk üçin köşk adamlaryny öwüpdir.Ol 80 ýaşap aradan çykypdyr.

## Berhurdar Türkmen.

XVII asyr türkmen edebiýatynda görnükli yz galdyran şahyryň biri Berhurdar Türkmendir.Ol XVII asyryň birinji ýarymynda eneden doglup,XVIII asyryň başlarynda hem aradan çykypdyr.Ol Owganystanda,Merwde,Yspyhanda we Goçantda ýaşap geçipdir.Ol türkmen bolany üçin oňa türkmen lakamy dakylypdyr.

Berhurdar Türkmen bir topar edebi eserleriň awtorydyr.Onuň „Mahbubul kulub“ (Göwünleriň söýgisi),“Mahfal ara“ (Mejlisiň bezegi) diýen eserleri has ähmiýetlidir.Berhurdar özüniň „Mahfal ara“diýen kitabyny tamamlan badyna uruş bolýar.Şol uruş wagtynda hem bu kitap ýitýär.Oňa näme bolany nämälim bolup galýar.Şundan soň berhuradar Türkmen „Mahbubul kulub“ eseriniň üstünde işleýär.Bu eser biziň günlerimize gelip ýetidir.Bulardan başgada şahyryň „Ragna we Ziba“dessany bar.Bu dessan häzirki zaman türkmen okyjylaryna mälim bolmasada onuň nusgalary biziň günlerimize gelip ýetipdir.Berhurdar Türkmen öz eserlerini pars dilinde ýazypdyr.Häzire çenli Berhurdar Türkmeniň döredijiligi doly öwrenilenok.

## Gutlug Temiriň minarasy.

Gutlug Temiriň (1312-1341) minarasy Köneürgençdäki Tekeşiň minarasyndan 200 m daşlykda bolup,onuň şu wagtky beýikligi 60 m.Ozalky beýikligi 62 m düýbüniň diametri 12 m depesiniň diametri 2 m.G.b tarapyndan belentligi 6,5-7 m bolan gapysy bolupdyr.Içinde aýlaw görnüşinde 144 basgançak ýerleşipdir.Bu minara Gutlug Temiriň döwrinde gurlup tamamlanypdyr.Onuň düýbi horezmde Mamunylar nesilşalygy döwründe ( 995-1017) tutulypdyr.1930 ýylda ýakubowskiý onuň ýüzündäki ýazgylary pars dilinden terjime edýär.Onda şeýle diýilýär:Iki dünýäniň şalaryndan iň bagtly höhümdar.Alla oňa rehimdarlyk edip hakykatyň gapylaryny açdy.ol araplaryň we arpdälleriň hossary,älem jahanyň we yslamyň dirigi Gutlug Temir.Alla onuň hökümdarlyggyny uzak etsin.Şeýle-de ýerden 7 m. belentlikde Kurany Kerimden ýagny,252-nji aýat Aýatul Kürsüden bölekler getirilýär.Plýawskiniň barlagy bu minaranyň 1320-1330 ýyllar aralygynda gurlandygyny anyklady.Soňky barlaglar bu minaranyň 1m40s d.m-g.b-a gyşarandygy anyklady.

## Törebeg hanymyň hanakasy.

Altyn Ordanyň Horezmdäki hökümdary Gutlug Temiriň aýaly Törebeg hanymyň hanakasy we metjidi Gutlug Temiriň minarasyndan 450 m d.g-g.b uzaklykda ýerleşýär.Bu aramgäh beýik portaldan,esasy girelgeden,äpet gümmezdenwe iç ýüzünde 100 inedördül meýdany tutýan 6 gran giň meýdançadan ybarat.Şol esasy giň meýdançanyň daşky sudury 12 gran şekili emele getirýändir.Onuň gümmeziniň diametri 12 m,jemi 12 sany penjire

ýerleşdirilipdir.Törabeg hanymyň bu aramgähinde ýazylan arap hatlaryny taryhçy alym Nazar Halymow okap olýazgylarda Allanyň 99 adyndan 20siniň saklanyp galandygy şeýlede ikinji gata gümmeze çykylýan ýerde bolsa „Häkimlik Alla degişli“ diýen ýazgy bar.1970 ýyllarda plýawskiniň geçiren barlaglary bu aramgähiň gutlug Temiriň minarasy bilen döwürdeşdigi anyklady.Rowaýatlara görä bu aramgähi Törebeg hanyma aşyk bolan Gülgerden bina edenmişin.

## Il Arslanyň aramgähi.

Bu kümmeti ýa-da aramgähi tekeşiň aramgähiniň g.o ýanynda ýerleşipdir.Onuň aramgähiniň guluşugy XII asyryň ikinji ýarymyna degişli bolup,ol inedördül görnüşli her tarapy 6,6 m.Depesindäki gümmezi 12 grañ.Esasy girelgesiniň tarapynda üç sany çuň tagtasy bolup,olaryň ýokarsynda oýup salnan ösümlik agaçlar bilen bezelipdir.Hünärmenleriň bellemegine görä kümmetiň 12 gyraňly gümmeziniň merkezi Aziýa binagärçiliginde deňi-taýy ýokdyr.Onuň daşy gögümtil syrçaly romb şekilli nagyşlar bilen bezelipdir.Binanyň gapyly g.d diwarynda bişen kerpijiň örüminden edilen ajaýyp nagyşly bezeg bar.Kerpiçleriň örümi içi arkaly oýukly üç sany gönüburçly tagçalarda iňňän çylşyrymly ösümlik nagşyny we arapça ýazgyny emele getirýär.

## Tekeşiň aramgähi.

Soltan Tekeşiň kümmeti Kyrkmolla depesiniň g.o-g.b-ynda ýerleşýär.Ol Il Arslanyň kümmetinden soňra gadymy Güegenjiň mongollar gelmezinden öňki binagärçiliginden abat saklanyp galan ikinji bir ajaýyp ýadygärlik hasaplanýar.Gözelligi babatda oňa Merkezi Aziýada ýeke-täk gaýtalanmaýan ymarat diýmek bolar.Ylmy edebiýatlarda oňa Tekeşiň kümmeti,halk arasynda bolsa Gökgümmez hem-de din wekili Şyh Şeripbabanyň (Şeref hoja) aramgähi diýilýär.Kümmetiň daşky ölçegi 18,5x18,5 m bolup,diwarynyň galyňlygy3,7 metre,gümmeziň diametri 11 metre,binanyň beýikligi binýadyndan başlap gümmeziň başlanýan ýerine çenli 12,5 metre,gümmeziň depesine çenli bolsa 18,5 metre ýetýär.Kümmet 29x29x6 (6,5) sm ölçegli kerpiçden örülipdir.

## Änewdäki Seýitjemaleddin metjidi.

XV asyrda Änew şäheri Bagabat diýlip atlandyrylypdyr.Aşgabatdan 13km g.d-da ýerleşen Bagabat şäheriniň harabalyklary häli-häzire çenli saklanyp galypdyr.Bagabat şäherinde metjit-medreseler,dürli häsiýetli kwartallar,suwaryş desgalary bolupdyr.Hut şu ýerde Horasan hökümdary Abulkasym Babyryň döwründe1456 ýylda Şyh Jemaleddiniň ogly Muhammet Hudaýýatynyň gurduran binasy ýerleşipdir.Bu metjidi öwrenilende şeýle ýazgylar ýüze çykarylypdyr.

„Bu gözellik öýüni wezir Muhammet Hudaýat öz kakasy Şyh Jemaleddine bagyşlap bina etdirdi.Bu gurlan metjidiň beýleki metjitlerden esasy aýratynlygy onuň esasy girelgesiniň

ýokarky gatynda iki sany ýylan hili (aždarhanyň şekili) ýerleşdirilipdir.1947 ýylda Galina Pugaçenkanyň ýolbaşçylygynda g.o Türkmenistan arheologik ulgamlaýyn gazuw-agtaryş topary bu metjidiň ölçeglerini,ýüzündäki bezegleri öwrenip,1958 ýylda ýörite „Änew metjidi“atly kitap çapdan çykarylýar.Onuň jemi 17 sany otagy bolupdyr.Bu metjit 1948 ýylyň 6-njy oktýabrynda bolan ýer titremede weýran bolupdyr.

## Türkmen halylary.

Türkmen halkynyň halyçylyk sungaty öz gözbaşyny b.e.öň V-III müňýyllyklardan alyp daýdýar.Häzirki türkmen halylaryndaky göl şekilleri şol gadymy döwre degişli keramiki önümleriň ýüzlerinde şekillendirilipdir.muny 1950 ýylda arheolog W.M.Masson Göksüýriden tapan tapyndylaryndan hem görmek bolýar.1960 ýylda Sumbar jülgesindäki Parhaý gonamçylygynda gazuw-agtaryş işlerini geçiren arheolog Hlopiniň aýal mazarlaryndan tapan keserlerdir ikbaşlary bu töwerekde giçki eneolit döwründe dokmaçylygyň ösendigini subut edýär.Türkmenleriň gadymy ata-babalary bolan we häzirki Russiýanyň Altaý sebitlerinde ýaşan gadymy oguz türkmenlerinde hem halyçylyk sungaty ösen bolupdyr.1949 ýylda Altaýyň Pazyryk diýen ýerinden rus arheologi Rudenko b.e.öň V asyra degişli gadymy oguz halysynyň galyndylaryny tapýar.Oň tarplary 2m bolup,onda at üstünde oturan oguzlaryň,şeýle-de ençeme geometrik şekiller ýerleşdirilipdir.Häzir bu pazryk halysy Sank Peterburgdaky Ermitaž muzeýinde saklanýar.

Türkmen haly sungaty orta asyrlarda hem öz meşhurlygyny ýitirmändir.1271 ýylda Marka Pola Italaýan syýahatçysy Kiçi Aziýa Anadoly Seljuklaryň ýurduna gelýär.Şonda pl „Bu ýerde türkiler ajaýyp halylary dokaýarlar“ diýip belläp geçipdir.

XVII asyrdan başlap türkmen halylary öňküsi ýaly meşhur bolsa-da olary dünýä bazarlarynda „Buhara halysy“ diýip tanapdyrlar.Türkmen halylary üçin gerek bolan nar agajyndan,grek hozundan,dürli ösümliklerden alnypdyr.Türkmen halylary öz gölleri boýunça üç sany topara bölünýär.

1.Teke gölli „Pendi“ halysy.

2.“Ýomut“we „Çowdur“ halysy.

3.Beşir ýa-da ärsary halysy.

Halylaryň ýüzünde guşly göl,aýna göl,erik göl,çemçe göl ýaly dürli nagyşlary salypdyrlar.Garaşsyzlyk eýýamynda türkmenleriň haly sungaty janlanyp,1994 ýylda Aşgabatda türkmen halysynyň milli muzeýi açyldy.Türkmen zenanlary äpet halylary dokap,dünýäde uly şöhrata eýe boldular.Häzirki wagta çenli 5 sany äpet halysy bellidir.

1.Beýik watançylyk urşy ýyllarynda dokalan 1992 ýylda“Türkmen kalby“diýlip at berlen äpet haly.Meýdany 193 inedördül metr.

2.1996 ýylda dokalan „Türkmenbaşy“ atly äpet haly.Meýdany 266 inedördül metr.

3.1998 ýylda dokalan „Prezident“ atly äpet haly.Meýdany 294 inedördül metr.

4.2001 ýylda dokalan „XXI asyr Türkmeniň altyn asyry“ atly ginnesiň rekordlar kitabyna giren äpet haly.Meýdany 300 inedördül metr.

5.2004 ýylda dokalan Türkmenbaşynyň Gypjakdaky Ruhy metjidinde ýerleşdirilen“Beýik Türkmenbaşynyň altyn ýyldyzy“atly sekiz burçly äpet haly.

## Taryhy eserler we kitaplar orta asyrdaky.

1. ***„Tawarihi guzida Nusratname“ (Ýeňiş kitabyndan saýlanylan taryh)*** - ýazary näbelli bolan XV-XVI asyrlaryň wakalaryny beýan edýän eserleriň biridir. Bu eser 1502nji ýylyň noýabrynda ýazylyp başlanyp, käbir maglumatlarda 1505nji, käbirlerinde bolsa 1510/1511-njy ýyllar aralygynda ýazylyp gutarylypdyr. Taryhçy Mukminowa R.G. bu eseri Muhammet Şeýbany hanyň özi ýazan bolmagy mümkin diýip çaklaýar. Bu eseri rus diline terjime edip 1967-nji ýylda Daşkentde çapdan çykaran edebiýatçy alym Akramow A.M. bu eseri Şeýbany hana ýakyn adamlaryň biri bolan Muhammet
Salyh ýazan bolmagy mümkin diýip hem çaklaýar. Eser gadymy özbek dilinde ýazylyp, ol Şeýbana hana bagyşlanyp, onda Şeýbany hanyň Soltan Hüseýiniň ogullary bilen eden söweşi, şeýle-de Ysmaýyl şa bilen bolan Talhatanbaba söweşi beýan edilýär.

***Alam araýy Sefewi (Älemiň bezegi Sefewiler)*** - XV-XVI asyryň birinji ýarymyndaky türkmenleriň taryhyna dehişli bolan ýazary näbelli „Alam araýy Sefewi“ eseri gymmatly taryhy çeşmeleriň biridir.Bu eser Sefewiler nesişalygyna bagyşlanan hem bolsa onda Teýmiriler,Şeýbanylar,olaryň düzümünde ýaşan türkmenler hakynda gymmatly maglumatlar getirilýär. Bu eseriň hakyky asyl nusgasynyň bary ýogy iki sany golýazmasy saklnyp galypdyr.Şol golýazmalar esasynda eýranly taryhçy Ýadollah Şokri 1971 ýylda bu taryhy eseri ýörite düşündirişleri bilen Tähranda kitap görnüşünde çapdan çykardýar.Türkmen taryhçy alymlarynda Ministrler Kabinetiň ýayndaky taryh institutynyň uly ylmy işgäri Orazpolat Ekäýew öwrenip, şol eser esasynda 1990 ýylda „Türkmenleriň ýerleri XV asyry[1]ň ahyry XVI asyrda“ ady bilen ýörite monografiýasyny çapdan çykarýar.

2. ***„Şeýboninama“*** - Muhammet Şeýbany hanyň ýakyn harby serkerdeleriniň we köşk şahyrlarynyň biri bolan Muhammet Salyh tarapyndan ýazylan bu eser özbek hany Muhammet Şeýbanyň ýörişlerine bagyşlanypdyr. Eser gadymy özbek dilinde ýazylyp onda Şeýbany hanyň Horezmi basyp almagy Ürgençdäki türkmenleriň görkezen garşylyklary beýan edilýär. Şeýbany han bu eseri ýazan Muhammetsalyhy ilki Buhara şäheriniň soňra bolsa Çärjewiň häkimi edip belläpdir. Şol sebäpli ýazar Şeýbany hany birkemsiz hökümdar hökmünde eserinde görkezip ony köp kemli taraplaryny beýan etmeýär. Muhammetsalyhyň Şeýboninamasy 1961-nji ýylda rus diline terjime edilip neşir edilýär.

3. ***„Şeýbanynama“*** - Muhammet Şeýbany hanyň köşk şahyrlarynyň biri bolan Kemaleddin Aly Benaýy tarapyndan ýazylandyr. Benaýy Şeýbanynyň köşgünde "Mälik aş - şuar" derejesini ýagny şahyrlaryň şasy adyny göterip şol bir wagtdada Hyradyň häkimi bolupdyr. Ol öz eserini 1504-1510 ýyllar aralygynda pars dilinde ýazyp onuň hakyky

golýazmasy Daşkendiň golýazmalar institutynda saklanylýar. Eserde Şeýbany hanyň Horezmi basyp alyp Horasana eden ýörişleri beýan edilýär.

*4."Myhmannameýi Buhara" (Buhara myhmanynyň ýazgylary)* – Yspyhanda doglan Fazlallah Ruzbihan

Yspyhanynyň (1457-1530 ý.ý.) ýazan taryhy ýatlama eseridir. Ýazara başgaça Hoja Möwlana Yspyhany hem diýipdirler. Ol XV asyryň ahyrlarynda Akgoýunly türkmen hökümdarlaryna XVI asyryň başlarynda bolsa Muhammet Şeýbany hana gulluk edipdir. Ol öz eserinde Şeýbany hany öwüp arşa çykarýar. Eseriň gymmatly tarapy onda Şeýbany hanyň Merw, Kelat, Sarahs ýerlerine üörişi we eýeleýşi beýan edilýar. Bu eser 1509-njy ýylyň ýanwar, fewral aýlarynda ýazylyp başlanypdyr. 1976-njy ýylda eseri özbek edebiýatçy alym Jeliliow R. P. rus diline terjime edip neşir etdirýär. Ol Eýranda dogulsada, XVI asyryň başlarynda Samarkanda we Buhara syýahat edip, Muhammet Şeýbany han bilen tanyşýar we oňa bagyşlap özüniň işini ýazýar. Bu işinde ol Şeýbany hanyň ähli ýörüşlerini jikme-jik beýan edip, şeýle-de Mawerenahryň, Horasanyň syýasyykdysady ýagdaýyny, soňky teýmirileriň hereketlerini giňişleýin gürrüň berýär.

5. ***„Badaýy al – wakaýy“ (Geň wakalar)*** - eser XV asyryň ahyrynyň XVI asyryň birinji ýarymynyň wakalaryny beýan edip, onuň ýazary Zeýneddin Mahmyt Wasifidir (1485-1551/1566). Ol Hyratda doglup, şol ýerde medresede bilim alýar.

   Soňra ol Samarjantda, Buharada, Daşkentde ýaşap Buhara hany Söýünç hojaň kýşgünde gulluk edip, hanyň ogly Geldimuhammet hana we onuň 6 ýaşly agtygy Hasan Soltana bagyşlap „Badai al-wakaýy“eserini ýazýar. Eserini 1538/1539njy ýyllarda ýazyp gutaryp, onda Soltan Hüseýiniň ogullarynyň Şeýbany han bilen eden söweşleri we ýeňilip Astrabada gaçyşlary, şeýbany hanlarynyň şejeresi häkimiýete gelişleri jikme-jikme beýan edýär. Bu eseri rus alymy Boldyrew A.N. rus diline terjime edip, 1961-nji ýylda aýry-aýry bölümlerini rus dilinde neşir etdirýär.

6. ***„Abdyllanama“*** - Hafiz Toniş Ibn Mir Muhammet al Buhari (XVI as.) tarapyndan ýazylan bu eser Buhara hany Abdylla han II (1557-1598) bagyşlanyp onda bu hanyň döwlet dolandyryşy we ýörişleri beýan edilýär. Eserde Talhatanbaba söweşi Horezmli türkmenler we Buhara-Eýran söweşleri beýan edilýär. Bu eser 1966 ý. Daşkentde rus diline terjime edilip neşir edilýär.

7. ***„Tarihi Mukim hani“ (Mukim hanynyň taryhy)*** - XVIII asyrda ýaşan
   Muhammet Ýusup Munşi ibn Hoja Baky bu eseriň ýazarydyr. Ol Balh hökümdary Muhammet Mukim hanyň (1702-1708) köşk diwanynda kätip bolup işleýär we hökümdara bagyşlap özüniň eserini ýazýar. Eserde Balh ýäherinde Buhara hanlarynyň goýan dikmeleri, Mukim hanyň alyp baran syýasaty, Aştarhanylar nesilşalygynyň hanlary, Horezmiň we Horasanyň XVI we XVII asyrlardaky syýasy wakalary beýan edilýär. Bu eseri 1955-nji ýylda alym Semýonow A.A. tajik dilinden rus diline terjime edip, Daşkentde neşir etdirýär.

8\. ***8. Şarafnama*** – Gündogar Anadolydaky Bitlis şäherinde doglan we bu şäheriň kürtlerden bolan häkiminiň ogly Şerefhan Bitlisi (ýa-da Molla Hekim Idris Bitlisi) (25.02.1543-1603/1604) tarapyndan ýazylan eserdir. Onuň ejesi sefewileriň görnükli serkerdesi Emirhan Türkmeniň gyzy eken. Ol ýaşlygynda Tahmasp I köşgünde terbiýelenip, 1568 ý. Gilýanda turan gozgalaňy basyp ýatyrmaga hem gatnaşýar. Soň 1570-nji ýyllaryň ahyrynda ol Kürdüstanyň häkimligine bellenýär. Ol bu eseri 1595-1596-njy ýyllarda (käbir maglumatlarda 1591-1592 ý.ý.) ýazyp, şol wagt 52-53 ýaşynda eken. Eserini pars dilinde ýazyp, onda Şeýbany-Sefewi gatnaşyklary we XVI asyrda ýaşan türkmen taýpalary hakynda gyzykly maglumatlar berilýär. Alym Wasilýew Ý.I. bu eseri pars dilinden rus diline terjime edip, 1967 ýylda bir tomlukda, 1976 ýylda 2 tomlukda neşir etdirýär. Şerefhan Bitlisiniň ýenede bir eseri „Geşt (Heşt) behişt“ (sekiz jennet) hem bolup, ony osmanly soltanlaryna bagyşlap, sekiz sany osmanly soltanynyň taryhy döwri beýan edilýär.

9\. ***„Hulasat at-tawaryh“*** - Kazy Ahmet Kumy (1546-XVII as. başl) tarapyndan ýazylan taryhy eserdir. Ol Eýranyň Kum şäherinde dogulýar. Kämillik ýaşynda ol sefewi şasy Ysmaýyl II köşgünde gulluk edip başlaýar. Şanyň tabşyrygy boýunça ol özüniň eserini ýazmaga girişýär we bu eserini 1591-nji ýylda ýazyp gutaryp ony hökümdar Abbas I gowşurýar. Eser 5 tomdan ybarat bolup, onda sefewi türkmenleriň hýkümdarlary, özbek hanlyklary bilen gatnaşyklary beýan edilýär.

10\. ***„Taryhy jahan ara“ (Jahany(älemi) gurujynyň taryhy)-*** Kazy Ahmet Gaffari Kazwini (? -1567) tarapyndan ýazylan eser. Ol Kazwin şäherinde doglup, sefewileriň taryhyna degişli özüniň eserini ýazyp, onda Ysmaýyl şa Sefewiniň we Tahmasp I dolandyran döwri, XVI as. beýleki syýasy wakalaryny, sefewileriň osman imperiýasy we Buhara bilen gatnaşyklary beýan edilýär.

11\. ***„Ahsan at – tawarih” ( Taryhlaryň naybaşysy)*** Turkmen halkynyň taryhy barada 10 tomlyk eser yazan meşhur taryhcylaryň biri-de sefewi turkmenleriniň rumly taypasyndan bolan Hasan beg Rumlydyr. Ol sefewi turkmenleriniň taryhy barada, ayratyn hem şa Tahmaspyň dolandyran yyllarynyň taryhyny jikme-jik beyan edyan «Ahsan at – tawarih» («Taryhlaryň naybaşysy») eserini doredipdir. Hasan beg 1530-nji yylda Kumda doglupdyr.

Onuň hacan we nirede aradan cykanlygy belli dal. Hasan beg Kazwiniň mirasduşer emiri Soltan beg Rumlynyň agtygy bolupdyr. Yaşlykda hatdatlyk we hasapcylyk ugrundan bilim alypdyr. Abrayly maşgaladan bolandygy ucin kiciliginden şanyň yakyn adamlarynyň arasynda bolupdyr. 1541-nji yylda şa Tahmaspyň Dizfula, 1546-njy yylda Gurjustana we 1550-nji yylda

Ardalan kurtlerine garşy yorişlerine gatnaşypdyr. Hasan begiň yazmagyna gora ol yaşlykdan «kurci» (Şanyň şahsy goragcylary) bolmaklygy arzuw edyar eken. Yone dowlet işi onuň bu arzuwunyň hasyl bolamagyna pasgel beripdir. Hasan beg Rumlynyň

«Taryhlaryň naybaşysy» eseriniň diňe 9-10-njy tomlry saklanyp galypdyr. Eserde oz dowruniň meşhur turkmen begzadalarynyň, din we doredijilik işgarleriniň, alymlaryň terjimehallary barada gymmatly maglumatlar getirilyar.

12. ***Rauzat as – Safa (Arassalyk bagy)*** - Mirhond (Muhammet ibn Hawendşah) 1433-1498 ýyllar aralygynda ýaşap geçýär.Ol Rauzat as Safa (Arassalyk bagy) eserini Hyratda işlän döwründe ýazýar. Eser ähliumumy taryha degişli bolup,7 tomdan ybaratdyr.

I tom-Dünýäniň döreýşinden Sasanylaryň soňky hökümdary Ýezdigerd III (632-651) wakalar beýan edilýär.

II tom-Muhammet Pygamber we dört çaryýarlar döwri beýan edilýär.

III tom-Omeýýatlar we Abbasylaryň döwri.

IV tom-Tahyrylar,Saffarylar,Samanylar,Gaznalylar döwri beýan edilýär.

V tom-Mongollar we olaryň guran döwleti beýan edilýär.

VI tom-Teýmirileriň guran döwletiniň döwri beýan edilýär.

VII tom-Soltan Hüseýin Baýkaranyň (1469-1506) döwri beýan edilýär.

Bu eseri onuň agtygy Hondemir ýazyp tamamlaýar. Bu eseri XIX asyrda Eýranly taryhçy Ryzaguly han Hidaýat öwrenýär, XX asyrda Krymskiý öwrenip rus diline terjime edýärler.

***13. Habibusýar (Ömür beýanlaryň dosty)-*** bu eser Hondemir tarapyndan (14751534) 1521-1524-nji ýyllar aralygynda ýazylýar. Bu eseri ol Hyradyň häkimi

Habibulla hoja bagyşlapdyr. Eser 3 bapdan, 12 bölümden ybarat. Bu eserde Teýmiriler,Sefewiler,Şeýbanylar bieln türkmenleriň arasyndaky gatnaşyklar beýan edilýär. Hondemir 1527-1528-nji ýyllarda Babyryň çagyrmagy boýunça Hindistana gidip, oňa „Babyrnama“eserini ýazmaga kömek edýär.1533-1534 ýyllarda Gülbeden hanyma „Humaýunnama“eserini ýazmaga kömek edýär. ***14. Zafarnama*** - Mawerennahrda öz döwletini döreden temirleňiň tryhçysy,Şamda doglup,Bagdadda ýaşan Nyzameddin Şamy oňa bagyşlap, “Zafarnameýi Temir“ (Teýmirleňiň ýeňiş kitaby) eserini 1401-1402 ýyllarda ýazyp başlap,1404 ýylda ýazyp gutarýar. Bu eserde mongollar,Teýmirleň we onuň döwri beýen edilýär. Şu eser esasynda başga bir taryhçy Eýranyň ýezd diýen ýerinde doglup,Hyratda ýaşan Şerefeddin aly Ýezdi „Zafarnama“ kitabyny ýazýar. Şerefeddin aly Ýezdi bu eserini 1424-1425-nji ýyllar aralygynda ýazýar.

Eserde wakalar iki bölege bölünen görnüşde berilip beýan edilýär:

I) Mongollaryň şejeresi,Teýmirleňiň gelip çykyşy, 1370 ýylda Mawerennahyra höhümdar bolýança wakalar beýan edilýär.

II) 1370 ýyldan başlap Teýmiriň ýörüşleri, şol döwrüň syýasy wakalary, şeýle-de Halylyň, Şahruguň döwri beýan edilýär. Bu eser XVIII asyrda Kalkuttada,Delide iňlis diline terjime edilip neşir edilýär. 1938-1939 ýyllarda çykan „Türkmenistanyň

taryhyndan käbir materiallar“kitabynyň 2-nji tomunda Zafarnamanyň türkmenlere degişli ýerleri rus dilinde terjime edilipdir.

***15. Babyrnama -*** Babyr Fergananyň 1494 ýylda aradan çykan häkimi Omar Şyh Mürzäniň ogludyr. Ol 1504-1512 ýyllar aralygynda Mawerennahrda häkimýet ugrunda Şeýbanylar bilen söweşýär. Zahyreddin Muhammet Babyr (1483-1530) „Babyrnama“ atly kitaby bar. Onda şahyryň biografiýasy beýan edilýär. Kitap üç bölümden ybarat.

1.1493-1512 ýyllar Fergana wakalary.

2.1513-1526 ýyllar Kabul wakalary.

3.1526-1529 ýyllar Hindistan wakalary.

Babyr öz terjimehalyny ilkinji bolup ýazan hökümdardyr. Onuň bu eseri hakynda Özbegistanly alym Azimjanow Babyryň

Kabulda we Hindistanda guran döwleti hakynda maglumat berýär.

## Salyr baba –

XVI asyrda Nusaýda ýaşap, önüp ösen Salyr baba Gulaly ogly Hyrydary 1555-1556 ýyllarda

Reşideddin Fazlallahyň (1298-1317) „Jamy at Tawaryh“ (Ýyl ýazgylarynyň ýygyndysy) atly eserindäki Oguznama bölümüni pars dilinden terjime edip oňada özüniň goşmaça düşündürişli maglumatlaryny goşup “Oguz we Öwlat Etbap we bakyýe taryhy“ ady bilen özüniň „Oguznama“ eserini ýazýar. Onuň bu eseri 1990 ýylda Nazar Halymow tarapyndan gadymy oguz dilinden häzirki türkmen diline terjime edili,çapdan çykarylýar.

### *Şa Tahmasp*

Sefewiler dowruniň taryhcylary hakynda gurruň edilende oňi bilen şa Ysmayylyň Hanybeg hanymdan bolan ogly Tahmasp şanyň (1524-1576) adyny bellemeli. Oz kakasynyň icgin aladalary we dowruniň meşhur sungat we ylym adamlarynyň hyzmaty bilen XVI asyryň zehinli adamlarynyň hataryna goşulupdyr. Ol ylym – bilime we sungata sarpa goyyan, hatdatlykdan we nakgaşlykdan baş cykaryan meşhur hokumdar bolup yetişipdir. Sefewi turkmenleriniň dowletini 52 yyllap dolandyran şa Tahmasp ylymda taryhcy hokmunde hem tanalyar. Ol taryhy ceşmeşynaslyk ylmynda «Tezkirey-i şah Takmasp» («Şa Tahmaspyň yatlamalary») atly işi bilen giňden tanalyar. Gunbataryň belli gundogarşynaslary F.Teyfelin, P.Hornyň, D.Filliotyň, H.Bewerijiň, Э.Brounyň, W.Hinsin we beylekilleriň tassyklamaklaryna gora bu eser hakykatdan hem şa Tahmasp tarapyndan yazylypdyr. Bu eseriň durli yurtlarda saklanyan beyleki nusgalary biziň eyyam belap gecişimiz yaly «Şa Tahmaspyň yatlamalary» diyilip atlandyrylyar. Eseriň atlarynda tapawudyň barlygyna[2] garamazdan, onda şa Tahmasp oz dolandyran yyllary barada gurruň beryar. Eser «hekayat» diylip atlandyrylan bolumden ybarat bolup, olar «Ulama be[3]g Tekeli barada», «Gazy han Tekeli barada», «Algas murze [Tahmaspyň inisi] barada», «Isgender paşa [Osmanly turkmen serkerdesi] barada» we soltan «Bayazet [Osmanly turkmen soltany 1481-1512] barada» diyilip atlandyrylyar.

«Tezkiraniň» yadygarlik yazgylar we yatlamalar mazmuny bardyr. Şol sebapden hem eserde beyan edilyan wakalaryň senelerinde yzygiderlik hali-şindi bozulyar. Eserde gurruň edilyan wakalaryň ahlisi şa Tahmaspyň dilinden berilyar. Şa Tahmaspyň turkmen taypalary, sefewi-osmanly gatnaşyklary, Şirwanyň Sefewi dowletine birikdirilişi baradaky berilyan maglumatlary gyzyklydyr. Şeyle hem eserde Sefewi turkmen dowletiniň gurluşy we dolandyrylyşy, welayatlara hakimleriň belenilişi, mulkler we mulkdarlar baradaky gurruňleri tasirlidir.

### *Pudak (Budak) Kazwinli*

Biziň gurrugini edyan dowrumiziň belli taryhcylarynyň biri-de «munşi» («katip», «sekretar») lakamly Pudak Kazwinlidir

(1510-1580 yy). Ol Sefewi turkmen dowletiniň taryhy barada «Jawahir al-ahbar» («Gowher [yaly gymmat] habarlar») eserini yazypdyr.

Pudak munşi 1510-nji yylda Kazwinde dogulyar. Ol ondort yaşynda «depderhana» diylip atlandyrylan patyşa diwanyna işe durupdyr. Bir yyldan soň Pudak uc tumen aylyk bilen hazynanyň murzesi wezipesine bellenilyar. Dort yyl gecenden soň Pudagyň hat yazyşy hazynadaryň gownune yarapdyr we baş tumen aylyk bellap, ony oz yanyna işe alypdyr. Diwan işiniň altynjy yylynda sefewileriň «Dowlethana» koşgunde yurt boyunca girdejileri we cykdajylary hasaba alyan edara acylyp, sekiz tumen aylyk bellap, Pudagy bu yere işe geciryarler. 1530-nji yylda şa Tahmasp sefewiler koşguniň meşhur begzadasy Muhammet han Tekelini osmanly turkmenleriň elinden tazelikde alnan Bagdada emir edip belleyar. Muhammet hanyň

«wekili» Emir beg Pudagyň kakasynyň inisi bolupdyr. Emir beg oz inisi Pudagy yany bilen Bagdada alyp gidyar we ony Muhammet han Tekeliniň diwanyna murze edip işe yerleşdiryar. Uc yyldan soň Muhammet han ussat hatdat Pudak munşa «leşgernewis» (goşun hat gatnadyjysy) wezipesini hem beryar we onuň aylygy 20 tumenden 30 tumene cenli artdyrylyar.

Pudak munşiniň «Gowher habarlar» kitaby ahlumumy taryh bolup, ondaky maglumatlar gadymy dowurlerden ta Ysmayyl II (1576-1578) tagta cykayan dowrune cenli wakalary oz icine alyar. Iş «kysym» diylip atlandyrylyan dort bolumden duryar we onuň soňky «kysmy» Garagoyunly, Akgoyunly turkmen patyşalaryna we sefewi turkmenleriniň ilkinji patyşalary bolan Ysmayylyň we Tahmaspyň dolandyran yyllaryna bagyşlanypdyr. Alymlaryň pikirine gora, Pudak munşiniň kitaby ayratyn hem şa Tahmaspyň dolandyran yyllary barada birinji derejeli ceşme hasap edilyar. Sebabi işiň yazary koplenc halatda gurruňi edilyan wakalaryň gozli şayady bolupdyr ya-da olara gos-goni gatnaşypdyr. Pudak munşiniň işinde ylym ucin has ahmiyetli bolan Akgoyunly we Sefewi turkmen dowletleriniň durmuş – ykdysady osuşi bilen baglanyşykly maglumatlar hem duş gelyar. Maglumatlardan gornuşi yaly sefewi turkmen dowletinde ilatyň yaşayyş-durmuş şertleri Akgoyunly turkmen dowletindakiden ep-esli tapawut edyandigi gorunyar. «Gowher habarlaryň» şa Tahmaspyň dolandyran yyllarynda yazylandygy ucin onda bu turkmen

patyşasynyň terjimehaly we eden işleri barada kop maglumatlar getirilyar. 1576-njy yylda şa Tahmasp aradan cykyar. Onuň kop sanly ayallaryndan dokuz sany ogly, sekiz sany gyzy galypdyr. Ogullary: Muhammet, Ysmayyl, Haydar, Suleyman, Mustapa, Mahmyt, Ymamguly, Aly we Ahmet. Gyzlary: Gowher, Perihan, Hatyja, Zeynep, Meryem, Patma, Şahribanu we Hanyş. «Gowher habarlar» şa Tahmaspyň turkmen ayalyndan – Isa beg Mosully Turkmeniň gyzy Soltanym hanymdan bolan iki oglunyň kicisi Ysmayylyň tagta cykmagy bilen baglanyşykly wakalar we taze patyşa ak yol arzuw etmek bilen tamamlanyar.

## *Sadyk beg Awşar*

Sadyk beg Awşaryň ady gornukli turkmen taryhcylarynyň arasynda ayratyn orun eyeleyar. Sebabi giň dunyagarayşlary şahsyyet bolmak bilen ol şahyr, suratkeş, taryhcy hokmunde oz dowrunde giňden tanalypdyr. Sadyk beg Awşar 1533-nji yylda Towruzde dogulupdyr we oz dowruniň meşhur adamlaryndan sapak alypdyr. Yetginjeklik we yaşlyk yyllary garyplykda gecipdir. Muňa garamazdan belli suratkeş Muzapbar Alynyň elinde okap, cepercilik sungatynyň ince syrlaryny owrenipdir. Yaş wagtlary terkidunyalige baş urupdyr we Towruziň hakimi Emir han Mosully Turkmene duşyanca birnace yyllap derwuşlik edipdir. Emir han oňa howandarlyk edipdir we ony oz yanynda saklapdyr. Sadyk beg Awşar şa Ysmayyl II dowrunde «Kyrk sutun» koşguniň yanyndaky kitaphananyň cepercilik ussahanasynda, Hudaybendaniň (1578-1587) dowrunde kitaphana mudiri, Abbas I (1587-1528) dowrunde bolsa «kitapdar» bolup işlapdir. Sadyk beg oran zehinli şahsyyet bolupdyr. Şa Abbasyň yorişleriniň taryhyna bagyşlap yazan «Jeňnama» eserinde Sadyk beg ozuniň enceme şygyrlaryny yerleşdiripdir. Sefewiler dowruniň taryhcylary oz eserlerini esasan pars dilinde yazypdyrlar. Emma Sadyk beg Awşar babatynda beyle dal. Onuň otgur galamyndan turkmen dilinde «tezkire» – «yatlama» žanyrynda yazylan «Majma–ul-hawas» («Duygularyň jemi») eseri dunya inipdir. Onda sefewi turkmenleriniň dowrunde Turkmenistanda, Eyranda, Hazirbegjanda, Osman turkmenleriniň dowletinde bolup gecen syyasy wakalar, şeyle hem turkmen we pars edebiyaty barada giňişleyin gurruň berilyar. Taryhcy A.A. Rahmany eyranly alymlaryň işlerine salgylanyp, Sadyk begiň durli meselelere bagyşlanan 10 sany eseriniň bolandygyny belleyar.

Sadyk beg Awşar suratkeş hokmunde onlarca miniatyura eserlarini doredipdir we onuň ceken ajayyp suratlary sungata sarpa goyyan şalara, şazadalara we begzadalara niyetlenilip doredilen enceme golyazmalara ajayyp bezeg beripdirler. Sadyk beg Awşaryň «Kanun assuwar» («Suratkeşlik barada traktat») eseri sungatyň ince ugurlarynyň biri bolan suratkeşlige bagyşlanypdyr.

## *Isgender beg Munşi Turkmen*

Turkmen halkynyň gecmiş taryhynyň şu dowri barada kitap yazan meşhur yazarlaryň biride Isgender beg Turkmen bolupdyr. Ol ozuniň şa Abbasyň dolandyran yyllaryna bagyşlanyp yazylan «Tarih-i alamaray-i Abbas-i» («Alemiň bezegi Abbasyň taryhy») atly eseri bilen meşhurlyk gazanypdyr. Isgender beg 1560-njy yylda Towruzde dunya inipdir.

Şindi yaşajykka sowat owrenip başlapdyr. Yone okuwyny taşlap «siyak» (buhgalteriya) ylmy bilen meşgullanyp ugrapdyr. Bu hunari kamil derejede owrenip dowlet işgarleriniň yanynda işlapdir. Birnace wagtdan soň Isgender beg bu işi hem taşlapdyr we dowriniň sowatly adamlarynyň tasiri bilen yazarlyk sungatyny owrenmage uly howes bilen girişipdir. Tiz wagtdan yazarlygyň ahli usullaryny owrenipdir. Bu bolsa oňa şa Abbasyň «dowlet diwanynyň hormatly gullugyna durmaga» mumkincilik beripdir. 1592-nji yylda ol şanyň katiplariniň («munşi») hataryna kabul edilipdir we dowletiň maliye meseleleri bilen meşgullanyp başlapdyr. Isgender beg Turkmeniň şa Abbasyň «beyik munşileriniň» hataryna kabul edilmeginde beyik wezir Hatam begiň uly hyzmaty bolupdyr. Cunki Isgender begiň yazmagyna gora, ol Hatam beg bilen dostlukly gatnaşyklarda bolupdyr.

Isgender beg diňe bir taryhcy hokmunde dal eysem şygyryetden baş cykaryan soz ussady hokmunde hem tanalyar. Ol ozuniň eserini Gundogaryň meşhur şahyrlarynyň doredijiliginden alnan bentler, koplenc halatda bolsa oz şygyrlaryndan alnan setirler bilen «bezapdir». Şeyle hem Isgender beg zehinli hatdat hokmunde sungatyň bu ugrunyň durli usullaryndan we tilsimlerinden gowy baş cykarypdyr. Bu barada orta asyr yazary Kazy Ahmet «Isgender munşi talikde, nastalikde, şikestede oran gowy yazyardy» diyip bellapdir. Meşhur taryhcy, hatdat we şahyr Isgender beg Turkmen 1634-nji yylda Towruzde aradan cykypdyr.

Isgender begiň eseri «mukaddeme» diylip atlandyrylan girişden we «sahypa» diylip atlandyrylan iki sany tomdan ybaratdyr. Onda Turkmenistanyň ,Eyranyň, Hazirbegjanyň, Turkiyanyň, Arap yurtlarynyň, Ozbekistanyň, Owganystanyň we Hindistanyň taryhy boyunca gymmatly maglumatlar berilyar. 1938-nji yylda neşir edilen Turkmenistanyň taryhy boyunca mohum ceşme hasap edilyan «Turkmenleriň we Turkmenistanyň taryhy boyunca maglumatlar» (MITT) kitabynda hem Isgender begiň bu işinden parcalar getirilyar. Şol yazgylarda turkmenleriň okly taypasyndan bolan Aba serdaryň sefewilere garşy gozgalaňy barada gurruň berilyar. Işiň girişinde Isgender beg sefewileriň nesil şalygy we olaryň şejeresi barada durli ceşmelerden alnan maglumatlary giňden peydalanypdyr. Eseriň şu bolumini yazmak ucin durli taryhy işleri, ayratyn hem «Tarih-i-ahwali salatin-i Turkman» («Turkmen soltanlarynyň taryhy») we «Tarih-i Turukmaniyya» («Turkmenleriň taryhy») kitaplaryndan giňişleyin peydalanypdyr. Isgender begiň eseriniň birinji tomy şa Abbasyň 42 yyllap dowam eden hokumdarlygynyň 30 yyllyk dowrune (1587-1617yy) bagyşlanyp, onda Sefewi turkmenleriniň dowletinde we sebitde bolup gercen wakalar beyan edilyar. Işiň ikinji tomy şa Abbasyň yurdy dolandyran soňky 12 yyl dowrune

bagyşlanan (1617-1628 yy). Onda şa Abbasyň iceri we daşary syyasaty barada jikme-jik gurruň berilyar.

## *Weliguly beg Dawutguly beg ogly Şamly*

XVII asyryň meşhur turkmen taryhcylarynyň biri-de Weliguly beg Şamly bolupdyr. Weliguly beg kyssacy hokmunde turkmen taryhy barada «Kysas – al – Hakani» («Hanlar barada kyssalar») eserini yazypdyr. Bu eseri Weliguly beg 38 yaşynda yazmaga başlapdyr. Eseri onuň hacan yazyp gutarandygy belli dal, yone 1674-1675-nji yyllarda-da ol bu kitaby yazmagyny dowam etdiripdir. Eserde Sefewi turkmenleriniň dowletiniň doran wagtyndan ta şa Abbas II hokumdarlygynyň ahyryna cenli dowur (1666 y) barada gurruň berilyar. Onda Sefewi soltanlary, welayatlaryň meşhur emirleridir hanlary, serkerderler we wezirler barada bay maglumatlar getirilyar. Weliguly begiň dowlet wezipeleri barada beryan maglumatlary has hem gyzykly.

## *Haydar beg Abulkasym beg ogly Yywa-oglan*

Haydar beg Yow-oglanyň hacan dogulandygy anyk dal. Ol Gunorta Hazirbegjanyň Gunorta-Gunbatarynda «Yywa-oglan» diyen obada eneden bolyar. Haydar beg yaşlygyndan Yspyhanda şa koşgunde «gapy guly» bolup işleyar. 1636-njy yylda kakasy

Abulkasym beg olenden soň şa Sefi I ony koşkde «işikagasybaşy» (koşkde dabaralary geciryan emeldar) wezipesine belleyar. Oň bu wezipede Haydar begiň kakasy işlapdir. 1664-njy yylda Haydar beg Yywa-oglan sefewileriň taryhynda yaramaz yz galdyran Abbas II (1642-1666 yy) gazabyna ducar bolyar we jezalandyrylyp oldurilyar. Haydar beg Yywaoglan

«Majma al-inşa» («Hatlaryň yygyndysy») eserini doredipdir. Bu eser şa Sefi I bagyşlanypdyr. Adyndan belli bolşy yaly bu kitapda turkmenleriň gecmiş taryhy bilen baglanyşykly iş dolandyryş resminamalary, permanlar, yarlyklar we nusgalyk hatlar yerleşdirilipdir. Bu esere seljuk turkmen hokumdary Alp-Arslandan (1063-1072) tä Abbas II (1642-1666) dowrune cenli aralykda toplanan resminamalar girizilipdir.

## Ahsan at tawaryh.

XVI asyrda ýaşap geçen hasan bek Rumly tarapyndan ýazylan eserdir.Ol türkmenleriň rumly taýpasyndan bolupdyr.Bu eser 12 tomdan ybarat bolup diňe 11-nji we 12-nji baby biziň günlerimize gelip ýetýär.11 tom 1405-1493,12 tomda 1494-1578 wakalwry beýan edilýär.bu eserde teýmiriler,şeýbanylar hakynda we türkmenleriň olar bilen gatnaşygy beýan edilýär.hasan bek Rumly XVI asyrda bolup geçen wakalary gözi bilen görüpdir.Ol sefewiler trapyndan Häirbegjanyň häkimi edip bellenýär.Ol tahmasp I bilen ýaşytdaş bolup 1513-1515 aralygynda dogulýar.

## Şeýbanynama.

Özbek hany Muhammet Şeýbana (1500-1510) onuň taryhçysy we köşk işgäri Muhammet Salyh özüniň „Şeýbonynama“eserini ýazýar.Özbegistanly taryhçy Mukminowanyň bellemegine görä ol ilki Buharanyň soň Çärjewiň häkimi bolupdyr.Ol öz eserini gadymy özbek dilinde ýazýar.Bu eser 1961 ýylda rus diline terjime edilýär.Şeýle-de Muhammet Salyh Şeýbany hanyň Wezire,Adaga,Gürgenje,Hazaraspa eden ýörişleri barada maglumat berýär.

Şeýbanynama-Şeýbany hanyň köşk taryhçysy bolan Kemaleddin Benaýy „Şeýbanynama“ eserini ýazýar.Bu eserinde Çin Sufi we horezmli türkmenler barada maglumat berýär.Ol bu eseri 1504 ýylda ýazýar.Onuň asyl nusgasy Mukminowanyň

„Özbegistanyň taryhyna degişli käbir taryhy çeşmeler“atly işinde getirilýär.

## Habibusýar.

Bu esr Hondemir tarapyndan (1475-1534) 1521-1524-nji ýyllar aralygynda ýazylýar.Bu eserini Hyradyň häkimi Habibulla hoja bagyşlapdyr.Eser 3 bapdan 12 bölümden ybarat.Bu eserde Teýmiriler,Sefewiler,Şeýbanylar bieln türkmenleriň arasyndaky gatnaşyklar beýan edilýär.hondemir 1527-1528 ýyllarda Babyşuryň çagyrmagy boýunça Hindistana gidip,oňa „Baburnama“eserini ýazmaga kömek edýär.1533-1534 ýyllarda Gülbeden hanyma „Humaýunnama“eserini ýazmaga kömek edýär.

## Rauzat as Safar.

Mirhond (Muhammet ibn Hawendşah) 1433-1498 ýyllar aralygynda ýaşap geçýär.OlRauzat as Safar eserini Hyratda işlän döwründe ýazýar.Eser ähliumumy taryha degişli bolup,7 tomdan ybaratdyr.

I tom-Dünýäniň döreýşinden Sasanylaryň soňky hökümdary Ýezdigerd III (632-651) wakalar beýan edilýär.

II tom-Muhammet Pygamber we dört çaryýarlar döwri beýan edilýär.

III tom-Omeýýatlar we Abbasylaryň döwri.

IV tom-Tahyrylar,Saffarylar,Samanylar,Gaznalylar döwri beýan edilýär.

V tom-Mongollar we olaryň guran döwleti beýan edilýär.

VI tom-Teýmirileriň guran döwletiniň döwri beýan edilýär.

VII tom-Soltan Hüseýin Baýkaranyň (1469-1506) döwri beýan edilýär.

Bu eseri onuň agtygy Hondemir ýazyptamamlaýar.Bu eseri XIX asyrda Eýranly taryhçy Ryzaguly han Hidaýat,XX asyrda Krymskiý öwrenip öz dillerini terjime edýärler.

## Zafarnama.

Mawerennahrda öz döwletini döreden temirleňiň tryhçysy,Şamda doglup,Bagdadda ýaşan Nyzameddin Şamy oňa bagyşlap,“Zafarnameýi Temir“ (temirleňiň ýeňiş kitaby) eserini 1401-1402 ýyllarda ýazyp başlap,1404 ýylda ýazyp gutarýar.Bu eserde mongollar,Teýmirleň we onuň döwri beýen edilýär.Şu eser esasynda başga bir taryhçy Eýranyň ýezd diýen ýerinde doglup,Hyratda ýaşan Şerefeddin aly Ýezdi „Zafarnama“kitabyny ýazýar. Şerefeddin aly Ýezdi bu eserini 1424-1425 ýyllar aralygynda ýazýar.Eserde wakalar iki bölege bölünen görnüşde berilýär.

I.Mongollaryň şejeresi,Teýmirleňiň gelip çykyşy,1370 ýylda Mawerennahyra höhümdar bolýança wakalar beýan edil;ýär.

II.1370 ýyldan başlap wakalar,Şeýle-de Halylyň,Şahruguň döwri az kem beýan edilýär.

G.T.A.K.E-çap etdiren 18 tomluk işiniň 14-nji tomunda Teýmirileriň döwrine degişli iň gowy taryhy çeşmeleri biri „Zafarname“ diýip aýdylýar.Bu eser XVIII asyrda Kalkuttada,Delide iňlis diline terjime edilýär.1931-1939 ýyllarda çykan „Türkmenistanyň taryhyndan käbir materiallar“kitabynyň 2-nji tomunda Zafarnamanyň türkmenlere degişli ýerleri rus dilinde terjime edilipdir.

## Alam araýy Sefewi.

XV-XVI asyryň birinji ýarymyndaky türkmenleriň taryhyna dehişli bolan ýazary näbelli „Alam araýy Sefewi“ (Älemiň bezegi Sefewiler) eseri gymmatly taryhy çeşmeleriň biridir.Bu eser Sefewiler nesişalygyna bagyşlanan hem bolsa onda Teýmiriler,Şeýbanylar,olaryň düzümünde ýaşan türkmenler hakynda gymmatly maglumatlar getirilýär.Bu eseriň hakyky asyl nusgasynyň bary ýogy iki sany golýazmasy saklnyp galypdyr.Şol golýazmalar esasynda eýranly taryhçy Ýadollah Şekri 1971 ýylda bu taryhy eseri ýörite düşündürişleri bilen Tähranda kitap görnüşünde çapdan çykardýar.Türkmen taryhçy alymlarynda Ministrler Kabinetiň ýayndaky taryh institutynyň uly ylmy işgäri Orazpolat Ekäýew öwrenip,şol eser esasynda 1990 ýylda „Türkmenleriň ýerleri XV asyryň ahyry XVI asyrda“ady bilen ýörite monografiýasyny çapdan çykarýar.

## Babyrnama.

Babyr Fergananyň häkimi 1494 ýylda aradan çykan Omar Şyh Mürzäniň ogludyr.Ol 1504-1512 ýyllar aralygynda Mawerennahrda häkimýet ugrunda Şeýbanylar bilen söweşýär.Zahyreddin Muhammet Babyr (1483-1530) Babyrnama atly kitaby bar.Onda şahyryň biografiýasy beýan edilýär.Kitap üç bölümden ybarat.

1.1493-1512 ýyllar Fergana wakalary.

2.1512-1526 ýyllar Kabul wakalary.

3.1526-1529 ýyllar Hindistan wakalary.
Babyr öz terjimehalyny ilkinji bolup ýazan hökümdar.Onuň bu eseri hakynda Özbegistanly alym Azimjanow Babyryň Kabulda we Hindistanda guran döwleti hakynda maglumat berýär.

## Salyr baba.

XVI asyrda Nusaýda ýaşap,önüp ösen Salyr baba gulaly ogly Hyrydary 1555-1556 ýyllarda Reşideddin Fazlallahyň (1298-1317) „Jamy at Tawaryh“ (Ýyl ýazgylarynyň ýygyndysy) atly eserindäki Oguznama bölümüni pars dilinden terjime edip oňada özüniň goşmaça düşündürişli maglumatlaryny goşup,“Oguz we Öwlat“,“Et we Bap“we „Bakyýe“taryhy ady bilen özüniň „Oguznama“eserini ýazýar.Onuň bu eseri 1990 ýylda Nazar Halymow tarapyndan gadymy oguz dilinden häzirki türkmen diline terjime edili,çapdan çykarylýar.

## Muhammet Togalagyň pul özgertmesi.

Hindistandaky Togalaklar hökümdarlygynyň soltany Muhammet Togalak maliýe-salgyt ulgamynda özgerişlikleri geçirýär.1330 ýylda Muhammet Togalak pul özgertmesini geçirip,Diwrigde altyn we kümüş pullara derek olaryň hümmeti bilen bürünç we mis pullaryň ýöredilmegi hakynda perman çykarýar.Bu özgertmäniň baş maksady söwdagärleriň elinden ähli alty we kümüş pullary ýygnap,hökümdaryň gaznasyny baýatmakdy.Emma täze dolanşyga giren mis we bürünç pullaryň çalt hümmeti gaçyp,täjirler we söwdagärler bu pullar bilen söwda etmeklikden ýüz öwrüpdirler.Bu özgertmäniň özi döwletde puluň hümmetsizlenmegine,halk närazyçylyklaryna we gozgalaňlara getirýär.Madur welaýatynyň halky bürünç pullaryň dolanşykdan çykarylmagyny talap edip,soltana garşy gozgalaň turuzýarlar.Şeýle-de 1338 ýylda Bengalda,1340 ýylda Multanda,1343 ýylda Penjapda,1347/48 ýyllarda Güjeratda ilat gozgalaň turuzýar.Firuz şanyň (1351-1388) döwründe altyn-kümüş pullar dolanşyga girizilýär.

## Şahruhyň döwründe suwaryş desgalary.

XV asyrda Temirilerden bolan Şahruhyň Horosanda hökümdar wagty bitiren iň uly işleriniň biri hem Mary şäheriniň we Murgap derýalarynyň suwaryş desgalaryny dikeltmekdäki eden işleridir.1221 ýylyň martynda weýran edilen Merw şäheri 190 ýyllap harabaçylyk halynda ýatyrdy.Şahruh 1409 ýylda Mary şäherini dikeltmek,Murgap derýasynda täze gatlasynda täze gatla gurmak,täze kanallary gurmak,köne ýaplary arassalamak barada ýörite buýruk berýär.Işleň çalt alnyp barylmagynyň netijesinde eýýäm bir ýylyň içinde täze ýerler özleşdirilip Marynyň ilaty köpeldilipdir.Ilat Soltanbentden

kanal çekip Mary şäheriniň „Älemdar“derwezesine çenli getiripdirler.Älemdar derwezesi Sahawalar bolan Al Bureýda bilen Al Gifaryň mazarlarynyň golaýynda ýerleşipdir.(Al Bureýda Muhammet Pygamberiň tuguny göteriji bolupdyr.)

Täze gazylan kanalyň ini 15-20m,çuňlugy 5m töweregi bolupdyr.Şahruhuň döwründe gurlan Mary häzirki Baýramaly etrabyndaky Abdylla han galanyň ýerinde bolupdyr.Diýmek Abdylla han gala Temiriler döwrine degişlidir.Ýöne oňa haçan Buhara hany Abdylla han II adynyň dakylandygy belli däl.

## Alaeddin Halajyň girizen özgertmeleri.

Alaeddin Halaç (1296-1316) tagta geçen hökümdara bir bada ýurdy dolandyrmak düşýär.sebäbi oňa Jelaleddin Meňburunyň maşgalasy päsgel berýär.Ol olara sowgatlar,mülk berip,öz tarapyna çekýär.Şundan soň ýurduň ýerleri giňäp başlaýar.Ol d.m Hindistandaky 1303 ýylda Güjerat,Çittor,rangambor ýaly ýerleri basyp alýar.Alaeddin Halaç 1311 ýylda Kokatiýa,Hoýsala,Ýadowa patyşalyklaryny basyp alýar.Ol ýurtda birnäçe özgertmelerti geçirýär.

1.Dini hadymlara degişli ýerleri döwletiň emlägi hasaplamaly.

2.Döwletde aňtaw ulgamyny döretmeli we güýçlendirmeli.

3.Beýhuş ediji içgileri içmekligi gadagan etmeli.

4.Barly adamlara,emirlere,häkimlere,serdarlara,soltandan rugsatsyz özara garyndaşlyk açmaklygy gadagan etmeli.

5.Bazarlarda görnüşine garamazdan ähli harytlara durnukly baha kesilýär.Oňa gözegçilik edýän gözegçiler bellenýär.

6.Ýurduň salgyt ýygnaýan edarasyna-da özgertme girizýär.Salgyt ýygnamak işi döwletiň diwanynyň ygtyýarynda bolýar.Parahorçylyk kezzaplyk ýaly ýaramazlyklaryň bolmazlygy üçin salgyt ýygnaýjylaryň aýlyklary köpeldilýär.

## Abdylla han II we onuň basybalyjylykly ýörişleri.

Ol 1557 ýylda iki şaha bölünen Buhara hanlygynyň Buhara şahasynda 1557 ýylda han hökmünde tagta çykýar.Emma tagtynda kakasy Isgenderi oturdyp,onuň adyndanam, özi dolandyrypdyr.Ol ýaşlygyna garamazdan Buhara hanlarynyň içinde iň başarjaňy hökmünde özüni tanadýar.Ol 1560 ýylda Buhara hanlygynyň paýtagtyny gutarnykly Buhara diýip yglan edýär.1573 ýylda Balhy,1574 ýylda Şährisebiz we Hisar şäherlerini eýelemegi başarýar.1576-1578 ýyllarda hanlygyň iki şahasyny birleşdirmek üçin Samarkant bilen Daşkende ýöriş edýär,emma uly üstünlik gazanyp bilmeýär.Şondan soň güýç toplap,1582 ýylda Daşkendi eýeleýär,1583 ýylda Samarkandy eýeläp,iki şahanam birleşdirýär.Şol 1583 ýylda Eýrandaky Sefewiler bilen urşa başlap,öz ogly Abdylmömüni Maşadyň üstüne ýörişe ugradýar we az wagtlyk Maşady eýeläp,ol ýerdäki sefewi şalarynyň

käbirlariniň jesedlerini ýakdyryp,ýele sowurýar.1598 ýylda Abdylla II Hyrady basyp alýar.1593 ýylda ol ilki Hywa hanlygyny soňra bolsa g.o Türkmenistandaky Nurmuhammet hanyň mülklerini eýeleýär.1595-1596 ýyllarda ol Horezme ikinji gezek ýöriş edýär.

## Muhammet Zaman Mürzäniň ýolbaşçylygynda Astrabat türkmenleriniň gozgalaňy.

Ýazary näbelli bolan XVI asyryň taryhy çeşmesi „Alam Araýy Sefewi"eserinde 1514 ýylda bolan ýaka türkmenleriniň gatnaşmagyndaky Muhammet Zaman Mürzäniň ýolbaşçylygyndaky gozgalaň hakynda maglumat berilýär.Bu gozgalaň 1514 ýylda Ysmaýyl şa Çaldran söweşinde Selim I-den ýeňlenden soň asly teýmirlerden bolan Muhammet Zaman Mürzäniň ýolbaşçylygynda Etrek-Gürgen Astrabat türkmenleriniň gozgalaňy bolup geçýär.Bu gozgalaňa şol ýerde ýaşan (ýomut,gökleň,okly,salyr,dodurga,gireýli) ýaly taýpalar gatnaşypdyrlar."Habibusýar"eseriniň berýän maglumatyna görä şol wagt Muhammet Zaman Mürze 17 ýaşynda eken.Ýöne ýaşlygyna garamazdan ol örän mekir bolupdyr.Çaldran söweşinde Ysmaýyl şa öldi diýen habary bütin Astrabada ýaýradýar we öz tarapyna türkmenleri çekip başlaýar.Ysmaýyl şanyň Astrabatdaky häkimi Pirgup hany öldürýär we bu sebitde teýmirleňiň hökümdarlygyny döretmäge çalyşýar.Emma Ysmaýyl şanyň 1514 ýylyň ahyrynda 1515 ýylyň başlarynda iberen uly goşuny bu gozgalaňy güýç bilen basyp ýatyrýar.Ýeňlen Muhammet Zaman Mürze Abiwerdiň üsri bilen Garçistana gaçyp gidýär.

## D.m Türkmenistanda,Müňgyşlakda halkyň halýagdaýynyň ýaramazlaşmagy.

XIII asyrda dörän Altyn orda döwleti Horezmiň we Müňgyşlak ýerlerini öz içine alypdyr.Bu döwürde Ürgenç şäheri has çalt ösýän şähere öwrülip,Hytaýdan gelýän söwda ýollary onuň üsti bien Üstýurda,Saraýberkä we Kryma gidýär.Emma Ürgenjiň bu döwürde ösendigine garamazdan ilatyň hal ýagdaýy agyr bolýar.Hywa hany Abulgazy Horezm bilen Müňgyşlakda ýaşan bu döwletdäki türkmen taýpalaryna ýazyrlary,çowdurlary,salyrlary,ärsarylary degişli edýär.Altyn orda hany Janybegiň (13411357) döwründe bu ýerde ýaşaýan ürkmenler agyr salgytlar töleýär.Taryhy maglumatlara görä Janybek Horezm,Müňgyşlak,Balkan töwereginde ýaşaýan türkmenlere asly uýgurlardan bolan Sankly Sin diýen adamy baş salgytçy edip belleýär.Sankly Siniň salýan agyr salgytlaryna çydamadyk türkmenlerden Aýaz atly gul mangollaryň baş

salgytçysy Sankly Siny öldürýär. Şu wakadan soň türkmenleriň bir bölegi Hazaryň kenaryna tarap göçüpdirler.XIV asyrda (ikinji ýarymy) Altyn orda hany Togtamyş hanyň atasy Emir tüý Hoja Müňgyşlak hökümdary bolup bu ýerde ýaşaýan türkmenlere agyr mal salgydyny salypdyrlar. Ürgençden başga Wezir,Tirsek,Adak ýaly XIV-XV asyrlara şäherlerde hem türkmenler ýaşap,mangollara salgytlaryň ençeme görnüşini töläpdirler.

## Hyrat şäheri.

Owganystanyň d.m-daky Hyrat welaýatynyň merkezi şäheri.Ol Gerurit derýasy bilen suwarylýan oazisde ýerleşýär.1409 ýylda gülläp ösen şäherleriň biri bolupdyr.Onda 5 sany köpri bolup onuň 3-si açylyp-ýapylýan köprüdir.Baýsunkaryň döwründe 40 sany hardatlar bolupdyr.Onda şekillendiriş sungatynyň döşbüni tutujy Kemaleddin Behzat işlaäpdir.Hyrat Teýmirleňiň döwründe esasy şäher bolupdyr.Bu şäheri ilkinji döreden Aleksandr Makodonskiý hasaplanýar.Onuň Hyrat diýen ady gadymy Harat diýen sözden gelip çykyp,“Arassa şäher“diýen manyny berýär.Bu şäher Sasanylar,Arap halyflygy,Saffarlar we Gaznaly türkmen döwleti döwründe esasy söwda şäherleriň birine öwrülipdir.1106 ýylda Hyrat Seljuklaryň Owganystandaky esasy şäherleriniň birine öwrülipdir.XII asyryň ikinji ýarymynda bu şäherde 1000000 adam ýaşap,ol Gur döwletiniň paýtagtlarynyň biri bolupdyr.XV asyrda Şahruh döwründe bu şäher öz gülläp ösüşiniň 2-nji tapgyryny başdan geçiripdir.Şol döwürden galan Göwherşat ýadygärligi,Musallah ymaratlar toplumy häzirki günlere çenli gelip ýetipdir.

## Orazmämmet han.

Orazmämmet han Gökdepe söweşine gatnaşan tekeleriň togtamyş beg tiresindendir. Hajygurbanyň ogly Mämmetweli kazynyň agtygy,Aka kazynyň çowlugydyr. Orazmämmet Berdimyrat han bilen Gökdepe galasynyň gurluşuguna ýolbaşçylyk edipdir. Lomakiniň ekspedisýasy döwründe Gökdepe galasy entek gurlup gutarylmandyr. Soň gurluşygy gyssagly dowam edipdirler. Berdimyrat han ölenden soň, Nurberdi han Marydan gelýänçä Orazmämmet han Ahalyň hany bolupdyr. 1881 ýylyň 12-nji ýanwarynda ruslar nagym gazyp galanyň astyna 72 put däri guýup partladypdyrlar.Galanyň şol tarapy Orazmämmet hanyň ýolbaşçylyk edýän topary bar eken.Diňe galanyň partladylan ýerinde 700-den gowrak adam ýogalypdyr.Orazmämmet hanyň hem şonda ýogalan bolmagy mümkin.

## Gara Batyr.

Gara batyr 1857 ýylda Bäherden etrabynyň Ýarajy obasynda dogulýar. 1879 ýylyň awgustynda general Lomakiniň ýolbaşçylygynda basyp alyjylykly maksady bilen gelen bir ekspedisýasynda tekeler bilen bolan söweşde ýogalýar.Ol ölende onuň yzynda iki çagasy we ejesi Durdygözel daýza galypdyr.Onuň tiresi teke-utamyş-syçmaz-arapgyzylgöz.

## Berdimyrat han.

Berdimyrat han Nurberdi hanyň birinji aýaly Nurgözelden bolan ogly.Ol ýaşlygyna garamazdan Kesearkajyň hany bolupdyr.Ol 1879 ýylda Nurberdi han Marydaka Ahalyň hany saýlanypdyr we şondan soňra geňeş edipdir.1879 ýylyň 28-nji awgustynda Berdimyrat hanyň öýüniň üstüne top oky düşýär we onuň aýaly,çagalary we anurberdi hanyň dogany gurban heläk bolýar.Berdimyrat hanyň özi hem 1879 ýylyň 31 awgustynda radan çykýar.Berdimyrat han Gökdepe galanyň g.b gaýrasyndaky Diňlidepäniň ileri ýakasynda jaýlanypdyr.

## Dykma Serdar.

1825 ýylda Bäherden etrabynyň Börme obasynda dogulýar.Onuň çyn ady Öwezmyrat.Kakasy Mämmetnazar alamana gidende öldürilipdir.Dykma on üç ýaşlarynda Bujründe ýesir düşüp,Muhammet hanyň türmesinde alty aý oturypdyr.Börmeliler Dykmany 1000 tümen pul toplap,ýesirlikden boşadýarlar.Dykma bergisini iki aýyň içinde üzüpdir.Dykma serdaryň şöhraty artyp başlaýar.1879 ýylda Lazerew Türkmenistana gelende Çekişlerde Dykma serdaryň ýesir çalyşmaga baran ogly Hakberdi handan Serdara hat iberýär.Ol hatda Lazerew hamala Dykma serdaryň özüne 100 manat,ogluna 50 manat aýlyk bellänmişin.

Tiresi teke-utamyş-syçmaz bolupdyr.

## Güljemal han (1886-1919)

1836-1919 ýyllar aralygynda ýaşap geçen türkmen hanlarynyň biri.Tekeleriň hany Nurberdiniň üçünji aýaly Güljemal han Tejende doglup Maryda ölýär.Ol tekeleriň togtamyş urugunyň sokular tiresinden bolupdyr.Taryhy maglumatlar onuň Töre sokynyň gyzy bolandygyna,örän ýaş wagty Annöwez atly türkmen ýigidine durmuşa çykandygyny belläp geçýär.Emma onuň ýoldaşy Annöwez 1855 ýylda Sarahs söweşinde ýogalýar.1862 ýylda Nurberdi han Mara gelende özüni öz öýünde ýaly duýsun diýip Gowşut han Güljemaly Nurberdä durmuşa çykarypdyr.Nurberdi han ölenden soň Güljemal Mary tekelerinde hanlyk derejesine mynasyp bolup täsirli şahsyýetiň birine öwrülýär.Hut Güljemal hanyň başda durmagynda Mary türkmenleri uruşsuz russiýa birikdirilýär.1884 ýylda rus patyşa hökümeti Güljemal hana gymmat baha sowgatlar, medallar şeýle-de 2.000 manat pensiýa belleýär.

### Garaoglan han

Garaoglan han XIX asyryň birinji ýarymynda Ahalda ýaşap geçen ady belli hanlaryň biridir. Ol häzirki Aşgabat etrabynyň obalarynyň birinde dogulýar. Tekeleriňtogtamyşwekil-ak wekil-garaýörme-on begi tiresinden bolup, onuň kakasyna

Baba onbegi diýilipdir. Baba onbegi öz döwrüniň gurply,sözi diňlenýän adamlaryň biri bolupdyr. Garaoglan han bilen Nurberdi han Anna onbegiň neslinden bolansoň olar babadaşdyr. Şonuň üçin Nurberdi Garaoglan hanyň hem azda-kände terbiýesini alypdyr. Garaoglan han ýaňy adygyp ugran Nurberdiniň ýaşdygyna garamazdan birnäçe meselelerde onuň bilen geňeşipdir we maslahatyna eýeripdir. Garaoglan han ýaşlykdan gözsüz batyrlygy edermenligi bilen tapawutlanypdyr. Ol Şarlawuk,Tekegyrlan, Bendesen, Gyzylarbat urşy ýaly ençeme söweşlere ýolbaşçylyk edipdir. 1728 ýylda Eýran şasy tekeleri we ýemrelileri Durundan Horasana göçürýär. Duruna bolsa öz dikmesini goýýar. XIX asyryň ortalarynda tekeler we ýemreliler birigip, Duruny eýelemek üçin üç ýyllap söweşýärler. Bu söweşe Garaoglan han ýolbaşçylyk edýär we ýeňiş gazanýar. Şondan soň Garaoglan hanyň atabraýy bütün Ahala ýaýraýar.

Ol Oraz han, Gowşut han bilen ýakyndan aragatnaşyk saklaýar. Garaoglan hanyň ölen senesi anyk belli däl, ýöne taryhy maglumatlara görä 1855-1856 ýyllar bolmagy mümkin. Başga bir maglumata görä 1854 ýylda Garaoglan han Gowşut handan öýkeläp giden Hojamşüküriň jan penasy bolýar.Şona

Hojamşüküriň yzyndan gelen töwellaçylaryň arasynda Garaoglan hanyň öçlüsi Guwwat ýirik hem bar eken. Şol ýerde ol Garaoglan hany atyp öldürýär. Garaoglan han Mary bilen Tejeniň aralygyndaky Jojukly stansiýasynyň günbatarynda jaýlanypdyr. Garaoglan hanyň ogly Öweznepes seradaryň nesilleri häzir Aşgabat etrabynyň Gämi obasynda ýaşaýar.

Gowşut han.????????

Gowşut han 1823 ýylda belli türkmen serkerdesi Öwezdurdy batyryň maşgalasynda dünýä inýär. Öwezdurdy batyryň 5 ogly bolup, olaryň iň ulusy Gowşut iň kiçisi Hojaguly handyr.Gowşut hanyň perzentleri: Baba han, Baýramaly han, Nobat han, Hüjrep han, Hally han, Sary han, Düzüw (gyz) . Gowşut hanlaryň tiresi: Teke- togtamyş-beg-gökje-ýary gökje-çomalak-çüri. Gowşut han tegelekden ak ýüzli,ortadan ýokarrak boýly, eginlek, dolmuş göwreli, goýungözli, giň maňlaýly, gaşlagrak, örän akylly-paýhasly, ýolbars ýürekli adam bolupdyr.XVIII asyryň başlarynda tekeler kem-kemden Kaka sebitlerine göçüp barýalar. Soňra eýranly talaňçylaryň çozuşlary zerarly, olar häzirki gowşut obasynyň 25 km. dm. Göçup barýalar. Ol ýerde olar 5 sany gala: Heňňam, Akja, Garaja, Garahan, Gumgala ýaly galalary salýalar. Şol sebäpli bu ýerlere Bäşgala diýip at berýäler. Hojamşükür 1823-1825-nji ýyllarda tekeleri Bäşgaladan Sarahsa göçürýär. Gowşut 1853-nji ýylda hanlyga göterilýär. Şondan soň ol Eýranyň howpunyň güýçlenmegi sebäpli, Sarahsda gala saldyryp başlaýar. Hojamşükür muňa garşy çykýar we öýkeläp Tejeniň aýagujy bolan Üçburç diýen ýere göçýär.

## Gulbatyr serdar (1820-1905/6)

Belli türkmen serdarlarynyň biri Gulbatyr Gadam ogly 1820 ýylyň ortalarynda Gökdepe etrabynyň Kelejar obasynda dünýä inip,1905/6 ýyllarda aradan çykypdyr. Tiresi: teke-togtamyň – beg – amanşa – gowky – zereň – tirjin. Ol halk arasynda özüniň gaýduwsyzlygy merdanalygy bilen meşhur bolupdyr. Geçen asyryň 50-70 ýyllarynda bolup geçen birnäçe söweşlere gatnaşyp uly edermanlik görkezipdir. Ol Dykma serdaryň iň ygtybarly edermen serkerdesi bolan. Gulbatyr serdar XIX asyryň 70 ýyllarnyň aýaklarynda rus goşunlarynyň Ahaly güýç bilen basyp almak üçin eden hüjümlerine garşy gönükdürilen agyr söweşlere, şol sanda Gökdepe galasynyň gahrymançylykly goralşyna hem işeňňir gatnaşypdyr. Gulbatyr serdar 1881 ýylyň tomsunda türkmen delegasiýasynyň hatarynda Russiýa aýlanyp gelýär. Ol şol gezek Peterburgda rus patyşasy Aleksandr III kabul edişliginde bolup, proporşik harby çinine, halat- serpa we uly altyn medala mynasyp bolýar. Şondan soň Gulbatyr serdar galan ömrüne Zakaspidäki rus häkimýetlerine gulluk edýär. Gulbatyr serdar kärizler baradaky jedelli işlere seredýän ýörite suduň we Aşgabatda her ýylda iki gezek mejlis geçirýän „Halk sudýalarynyň adatdan daşary gurultaýynyň“ çlenligine saýlanýar.

Gökdepe söweşinde Gulbatyr serdaryň özi diri galan-da bolsa onuň çagalary (şol sanda Ötgür atly ýeke ogly ) aýaly bu aýylganç jeňiň pidasy bolupdyr. Diňe kiçi gyzy diri galypdyr. Gulbatyr serdar şol ýeke gyzyny hem töhmetçi näkesleriň ýalan-ýaşryk gepine aldanyp öldürýär. Gulbatyr serdar soň-soňlar bu eden işine ökünýär we uly sadaka berip Mekgä zyýarata gidip gelýär. Gulbatyr serdaryň häzirki nesilleri onuň soňky aýalyndandyr.

## Kyýat han (1754-1843)

Kümüşdepede ýa-da Esengulyda takmynan 1754 ýylda eneden dogulýar. Kaspi deňziniň kenar ýakasyndaky türkmenleriň hany. Oňa Kyýat beg, Gyýat beg, Kyýas beg hem diýilýär.

Kyýat hanyň ýaşlyk döwri barada anyk maglumat ýok ýöne ol garamaýak halkdan saýlanyp çykan demirçi ussanyň ogly bolupdyr. Özi hem ussaçylyk bilen meşgullanypdyr. Kyýat hanyň Ýagşymämmet, Kadyrmämmet atly ogullary bolupdyr. Onuň ady ilkinji gezek 1813 ýylda peýda bolýar. Şol ýyl Kyýat han patyşa Russiýasynyň Kawkazdaky goşunlarynyň ýanyna öz egindeşleri bilen gidýär.Ol türkmenleriň Russiýanyň raýatlygyna geçmeginiň tarapdary bolup çykyş edýär. Astrahan, Baku we Eýran bilen söwdany ýaýbaňlandyryp, uly baýlyk gazanyp kenarýaka türkmenleriniň hany bolýar.Kyýat han 1819-1821 ýyllarda M.I. Ponomarýowyň wed N.N. Murawýowyň, 1836 ýylda G.S. Kareliniň ekspedisiýalaryna köp ýardam berýär. 1821 ýylda Kyýat han öz ogluny Tiblisdäki aziýallar üçin açylan gimnaziýa okuwa iberýär. Beýleki ogly Kadyrmämmedi

we agtyklaryny Tiblisiniň, Sankt- Peterburgyň okuw jaýlarynda okadýar.Kyýat hanyň ýörite öz adyna ýüzüne atyň suraty çekilen möhri bolupdyr.

1842 ýylda Kyýat hanyň we onuň ogullarynyň täleýi ters gelýär.Gülüstan we Türkmençaý şertnamalary boýunça Eýranyň Kaspi deňzinde harby flot saklamaga haky ýokdy. Duz, balyk, nebit satmakda kyýat hana bäsdeşlik edýän Eýran söwdagärleriniň kömegi bilen dildüwşik guralýar. Rus kreýseriniň komandiri kontr-admiral Ý.W. Putýatin 1842 ýylyň iýulynda Ýagşymämmedi tussag edýär. Ýaşynyň soňuna oglunyň tussag edilmegi Kyýat hana gaty agyr degýär. Ol 80 ýaşyndan geçen garrylygynyň göz öňünde tutulmagyny özünüň we oglunyň watanyna goýberilmegini haýyş edip, patyşa hökümetiniň Kawkazdaky häkimi Ý. Golowine arza ýazýar. Oglunyň tussag edilmeginde bir düşünüşmezlik bolandyr diýip, Bakuwa gaýdýar. Alty aýlap Bakuwda karantinde bolýar. Onuň arza üstüne ýazan arzalaryna haýyşlaryna hiç kim gulak gabartmaýar. Oňa kömek edäýjek köne tanyşlary general A. P. Ýermolow we N.N. Murawýow dekabristler bilen aragatnaşykda bolandyklary üçin Nikolaý I gazawyna duçar bolupdyr.

Kyýat han 1842 ýylyň 12-nji dekabrynda Bakuwdan Tiblise getirilýär. Kawkaz häkimleri I. Paskewiç, G. W. Rozen ýaly generallar ozallar Kyýat hany hezzet-hormat edip ýören adamlardy. Ýöne weli bu gezek ony olar zyndana taşladylar. Kyýat han Tibliside 1843 ýylyň mart aýynyň ortalarynda ejizläp, iki gözi gapylyp, 89 ýaşynyň içinde aradan çykýar.

## Nurberdi han ( 1820-1880 )

Nurberdi han 1820 ýylda Gökdepede dogulýar we şol ýerde 1880 ýylda aradan çykýar. 1850 ýylda Ahalyň merkezi şäheri Gökdepede uly maslahat bolýar Oňa türkmen topragynyň dürli künjeginden hanlar, serdarlar, ýaşulular we beýleki parasatly wekiller çagyrylýar. Bu maslahatda Ahalaýň hany saýlanmalydy. Şonda şeýle ýolbaşçylyga: Nurberdi Döwletýar baý ogly hem-de Hajygurbanyň ogly Orazmämmet han görkezilýär.

Saýlaw mejlisi hakyky alnyp barylýar. Haçan-da sese goýlanda Orazmämmet han artyk ses alýar. Ýöne Orazmämmet han hanlygy öz üstünden aýyrmaklaryny haýyş edýär we Ahalaýň hany diýip Nurberdi hany saýlamagy maslahat berýär. Şeýlelikde Nurberdi han hanlyga saýlanýar. Nurberdi juda uzyn boýly, eginlek,tüňňüräk maňlaýy giň, goýyn gözli, edermen,gaýduwsyz adam bolupdyr.

Ol Anan onbegiň ýuwlugy, Garry baýyň çowlugy, Mürrük baýyň agtygy, Döwletýar baýyň bolsa ogludyr. Nurberdi hanyň üç aýaly bolupdyr (Nurgözel,Rabygözel,Güljemal). Olarda bolan ogullary: Berdimyrat batyr,Döwlet beg, Magtymguly han, Garry han, Ýusup beg. Nurberdi han teke – togtamyş – wekil – ak wekil – garaýörme – onbegi tiresindendir. Nurberdi han 1855 ýyldaky Sarahs,1858 ýylgaky Garrygala söweşlerinde uly edrmenlik görkezýär. Garrygaladan gelen dessine Nurberdi han özüniň wekilleri bilen Mara gidýär we teke-saryk dawasynyň çözülmegine uly kömek edýär. Ol 1861 ýylda Nasreddin şanyň Mara eden çozuşunda duşmany derwi-dagan etmekde özüni tanadýar.

Şondan soň Gowşut hanyň teklibi boýunça Nurberdi Ahal- Marynyň hanlarynyň hany saýlanýar. 1862 ýylda bolsa hanlar hany Nurberdi han Mara gelende Ahaldakysy ýaly öz öýünden örsün diýen niýet bilen oňa abraýly ýeriň asylly maşgalasyny- Töre sokynyň gyzy, adamsy (Annaöwez) 1855 ýylda uruşda ýogalan Güljemaly nikalap alyp berýärler.1878 ýylda Gowşut hanyň ölmegi Nurberdi hana agyr degýär we özi hem şondan soň syrkawlaýar.1879 ýylda rus goşunlarynyň Gökdepä çozjakdygy hakdaky habary eşidip, ol agyr halda bolsada Marydan Ahala gaýdýar.Emma barynça uruş tekeleriň ýeňşi bilen gutarýar. Ol şol söweşde ýolbaşçylyk eden ogly Berdimyrat batyryň we Gara batyryň ölümüne gaty gynanýar.Şondan köp wagt geçmänkä Nurberdi han hem 1880 ýylda aradan çykýar.Ol Gökdepäniň günbatarynda Hankäriz gonamçylygynda jaýlanýar.Onuň sagsolunda ogullary Döwlet beg bilen Magtymguly han jaýlanýar.Üçüsiniň mazarynyň üstüne Tejenli Orazgylyç molla ogly Hojahmet gümmez galdyrtýar.

## Oraz serdar.

Dykma serdaryň ogly Oraz serdar polkownik çininde Zakaspi frontunda goşun baştutany (1918-1919) bolýar. Ol Peterburgyň aýratyn kadet korpusyny tamamlaýar. 1918 ýylyň 19njy noýabrynda Baýramalyda iňlis generaly Mallesony garşylaýar we oňa Buhara emiriniň adyndan „Buhara ýyldyzy“ ordenini gowşurýar. Ol akgwardiýaçylaryň Çärjewe garşy taýýarlaýan uruş hereketlerine iňlis goşunlarynyň hem gatnaşmagyny haýyş edip, Buhara emiriniň olary goldajakdygyny habar beripdir. 1918 ýylyň 16 iýulynda milli han töreleriň Büzmeýinde bolup geçen gurultaýynda Oraz serdar Eziz hana öz otrýadyna goşulmagy teklip edipdir. Emma Eziz han ony goldamandyr. Oraz serdar öz döwürdeşleri ýaly bütin türkmen halkyna han bolmak isläpdir. 1918 ýylyň tomsunda Oraz serdaryň welaýatdan çykyp gitmegine denikinçiler sebäp bolupdyr. General Lazarew 1919 ýylyň 9-njy awgustunda „Oraz serdar häzirki wagtda Zakaspi welaýatyndan daşarda bir ýerlerde gezip ýör“ diýip, Denikine hat ýazypdyr hem-de Oraz serdaryň yzyna dolanyp gelmegini mümkingadar uzaga çekdirmegi ondan haýyş edipdir. Oraz serdar 1919 ýylyň aýagynda – 1920 başynda ýaraglanyp, gämi bilen Çelekene gelýär. Ol bu ýerde ýagdaýyň öwerlikli däldigine göz ýetirip,şol gije gämi münüp Eýranyň Goçant şäherine gidýar. Ondan soňky ykbaly belli däl.

## Täçgök serdar.

Doglan we aradan çykan ýyllary henize çenli belli däl. Ýöne onuň XIX asyrda ýaşandygy belli.Täçgök serdaryň tiresi: teke – utamyş – syçmaz – aksupy – gyýr – alasakgalalajagöz. Doglan ýeri anyk belli däl ýöne onuň Bäşgala etrabynda (takmynan Gäwers bilen Duşak aralygy ) doglan bolmagy örän ähtimaldyr. Täçgök serdaryň kakasyna Atabaý diýer ekenler.Täçgök serdar ilki Sarahsda soňra bolsa Mary etraplarynda ýaşap geçipdir. Ol ömrüniň soňky ýyllaryny Mäne-Çäçede ýaşapdyr. Täçgök serdar Gowşut han bilan bilelikde 1855 ýylda Sarahsda, 1861 ýylda Maryda bolan söweşlere gatnaşypdyr. Ol öz

ýigitleri bilen Maşada Hyrada syýahata, zyýarata gitmekligi gowy görýär eken. Şonuň üçin Täçgök serdaryň şol ýerlerde tanaýany kän bolupdyr. Hat-da olaryň içinde Gala häkimleri hem bolupdyr. Bir gezek şol galalaryň häkimi ep-esli hazynasyny ogurladanda hazynasyny tapmaga kömek edýär. Bu kömek üçin häkim oňa bir gyzy peşgeş beripdir. Şol gyz türkmen halkynyň beýik ogly, Türkmenistanyň görnükli döwlet işgäri Gaýgysyz Atabaýewiň ejesidir.

Täçgök serdaryň obrazy belli ýazyjy Atajan Taganyň „Pereňli ýesiriň ýatlamasy“ powestinde, „Sarahs galasy“ romanynda hem oňat şöhlelendirilýär.

**Magtymguly han. (1857-1919)**

Nurberdi hanyň ortanjy ogly Magtymguly han kakasy ölenden soň dördülenji güni Ahalyň hany diýilýän Hanlyga bellenen wagty ol örän ýaş bolupdyr.Onuň weziri Orazmämmet han,Ahalyň baş kazysy Gurbanmyrat işan (1825-1902)bolupdyr. Gökdepe eýelenenden soň Magtymguly han rusiýa garşy uruşmagyň dälde,eýsem ylalşmagyň jarnamasy bolupdyr. Mary ülkelerini russiýa birikdirlende eden tagallalary üçin ol Tejen okurugynyň harby naçalnigi,1884-1890 ýyllarda ilki maýor, podpolkownik çinler berilýär.Ol teke türkmenleriň adyndan Peterburga gidip iki döwlet dumasyna wekillik edipdir.

**Eziz han (1887-1919).**

Gurbanmämmet Çapyk ogly Eziz han Aşgabadyň etegindäki Herrikgala obasynda doglan.Ol tekeleriň utamyş urugunyň bagşy tiresinden bolýar.Ýaşlygy herrikgalada geçirp 1911 ýylda Tejene göçüp gelýär.Özüniň dogruçyllygy we adalatlylygy üçin obadaşlary ony obaň miraby edip saýlaýarlar.Emma ol Rus häkimýetiniň garşysyna göreşip hatda Jüneýit han bilen hem birnäçe gezek urşupdyr.1918-1920ýylda bolan Zakaspidäki raýatlyk urşy ýyllarda aklaryň tarapynda bolan Eziz han soňy bilen bolşewikleriň (gyzllaryň) tarapyna geçýär we aklara we Iňlislere garşy göreşýär.Iňlisler 1919 ýylyň martynda Eziz hany ele salyp Krasnawodska äkidip we şol ýerde atylyp öldürilýär.Eziz hanyň Dört aýaly bolpdyr.Orazdursun,Ogulnäzik,Aýnabat,Aknäzik: çagalary:
Hajymuhammet,Döwranmuhammet,Amanmuhammet,Ogulabat gyzy.

**Jüneýit han (1862-1938).**

Ýomutlaryň Jüneýit tiresinden bolan Gurbanmämmet (Jüneýit) Görogly etrabynyň Bedirkent obasynda 1862 ýylda doglup,1938 ýylda Owganystanda aradan çykýar.1916 ýylda Hywada bolan gozgalaňa gatnaşýar.Isfendiýar hany tagtdan düşüripdir.Ol ilki wagtlar obasynda kazy hem mirap bolup işleýär.1912 ýyldan başlap Hywa hany Isfendiýar ruslara garşy ata çykyp bütin ömrüni söweşler bilen geçirýär.Gozgalaň basylyp ýatyrlandan soň ol Owganystana gidýär.1917 ýylda yzyna gelýär.1918-1920 ýyllarda hakykat ýüzünde Hywany Jüneýit dolandyrýar.Hywanyň her böleginde öz adamsyny goýýar.1918-1925 ýyllar aralygynda Dörtgülde sowet häkimýetine garşy söweş edýär we

şowsuzluga uçraýar.1919 ýylyň 9-njy aprelinde SSSR bilen ýaraşyk baglaşýar.Ol 1924 I Garagum urşy,1927 II Garagum urşy.Bolşewiklere garşy gazaply urş alyp baryp emma şowsuzluga uçrap Sowet häkimýetine tabyn bolmazlyk üçin 1928 ýylda Eýrana,Owganystana göçüp gidýär.Onuň iki ogly bolupdyr.Eşşi,Eýmir igdir.Eşşi oglunyň nesilleri häzir ham Eýranda ýaşap ýörler.

### Ýusup han ( 1863/65-1920 ).

Ahal we Mary tekeleriniň hany Nurberdi hanyň Güljemal handan bolan ogly. Ol takmynan 1863/65 ýyllarda dogulýar.1920 ýyllarda aradan çykypdyr. Gowşut han bilen Nurberdi han aradan çykandan soň Ýusup ahn Maryly tekeleriň arasynda esasy hanlaryň biri bolýar. Ol 1884 ýylyň ýanwarynda Güljemal hanyň başyny başlamagy bilen çagyrylan Mary hanlarynyň geňeşiniň esasy guramaçylarynyň biri bolýar hem-de Mary tekeleriniň wekil toparynyň hany hökmünde oňa işjeňlik bilen gatnaşýar. Marynyň ähli hanlary bilen bir hatarda Ýusup han hem Aşgabada wekil bolup gelýär. Taryhy maglumatlarda aýdylşyna görä Aşgabada gelen wekilleriň hatarynda esasy hanlaryň dördüsi urug-tire hanlarynyň 24 –si bolupdyr. Bu ýerde Ýusup han Marynyň esasy hanlarynyň biri bolup çykyş edip, mary tekeleriniň orsýetiň raýatlygyna geçýändigini Zakaspi oblastynyň naçalnigi Komorowa habar berýär.Mary topragy Russiýa birikdirilenden soň patyşa hökümeti Ýusup hana ofiserlik çinini uly möçberdi ýer-suw peşgeş berýär. Ol Marynyň esasy hanlarynyň biri hökmünde Sankt-Peterburga iki gezek gidip, patyşa köşgünde myhmançylykda bolýar.

### Ýagşymuhammet han ( 1806- 1849 )

Ýagşymuhammet han (Ýagşymämmet) 1806 ýylda eneden bolýar. Ol Kaspiniň kenarynda ýaşan türkmenleriň görnükli syýasy we jemgýetçilik işgäri bolupdyr. Kyýat hanyň uly ogly bolan Ýagşymuhammet han ýetginjeklik ýyllaryndan başlap Kaspi deňziniň gündogar kenarlaryna gelen rus ekspedisiýalarynyň işine gatnaşýar.Ýagşymuhammet öz döwrüniň iň gurply söwdagärleri bilen bäsleşik edýär. Eýranly täjirleriň guran pirimi netijesinde 1842 ýylyň iýulynda Ýagşymuhammet han rus flotynyň ofiseri Ýe. W. Putýatin tarapyndan tussag edilýär. Ol birnäçe gezek arza ýazýar emma onuň arzasy hiç ýerde seredilmeýär. 1843 ýylyň 22-nji oktýabrynda Tblisi türmesinde gös-göni rus patyşasy Nikalaý I adyna arza ýazýar. Ýagşymuhammet arzasynda iki oglunyň özüne girew goýulmagyny we beýleki bir oglunyň bolsa okuwa ýerleşdirilmegini özüniň hem watanyna goýberilmegini haýyş edýär.

1844 ýylyň 17-nji oktýabrynda inisi Kadyrmämmet onuň üç ogluny aly gelýär. Hiç hili netije çykmansoň Kadymämmet 1845 ýylyň ýanwarynda yzyna gaýdyp gelýär. Şol ýylyň fewralynda Ýagşymuhammedi ogullary bilen bilelikde Sankt-Peterburga ugradýarlar,ýolda ony Woronež türmesinde goýýarlar. Ýagşymuhammet türmede 7 ýyl ýatýar, şol ýyllarda onuň arza ýazmadyk ýeri galmaýar. 1849 ýylyň 16-njy iýulynda

Ýagşymuhammet han aýralygyň,ýekeligiň zulumuna çydap bilmän 43 ýaşynda aradan çykýar.

## Iskender beg Munşi.

Alam Araýy Abbasy-gelip çykyşy boýunça Akgoýunly türkmenlerden bolan Isgender beg Munşi Sefewi şasy Abbas I şahsy kätibi we köşk taryhçylarnyň biri bolup.Öz hökümdarlarynyň ähli ýörüşlerine gatnaşyp şol döwrüň wakalaryny öz gözi bilen görüpdir.Abbas I ölenden soň 1629-1630 ýyllar aralygynda „Taryhy alam araýy Abbasy“atly eserini ýazýar.Ol bu işini ýazanda birnäçe çeşmelerden hem peýdalanyp (Meselem :Hasan bek Rumludan „Ahsan-at tawaryh“) öz eserinde Sefewiniň ilkinji döwründen Abbasyň döwrüne çenli wakalary beýan edipdir.Onuň bu eseri Girişden iki bölümden ybarat.Eserde Abbas I g.o Türkmenistany eýeleýşi,onuň özgerişlikleri,Şirwanda Kürdüstanda bolan gozgalaňlar hakynda ýazýar,Onuň bu eseri 1956-1957 ýyllarda Tähranda 2 tomluk kitap görnüşinde neşir edilýär.

## Hafizi Abru.

Abdulla ibn Lutfullah ibni Abdyreşit Hafizi Abru-ol Hyratda doglup Hemedanda bilim alýar.Dodlan senesi belli däl ýöne 1430 ýylda aradan çykýar.Ol ilki Teýmirleňiň,soňra Şahrugyň köşgünde gulluk edýär.Ömrüniň soňky ýyllarynda Şahrugyň ogly Baýsunkaryň Hyratdaky kitaphanasynda işläpdir.Ol Şahrugyň tabşyrygy boýunça 1414-1415 ýyllarda taryh we geografiýa degişli iki tomluk eser ýazýar.

I Tom-1419 ýylda

II Tom-1420-ýylda

Onuň bu eserriniň asyl nusgasy biziň döwrümize gelip ýetmändir.Şahrugyň we Baýsunkaryň tabşyrygy boýunça 1423 ýylda „Majma at Tawaryh ýa-da Zubda at Tawaryh“ atly dünýä taryhyna degişli 4 tomluk eser ýazýar.Onuň dördünji tomy Teýmirleňiň we Şahrugyň döwründen başlap,tä 1427 ýyla çenli ýazýar.Bu eser 1836 ýylda Fransiýada fransuz dilde Parižde neşir edilýär.

## Ysmamyt ata.

Görogly etrabynyň merkezinden 12 km g.o ýerleşýär.Ol X-XI asyra dedişli Eşret gala galyndylarynyň üstünde gurlupdyr.Bu ýadygärlik toplumynyň düzümünde Daşkeçe ady bilen belli bolan üsti 7 gümmezli karidor bar.Şeýlede metjid,myhmanhana,aşhana bolupdyr.Rowaýatlara görä bu ýadygärlikler toplumynyň ady Muhammet Pygameriň döwründe ýaşan we Horezme yslamy ýaýaratmak üçin gelen Ysym ibn Mahmydyň ady bilen baglydyr.

## Agamuhammet şa.

Eýranda Gajarlar nesilşalygyny esaslandyryjy Agamuhammet şa1742 ýylda eneden dogulýar.Ol Nedir şanyň ganym duşmany Muhammet Hasan hanyň ogludyr.nediriň ölüminden soň Eýrany dolandyrn Kerim han Zend 1764-1779 ýyllar arlygynda Agamuhammet hany Eýranyň Şiraz şäherinde 15 ýyl bendilikde saklapdyr.1779 ýylda Agamuhammet şa bendilikden gaçýar we Astrbada gelip,öz taýpasyny jemläp,häkimýet ugrunda göreşe başlaýar.Ol 1783 ýylda Astrbady,Mazendrany,Gilýany eýeleýär.1785 ýylda Tährany paýtagt edýär.1794 ýylda Zendleriň bar neberesini gyryp,bütin Eýrany özüne tabyn edýär.Ol Gürjüstana jemi iki gezek ýöriş edýär.

1.1795-ýylda Munda Tiblisi basyp alýar.

2.1797-ýylyň maýynda Gürjüstana ikinji gezek ýörişi mahalynda öz harby serkerdesi tarapyndan öldürilýär.Ol 1796 ýylda özüni Eýranyň şasy diýlip yglan edilen ýyly EtrekGürgendäki ýomut-gökleňleriň üstüne ýöiş nedip,300 adamy girew edip alyp gaýdýar.

## Ahmet şa (Durrany).

Owganystanda özüniň Durranylar döwletini döreden Ahmet şa Durrany 1720/21 ýylda abdal taýpasynyň sadozaý tiresinde dünýä inýär.Ol 1738 ýyldan başlap,Nedir şanyň goşunynda gulluk edipdir.Nedir şa ölenden soň öz döwletini döredip,1748-1757 ýyllarda Penjaby,Kaşmiri,Bulujystany,Sindi,Balhy eýeleýär.Ol 1750/51 ýyllarda Horasana birinji gezek,1752 ýylda ikinji gezek,1753/55 ýyllarda üçünji gezekýöriş edip,az wagtlyk Maşady,Nişapury eýeleýär.1761 ýylda Panipatyň etginde hindilere degişlo bolan Marathlar bilen urşup,uly ýeňiş gazanýar.1753-1755 ýy;larda Etrek-Gürgendäki ýomutgökleň türkmenler bilen gatnaşyk açyp başlaýar.1754 ýylda Etrek-Gürgenden Ahmet şanyň ýanyna delegasiýa ugraýar.Ahmet şa 1754 ýylyň awgustynda EtrekGürgendäki ýomutlara iki gezek perman ýazylan hay ýollaýar.1-nji permen 1754 ýylyň 6njy awgustynda ýazyp onda türkmen kethudalarynyň 28-niň adyny ýazyp belläp geçýär.Ahmet şadan soň Teýmir şa (1773-1793),Zaman şa (1793-1801) Ahmet şanyň Durrany ady dürleriň içinde dür diýen manyny berýär.Magtymguly pyragy Ahmet şa bagşlap „Arşy aglaýa“ diýen goşgusyny ýazýar.

## Şamyrat Welnamynyň Merwe ýörişleri.

Çagaka Begjan,ulalansoň Şamyrat Welnamy ady bilen tanalan Buhara hökümdry 1785 ýylda Merwe birinji gezek ýöriş edýär.Şol wagt Merw Gajarlara degişli bolup,onuň häkimi Baýramaly han eken.Merwiň alkymyna gelen Welnamy esasy güýçlerini bukuda goýup,1000 atlysy bilen Baýramaly hanyň galasyna ýöriş edýär.Şol gije Baýramaly han hem galadan çykyp,Buharylar bilen söweşmek üçin urşa başlaýar.Emma Buharalylaryň bukudaky goşunlary söweşe girip Baýramaly han ýeňilýär we öldürilýär.Onuň ähli neberelerini bolsa Buhara Samarkanda äkidýärler.

1790 ýylda Şamyrat Welnamy ikinji gezek Merwe ýöriş edip,bu gezek 1000 pil,2000 palta bilen Soltanbendi ýumurdýar.

## Muhammet Kazym we onuň „Älemiň bezegi Nedir şanyň kyssasy“ atly eseri.

Muhammet Kazym 1720/21 ýyllarda Merwde dogulýar we şol ýerde özüniň çagalygyny geçirýär.Takmynan ol 1727 ýylda maşada gidip,tä 1737 ýyla çenli Seýit Aly Mazendranynyň medresesinde okap bilim alýar.Onuň kaksy we özi Häzirbegjanyň dikmesi bolan Nedir şanyň kiçi dogany Ybraýymyň gullugynda bolupdyrlar.Özüniň Nedir şa wepalylygy we döwlet işlerinden ökde baş alyp çyakrýandygy bilen Muhammet Kazym Merwe häkim bellenip,soňy bilen wezirlik derejesine göterilýär.Nedir şa ölenden soň 1749/50 ýyllar aralygynda „Älemiň bezegi Nedir şanyň kyssasy“,(Name-i alam ara-i Nedir) atly eserini ýazýar.Bu eser 3 tomdan ybaratdyr.

I Tom-1688-1736-ýyllaryň wakalary.

II Tom-1736-1743- ýyllaryň wakalary. III

Tom-1743-1747- ýyllaryň wakalary.

Muhammet Kazym 1753 ýylda aradan çykýar.Bu eseriň golýazmasy öňki Leningradyň Ylymlar Akademiýasynyň g.d öwreniş institutynyň golýazmalar fondunda saklanýar.1940 ýylda N.Mikluha Maklaý şao fontdan bu eseri tapyp,ony rus diline terjime edip,1953 ýylda bu eser Moskwada we Leningradda rus dilinde çap edilýär.

## Hywawat galasy.

1740 ýylda Nedir şa Hywany eýeländen soň Horosanda gul edilip saklanan 4000 adamy boşadypdyr.Olar üçin Abiwertde ýörite gala gurdurypdyr.Bu gala häzir Kakadan 20 km uzaklykda ýerleşip,onuň taraplarynyň ölçegi 1100x800 m deň bolupdyr.XVIII asyrda bu galada 16000 adam ýaşapdyr.Onda köp sanly togalak pagsadan galdyrylan diňler bolupdyr.Onuň 2 derwezesi bolup,biri g.b beýlekisi d.m-g.d ýerleşipdir.

## 1826 ýylda Hywa hanlygyna garşy Merwdäki gozgalaň.

Hywa hanlygynyň häkimýetine garşy türkmenleriň başlan bu gozgalaňynyň birnäçe sebäpleri bolupdyr.

I.1826 ýylda Hywa hany Allaguly han saryk we salyr türkmenleriň belli kethudalaryny maşgalalary bilen zorlap,Hywa göçürip alyp gidýär.

II.Allaguly han Maryda ýaşaýan tekeleriň belli kethudalaryny Eýran bilen gatnaşyk etmekde aýyplap,öldürýär.

III.Ilatdan alynýan salgytlar.

1826 ýylda Marydaky saryk türkmenleri Hywa dikmesi Sähetgulyny öldürüp,oňa degişli bolan Egrigüzer galasyny basyp alýarlar.Emma bu galada saryklardan başga tekeler hem ýaşap,iki taýpa özara oňuşmandyrlar.Tekeler Abdyrahman Halypanyň ýolbaşçylygynda Egrigüzeri taşlap,Öwlüýalydepe galasyna gaçýarlar.Hywa hany Allaguly han öz ogluny sarykalaryň ýanyna ugradyp olaryň tabyn bolmagyny talap edpdir.Emma uzaga çeken gepleşikler saryklaryň garşylyk görkezmekleri bilen tamamlanypdyr.Şondan soň Allaguly han saryklaryň arasynda düzgüni dikeltmegi Abdyrahaman Halypa tabşyrýar.Saryklaryň bir bölegi Hywa hanyna boýun egen hem bolsa olaryň Suhty we Baýraç ýaly tireleri garşylyk görkezmeklerini dowam etdiripdir.Muňa gahary gelen Allaguly han 1828 ýylda uly goşun bilen gelip,bu gozgalaňy basyp ýatyrýar.

## 1843 ýylda Merwde bolan gozgalaň.

1841 ýylda Buhara emiri Nasrulla Bahadur Mary türkmenlerine gizlin hat ýazyp,hywalylary kowup,Buhara emirine geçmegi teklip edipdir.Emma iberilen hat gizlin hem bolsa Hywa hany Allaguly han eştýär we şol 1841 ýylda öz mirasdüşeri Rahmanguly hany uly goşun bilen Mara iberýär.Rahmanguly Maryny güýç bilen özüne tabyn edip,Pendide ýaşaýan ärsarylaryň üstüne ýöriş edýär.

Hywada hanlyga saýlanan Rahmanguly han 1843 ýylda dogany Muhammetynagy Mara ýörişe ugradýar.Emma Marynyň alkymyna gelende Buhara goşunlarynyň Hywa çozanlygy baradaky habary eşidip yzyna gaýdýar.Marydaky tekeler,saryklar,salyrlar bu ýagdaýdan peýdalanyp,Hywanyň Marydaky dikmesi Nyýazmuhammet baýy öldürýärler we Hywa garşy gozgalaňa başalýarlar.

Hywa hany Rahmanguly 1844 ýylda uy goşun bilen Mara ýöriş edýär.Ýöleteniň eteginde bolan söweşde hywalylar ýeňiş gazanyp bilmän yzyna dolanýarlar.Mary türkmenleriniň bu gozgalaňy uzak dowm edip,diňe 1851 ýylda Hywa hany Mädemin hanyň Mara we Tejene eden IV ýörişiniň netijesinde basylyp ýatyrylýar.

## Abulgazy we onuň „Şejereýi Terakime“atly eseri.

Arapmuhammet hanyň (1602-1621) 7 ogly bolupdyr. Isfendiýar,Abulgazy,Hebeş,Ilbars,Şeripmuhammet,Horezmşa,Awgan.
Abulgazy 1603 ýylda Ürgençde dünýä inýär.Onuň adyndaky gazy sözi „din ugrunda söweşiji“ diýen manyny berip,kakasy Arapmuhammet Ural gazaklaryndan üstün çykandan 40 gün soň Abulgazy goglandygy sebäpli şeýle at dakýar.Abulgazynyň ejesi Mähriban hanym.Kakasy Abulgazyny 16 ýaşda öýerip,ürgenjiň ýaryny mülk edip berýär.Arapmuhammediň özi bolsa paýtagtyny Ürgençden Hywa geçirip,şol ýerde ýaşaýar.Onuň beýleki ogullary Hebeş bilen Ilbars birinji gezek 1616 ýylda gozgalaň edýär.Arapmuhammet olara Wezir şäherini mülk hökmünde berýär.1621 ýylda ikinji gezek gozgalaň turzup,kakalaryny tagtdan düşürýärler.1627 ýylda Abulgazy özbeklere

daýanyp,agasyna garşy gozgalaň edýär.Emma ýeňlip gazak hany Işim hanyň,Daşkendiň häkimi Dursun hanyň,Buhara hany Ymamguly hanyň ýanyna gaçýar.1628 ýylda yzyna Hywa dolanyp gelýär we öz agasyna sygynýar.

Ol Hywa hany bolan döwründe 1660-1661 ýyllarda „Şejereýi Terakime“ady bilen türkmenlere gagşlap eser ýazýar.Bu eseri ýazmak üçin Abulgazy 18 golýazmadan peýdalanypdyr.Şolaryň içinde Reşideddin Fazlallahyň eseri hem bardyr.

1897-Tumanskiý rus diline terjime edýär. 1958-akademik Kononow.

1991-türkmen diline Tejen Nepesow,Gandym Gurbanow terjime edýär.

## Gmeliniň we Woýnowiçiň ekspedisiýalary.

Russiýa gelen nemes syýahatçysy Samuel Gmelin Peterburgyň ylymlar akademiýasynyň geografiýany öwreniji jemgyýetinde agza bolup russiýanyňhalkynyň,şeýle-de Merkezi Aziýa halkynyň ýaşaýyş durmuşy bilen içgin gyzyklanýar.Ol 1764 ýylda hazaryň d.m- g.d kenaryny öwrenen Tokmaçow,W.Ladyženskiý ýolbaşçylygyndaky rus ekspedisiýanyň maglumatyny içgn öwrenip Peterburgyň Ylymlar akademiýasynyň tabşyrygy boýunça 1773 ýylda Müňgyşlaga we hazaryň g.d-ynda barlag ekspedisiýasy bilen gelýär.Ol esasan bu sebitleriň geografik aýratynlyklary,söwda ýollary,ýerli halkyň ýaşaýşyny öwrenipdir.Samuel Gmeliniň ekspedisiýasynyň doly maglumatlary 1958 ýylda Aşgabatda rus,türkmen dillerinde çapdan çykarylýar.

Asly ýokary harby begzadalar maşgalasyndan bolan 2-nji derejeli kapitan graf M.I.Woýnowiç 1781 ýylyň 11 iýunynda Hazaryň ürkmen kenarlaryny öwrenmek üçin Astrahanda ýörite barlag ekspedisiýasynyň taýýarlyk işlerine başlap,22-nji iýnda doly taýýarlyk gutarandan soň 1781 ýylyň 29-njy iýunynda özüniň ekspedisiýasyna başlaýar.hazaryň türkmen kenaryna gelip,bu ýerde ilki bilen 1781 ýylyň 21 iýulynda Ogurjaly ada gelýär.Soňra balkan aýlagynyň golaýyndaky sebitlere ekspedisiýa geçirýär.Woýnowiç öz ekspedisiýasynyň dowamynda şeýle maglumat berýär:“hazaryň bu kenarynda ululy-kiçili adalaryň sany örän köp.Ýöne men bularyň içinde Ogurjaly adasyny,Derwüş adasyny we Nebitli adasyny belläsim gelýär.Bu sebitlerde nebit we daş duzy örän köp.Emma adalarda ýaşaýyş az.Meselem:Nebitli adada 30 maşgala bar.Balakan aýalagynyň d.m bölegine gyzylsuw diýilýär.Bu aýlagda 2000 türkmen ýaşaýar“Woýnowiçiň ekspedisiýasy 1781 ýylyň sentýabyrynda tamamlanýar we Astrahana gelýär.

**Ýermolow A.P. (1777-1861)** – rus goşunlarynyň 1816-njy ýyldan başlap baş serkerdesi. Ol 1812-nji ýylyň watançylyk urşuna gatnaşyp uly şöhrat gazanan generallaryň biri

boupdyr. Ol tä 1827-nji ýyla çenli Kawkazdaky rus goşunlarynyň baş serkerdesi wezipesini ýerine ýetiripdir.

**Maýor M.N. Ponomarýow we kapitan Murawýowyň ekspedisiýasy** Bu ekspedisiýanyň esasy maksady: 1) Hazaryň kenarlaryny barlap görmek; 2) türkmenler bilen dostlukly aragatnaşygy ýola goýmak; 3) türkmenleriň ruslara garaýşyny öwrenmek; 4) Hywadaky syýasy ýagdaýlary anyklamak.

Bu ekspedisiýanyň düzümine iki sany gämi, ýagny „Kazan“, „Keramatly Polikarp“ atly gämiler girip, ruslar 1819-njy ýylyň 28-nji iýulynda Hazaryň türkmen kenaryna gelýärler. Şol ýylyň 6-njy awgustynda Ponomarýow Kyýat han bilen duşuşyp gepleşikler geçirýäler. Eksýedisiýa 1,5 aý (1819, sentýabr çenli) dowam edip kapitan Murawýow köp maglumatlar toplandan soň türkmenleriň kömegi bilen Hywa tarap ugrapdyr. Hywa hany Muhammet Rahym oňa ynamsyzlyk bilen garap, ony 48 günläp Ilgeldi galasynda zyndanda sakladypdyr.

1821-nji ýylyň iýun-noýabr aýlarynda ruslaryň Ýermolowyň buýrugy boýunça ikinji ekspedisiýasy Hazaryň türkmen kenarlarynda bolupdyr. Oaň indi kapitanlykdan ösdürilen polkownik N.N. Murawýow ýolbaşçylyk edipdir. Ol esasan Çeleken adasyny, Balkan aýlagyny we Balkan daglaryny, Gyzylsuwy içgin öwrenipdir. Kapitan Murawýoow 19njy dekabrda Kawkaza dolanyp barýar.

**Kapitan N.N. Murawýow (1793-1867)** – Ol 1812-nji ýylyň watançylyk urşuna gatnaşyp uly şöhrat gazanan rus serkerdeleriniň biri. Ol ekspedisiýa bilen türkmen ýerlerine gelende Esengulydan tä Gyzylsuwa çenli aralyklary öwrenipdir. Öz ekspedisiýasynyň netijesinde ol „Türkmen ýerlerine we Hywa syýahat“ atly iki tomluk kitap ýazyp 0ny

1822-nji ýylda Mosakwada neşir etdirýär. Türkmenler oňa hormat bilen Myrat beg diýip at beripdirler.

## Kareliniň ekspedisiýasy.

1832 ýylda I ekspedisiýasyny guraýar we onuň maksady. a)Hazaryň d.m-g.d Müňgyşlak ýerlerini öwrenmek.

b)Gala berkitme gurmak üçin amatly ýer eýelemek.

Bu ekspedisiýa 4 aý dowam edipdir,ol köp maglumatlar ýygnapdyr.Kareliniň haýyşy boýunça oňa kömek bermek üçin Müňgyşlakdaky igdir,abdal,bozajy türkmenler bardyr.

1836 ýylda II ekspedisiýa.maksady: a)hazaryň g.d keneryny öwrenmek.

b)Türkmenler bilen goňşy ýurtlaryň gatnaşyklaryny bilmek.

ç)Söwda ýolaryny we tebigy baýlyklaryny öwrenmek.

d)Garabogaz aýlagyny öwrenmek.

Ekspedisiýa üçin 40.000 rus rubl pul goýberlipdir.Onuň düzümüne 74 adam giripdir.Topografik çyzgylary geçirmak üçin kapitan Blarenberg,inžiner Felkner we ş.m gatnaşypdyr.1836 ýylyň 19-njy aprelinde Astrahandan çykyp,24-nji maýda Çelekene gelýär.31-nji maýda Esenguly aýlagyna gelýär.13-nji iýulda Esenguly obasyna gelýär we ýomut hany bilen duşuşýar.1836 ýylyň 1-nji noýabrynda Karelin Astrahana gelýär.Onuň ýanynda Kyýat hanyň kiçi ogly Kadyrmämmet bolupdyr.Kadyrmämmet 1837 ýylda Nikolaý I bilen duşuşýar.Kareliniň ekspedisiýalary baradaky kitap 1883 ýylda çykýar.

## Amangeldi Gönübek (1830-1879).

Amangeldi Orazaly ogly 1830 ýylda Gökdepe galasynda dogulýar.Ol köp ýyllary Babarap,Ýaňgala obalarynda geçirýär.Ömrüniň soňky ýyllaryny Gökdepe galasynda geçiripdir.10-12 ýaşlarynda kakasy aradan çykýar.Uly ogly bolansoň maşgalany eklemek Amangekdiniň başyna düşýär.Şol sebäpli ol obada çopançylyk edýär.Amangeldi ýaşlykdan aýdym-saza höweslidi.Ol saz çalmagy sazanda bolmagy öz öňünde maksat edinýär we şol sebäpli öz obadaşy Hemra Şyhdan dutar çalmagy öwrenýär.Amangeldi Gönübek Nurberdi we Gowşut hanyňkyda myhmançylykda bolup,onuň atly nökerlerine saz çalyp beripdir.Ol Ahalda Gökdepäniň Ýaňgala obasynda bagşy sazandalaryň birinji duşuşugyny geçiripdir.Şol duşuşuga Garadäli Gökleň,Şükür bagşy,Batyr bagşy,Gulgeldi ussa ýaly ökde sazanda bagşylaryň onlarçasy gatnaşypdyr.Bu duşuşuk üçin Nurberdi han Amangeldä köp sagbolsun aýdypdyr.Amangeldiniň şägirdi „Kel bagşy“ lakamy bilen tanalýan Batyr bagşydyr.Gönübek 10 perdeli dutaryň perdelerini 13-e ýetirip 13-nji perdäni bogan sazanda hasaplanýar.Onuň Bedew,Gökdepe mukamy,Aýralyk mukamy,Heserli,Ýigitler we başgada birnäçe mukamlary biziň günlerimize gelip ýetipdir.Amangeldiniň näçe saz döredendigi barada anyk maglumat ýok emma welin biziň günlerimize 60 golaý saz eserleri gelip ýetipdir.Gönübek 1877 ýylda Gökdepe galasynyň gurluşugyna gatnaşypdyr.Ol 1879 ýylyň 28-nji awgustynda bolan söweşde 49 ýaşynda aradan çykýar.

## Nobat bagşy (1900-1938).

Nobat Amansähedow 1900 ýylda Tagtabazar etrabynyň Baýraj obasynda eneden dogulýar.Geljekki tanymal aýdymçy,dutarçy,gyjakçy,tarçy we sazanda kompazoter Nobat ýaşlygyny obada geçirýär.Nobatyň kakasy Amansähet we kakasynyň dogany Gurban bagýy sazanda bolupdyr.Onuň halypasy Gurban bagşy bolupdyr.Nobat 20 ýaşa ýetende birkemsiz ussat sazanda we bagşy bolup ýetişipdir.Uspenskiý Nobat bagşydan 3 aýdymy ýazyp alýar.“At çapar',“Aýjemal“,“Ýa Rahym“.Uspeniskide aýratyn hem „Zulmy köpdür

ol daglaryň“ atly aýdym uly täsir galdyrypdyr.Nobat bagşynyň birnäçe aýdymlary radioda ýaňlanypdyr.Bagşy 1938 ýylda aradan çylýar.

## Şükür bagşy (1831-1928).

Ol häzirki Kaka etrabynyň Duşak obasynyň Hurmantgökje diýen ýerinde eneden doglan.Gökdepe,Bäherden,Wekilbazar,Sarahs ýaly ýerler onuň dürli döwürlerde düşlän mesgeni bolupdyr.Onuň halypasy Sarahsly Aly Bagşy bolupdyr.Şükür Garrygala,Gyzyletek,Hywa sebitlerde hem bolup toý –meýlislerde saz çalar eken.Halk arasynda aýdylşyna ol 1871 ýylda Eýranyň bir welaýatynyň hökümdaryna ýesir düşen agasyny,saz bäsleşiginde üstün çykyp zyndandan boşatmagy başarypdyr.Şu wakadan soň onuň abraýy artýar.Rus alymy Wiktor Uspenskiý 1926 ýylda Şükür bagşy bilen duşuşýar.Ol ilkinji bolup Şükür bagşyny surata düşürýär.“Söýli han,“ „Gelin ýörüşi,“ „Şordan tapyldy“ ýaly aýdymlary Şükür döretdi. 1991 ýylda Şükürüň doglan gününiň 160 ýyllygy bellendi.Onuň adyna daýhan birleşigi döredilýär.Nury Saryhanowyň „ Şükür bagşy“poemasy esasynda 1963 ýylda Bulak Mansurow kino düşürdi.

**Girman bagşy (1906-1950).** Girman bagşy häzirki Tejen etrabynyň Amaşagapan obasynda dünýä inýär.Ilkinji tälimi kakasy Ýagşysähet bagşydan alýar.Çagalygyndan ol Şükür bagşy,Nobat bagşy,Hydyr bagşy,Mylly Täçmyradowdagy bilen duşuşyp,olaryň saz sungatyny öwrenipdir.19381939 ýyllarda Girmanyň maşgalasy ilki Murgaba soňra Sakarçäge etrabyna göçüp gelýärler.Ol meşhur Annaesen bagşyny öz halypasy hasaplap,ondan akpata alýar.Ol Daşkent şäherine gidip,özüniň 4 sany aýdymyny ýazga geçirýär.Onuň „Gürjüniň“,“Düşmüş“,“Ala gaýyşly“ ýaly aýdymlary bize miras galypdyr.1992 ýylda Sakarçage etrabynyň Garaýap geňeşliginde bagşyny hatyralap uly dabara geçirilip,Kirew diýen birleşigine bagşynyň ady dakylýar.

## Mylly Täçmyradow (1886-1960).

Gökdepwe terabynyň Ýaňgala obasynda dogulýar.Ol ýaşlygyndan aýdym saz sngatyna höweslenipdir.Onuň ilkinji halypasy Kel bagşy bolupdyr.Şükür bagşy,Oraz Salyr dagy bilen duşuşyp olaryň saz sungatyny hem içgin öwrenipdir.1925 ýylda Uspenskiý bilen duşuşansoň ol Aşgabada gidip,ilki türkmen radiosynda bagşy sazanda,soňra bolsa türkmen döwlet filormoniýasynda halk saz gurallr ansamblyna ýolbaşçylyk edýär.1935 ýylda Daşkentde,Moskwada geçirilen saz ýazgylaryna gatnaşýar.Onuň döreden sazlary „Gyzyl baýdak“,“Hasyl“,“Hüjüm“ we ş.m.

## Sahy Jepbarow (1905-1977).

Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda dogulyp,ilkinji tälimi agasy Allaberdi bagşydan alýar.Soňra Şyhdurdy Garadan tälim alyp,aýdym-sazyň dürli tärlerini öwrenipdir.Ol Täçmämmet Suhanguly,Mylly Täçmyradow,Pürli Saryýew,sary bagşy dagy bilen yanşyp olaryň hem saz sungatyny öwrenipdir.1935 ýylda Moskwada geçirilen aýdym-saz ýazgysyna gatnaşypdyr.Ol „Altyň biri“,“Ýarap borka“,Aşyk men“ ýaly birnäçe aýdymlary we sazlary döredip bize miras goýup gidipdir.

## Pürli Saryýew (1901-1971).

Ol Baharly etrabynyň Bamy obasynda dogulýar.Ilkinji tälimi Sary bagşydan alýar.Ol meşhur gyjakçylar Aly Seýit,Hanmämmet Allanur dagydan çalmany öwrenipdir.1926 ýylda ol Uspenskiý bilen duşuşyp onuň çakylygy bilen Aşgabada gelýär we Nobat bagşy,Garly bagşy dagylar bien Türkmen döwlet sazçylyk tehnikumynda mugallym bolup işleýär.Soňy bilen ol türkmen döwlet filormoniýasynda halk saz gurallar ansamblyna ençeme ýyl ýolbaşçylyk bolýar.Ol 1935 ýylda Moskwada geçirilen saz ýazgysynda „Ýusup owgan“ „Garadäli“ „Bagyşlanýar“ ýaly sazlaryny ýazgy etýär.Ol aradan çykandan soň halk saz gurallar akademýasyna onuň ady dakylýar.

**Iňlis-rus bäsleşigi.** 1871-1914 ýylda dünýäniň şol wagtky ösen ýurtlary Azýada we Afrikada täze ülkeleri basyp alyp bakna ýerlere öwürmek ugrunda özara göreşe başlapdyrlar.Bu göreşde russiýa hem çetde durmaýardy.1853-1856 ýylda bolan Krym urşunda russiýa Osman imperýadan ýeňilýär.Şol sebäpli halkara abraýy dikeltmek üçin,täze çig mal çeşmesi hökmünde hyzmat edip biljek ýerleri eýelemek üçin ol Angliýa bilen gapma-garşylykly bäsleşige başlaýar.1869-1871 ýylda russiýa garşydaşy bilen Türkmenistany eýeländen soň onuň Angliýa bilen „G d meselesi“ ýüze çykýar.18771878 ýylda rus ,türkmen urşunda russiýa uly ýeňiş gazanyp hat-da Stambulam basyp almakçy bolupdyr.Emma AngliýaTurkýanyň tarapynda durup russiýa diplomatik ýollar arkaly haýbat atypdyr.Netijede 1878 ýylyň Iýul Berlin korgus bolup Onda Angliýa Osmanly türkleriň Aziýadaky ýerlerini ruslardan goramaga borçlanyp hat-da Awstriýa bilen russiýaň garşysyna ylalaşyga gol çekipdir.Bu hem russiýanyň Germanýa bilen ýakynlaşyp 1879 ýylda Rus- German dostlukly gatnaşyklary hakynda şertnama baglaşmana getirýär.Şu wakalardan soň Russiýa 1879-1885 ýylda Merkezi Aziýanyň goňşy oturan we g.or we g.o-g.d ýerlerini basyp almagy bilen Iňlisleriň täsiri astynda bolan Eýran we Owganystan döwletleri bilen serhet meselesinde ylalaşyk baglanyşmagy bilen tamamlanýar.

.

## Sowet häkimýetiniň jar edilmegi, onuň ilkinji permanlary.

1917 ýylda Oktýabr rewolýusiýasyndan soň bolşewikleriň ýolbaşçylygynda häkimýete gelen sowet hökümeti özüniň ilkinji permanlaryny çykarýar.Ýagny ýer we ýaraşyk hakynda dekretler,şeýle-de russiýadaky halklaryň azatlygy deňhukuklygy hakdaky taryhy beýannamalar.

1.Ýaraşyk hakynda dekret-1917 ýylyň 26 oktýabrynda Sowetleriň bütin russiýa gurlutaýy geçirilip onda ýaraşyk hakynda dekret kabul edilýär. Ýaraşyk hakynda dekrediň asyl maksady ruslary 1-nji jahan urşundan çykarmakdy.1917 ýylyň 9 noýabrynda Lenin radio arkaly rus esgerlerine,matroslaryna ýüzlenip,haýal etmän urşy bes etmek we ýaraşyk hakyndaky gepleşikleri geçirmäge çagyrypdyr.1918 ýylyň 3-nji martynda Russiýa garşydaş döwletler bolan Germaniýa,Awstriýa-Wengriýa,Turkiýe we Bolgariýa bilen Brest ýaraşyk şertnamasyny baglaşyp,1-nji jahan urşundan çykýar.Şertnama boýunça a)Russiýa Germaniýa 6 mlrd marka-konterbusiýa tölemeli.

b)Polşa,Latwiýe,Litwa, ýerleriniň bir bölegi Germaniýa berilýär.

Şundan soň Russiýanyň ýeri 150.000$^2$km çenli azalýar.

2.Ýer hakynda dekret-1917 ýylyň 26/27 oktýabrynda Sowetleriň bütin Russiýa gurlutaýynda kabul edilen dekretdir.Bu dekret ýere bolan hususy eýeçiligi ýatyryp,ähli ýerler döwlet eýeçiligine degişli diýilýär.Indi ýeri mülk hökmünde saklamak,satmak,kärendesine bermek,girew goýmak gadagan edilýär.Döwletiň haýryna geçen ýerlerden 150 mln desýatyn ýerler ýersiz daýhanlara mugtuna berilýär.Şeýlede Sowet häkimýeti 300 mln manady oba-hojalyk gurluşugyna hem daýhanlara kömek hökmünde berýär.Şu dekretleriň esasynda 1922 ýylda Ýer hakyndaky Kodeks kabul edilýär.1925 ýylyň 23-nji maýynda TSSR Halk Komissarlar Soweti hem „Ýerden peýdalanmagy düzgünleşdirmek hakynda“ ýörite dekreti kabul edip,onda TSSR-iň çägindäki ähli ýerler döwlet ýerler diýlip bellenýär.Sowet häkimýeti Russiýanyň çäginde ýaşaýan ähli halklary öz tarapyna çekmek üçin 1917 ýylyň 2-nji noýabrynda „Russiýa halkynyň azatlygy we deňhukuklylygy“ hakynda ýörite beýennamany (Deklorasiýa) kabul edýär.

## Sowet häkimýetiniň ilkinji geçiren syýasy we ykdysady çäreleri.

17-nji oktýabrda häkimýete gelen Sowetler özleriniň ilkinji permanlaryny çykarandan soň käbir syýasy çäreleri geçirmäge mejbur bolupdyrlar.Leniniň baştutanlygynda HKS „Ruslaryň we g.d-yň ähli zähmetkeş musulmanlary hakynda“diýen ýörite jarnama kabul edilip onda Russiýadaky musulman halklaryň öňki ezijilikli sütemli düzgünlerden halas edilip ruslaryň beýleki halklary bilen deň derejede görülýändigi beýan edilýär.Leniniň ýolbaşçylygynda 1918 ýylyň 18-nji ýanwarynda „Zähmetkeş halklaryň hukugy“ atly ýörita beýannamany kabul edýär.Russiýada agyr ykdysady ýagdaý dowam edýän şertinde 1918

ýylyň 21-nji noýabrynda Leniniň ýolbaşçylygynda ilaty azyk bilen üpjün etmek gönükdürilen „Ilaty azyk önümleri we hojalyk harytlary bilen üpjün etmek hakda“ýörita dekret kabul edilýär.Emma muňa garamazdan agyr syýasy we ykdysady ýagdaý halkyň arasynda bolşewiklere bolan garşylygy soňy bilen raýatlyk urşunyň başlanmagyna getiripdir.

**Raýatlyk urşy ýyllarynda Sowetleriň alyp baran „Harby komminizm ykdysady syýasaty“.**

Raýatlyk urşy ýyllarynda Sowet hökümetiniň alyp baran ykdysady syýasaty Harby kommunizm ady bilen belli bolup,ol iki sany meseläni çözmelidi.

1.Sowetlere uruşda ýeňmek üçin azyk we beýleki önümleriň toplanmagyny üpjün etmelidi.

2.Geljekki Kommunistik jemgyýetiň düýbüni tutmalydy.

1918 ýylyň 13-nji maýynda RSFR-iň HKS „Azyk önümçiligi boýunça halklaryň aýratyn ygtyýarlyklary hakynda „ýörite dekret kabul etdi.Bu hem soňy bilen Harby kommunizm syýasatynyň özenini düzüpdir.Bu dekrete laýyklakda Sowet häkimýeti ýerli daýhanlaryň elinden olaryň artyk önümlerini zor bilen almaga ýa-da şol önümleri bazarlarda satmagy gadagan edidirler.Bu ykdysady syýasatyň döwründe işçi daýhanlardan 1.13 mln put bugadaý zorluk bilen alnypdyr.1920 ýylda Harby kommunizm syýasatyna garşy ençeme gozgalaňlar bolup geçýär.Diňe 1921 ýylda TYS geçilenden soň Harby kommunizm syýasatyndan ýüz öwrülipdir.

## Goçmämmet han Sopyýew.

Köneürgenç etrabynyň Ýaglyoý bobasynda dogulýar.Ol ýomut taýpasynyň salak tirasinden bolupdyr.1916 ýyldaky Hywadaky türkmenleriň gozgalaňyna gatnaşandygy üçin onuň kakasyny we daýysyny General Galkin öldürüpdir.Goçmämmet han olaryň aryny alamak üçin Hywa hanlygyna garşy ata çykypdyr.1918 ýylyň ahyryndaň ol Jüneýit hany goldap oňa gulluk edip başlaýar.Emma 1919 ýyldan başlap,Jüneýit handan daşlaşýar we sowetler bilen bilelikde HHSR-yň döredilmegine işjeň gatnaşýar.Ol HHSR döredilenden soň onuň Nazirler sowetiniň (ministirler sowtiniň) baş orunbasary wezir bellenýär.1920 ýylyň15 sentýabyrynda.HHSR-daky sowet goşunlarynyň goşunbaşysy Dubýanskiniň gatnaşmagynda Goçmämmet han haýynlyk bilen Hywada öldürilýär.Onuň 500 golaý adamly harby otrýady tussag edilip Daşkende tarap sürgün edilýär.

**Mollaoraz Hojamämmedow (1870-1960).** HHSR-na işeňňir agtnaşyjy.Ol ýomutlaryň maşryk tiresinden bolup,1913 ýyldan başlap,Hywa hany Isfendiýara garşy çykyş edip başlaýar.Isfendiýaryň sdalgytlaryny masgaralanlygy üçin 1915-1916 ýyllar aralygynda zyndanda ýatýar.1917 ýylyň noýabryndan başlap,sowetler bilen ýakynlaşýar we Jüneýit hana garşy göreşmek üçin sowetlerden kömek sorap Daşkende iki wekil ugradýar.1920 ýylyň fewralynda Hywa hany agdarlandan soň

Mollaoraz Hojamämmedow wagtlaýyn rewolýusion komitetiň düzümüne girýär.Soňra 1921 ýylyň ýanwarynda Türkmen Ýerine Ýetiriji býurosynyň başlyklygyna saýlanýar.OL HHSR-nyň hökümetiniň agzalary bilen Moskwa barýar we Bolşewikleriň serdary Lenin bilen duşuşýar.Şol duşuşukda Lenin Mollaoraz
Hojamämmedowa öz gyzyl sagadyny sowgat berýär.Mollaoraz Hojamämmedow bitiren hyzmatlary üçin 1922 ýylda „Gyzyl baýdak“ordeni bilen sylaglanýar.Ol Köneürgençde ölýär we şol ýerde jaýlanýar.

## Abdyhekim Gulmuhammedow (1879-1931).

1880-nji ýyllaryñ ortalarynda häzirki Lebap welaýatynyñ Halaç etrabynyñ Akdere obasynda doglupdyr. Ol ilki öz obasyndaky mekdebi, soñra Gyzylaýakdaky medresäni tamamlapdyr. Abdylhekim Buhuranyñ "Çar minar" medresesinde okap, ahunlyk dini derejänem alypdyr. Ýöne Abdylhekim dindar bolup gitmän , dünýewi ylym alyp, dünýewi ugurdan giripdir. Ol 1910-njy ýylyñ başynda Türkiýä gidip , Stambuluñ Darulfunun uniwersitetine okuwa girýär. Ol Türkiýede okaýaka Türkiýäniñ görnükli syýasy liderleriniñ hem harby ýolbaşçylarynyñ biri Enwer Paşa bilen ýakyndan tanşyp , onuñ bilen soñam onuñ bilen ýakyn gatnaşykda bolupdyr.

Abdylhekim Gulmuhammedow döwriniñ syýasy hereketine işjeñ gatnaşypdyr.Ol 1918nji ýylyñ sentýabrda Buharada deredilen kommunistik partiýanyñ ilkinji döredijileriniñ hem ýolbaşçylarynyñ biri bolupdyr. Abdylhekim Gulmuhammedow 1920-nji ýylda sentýabrda Buhara emirine garşy gozgalaña gatnaşyp , täze döredilen Buhara Halk Respublikasynyñ harby neziri (ministri) bellenýär. Ol Buhara respublikasynyñ milliligini ýitirip bolşowikleşmegine garşy protest bildirip, hökümentden çekilip , Owganystana gidýär . Ol 1921-nji ýylyñ ortalarynda 1922-nji ýylyñ aýagyna çenli "basmaçylara "goşulyp , eli ýaragly Gyzyl goşuna garşy göreşýär. Abdylhekim 1921-nji ýylyñ 9-njy noýabrynda Täjigistanyñ Jylyköl etrabyndaky giñ howlyly öýünde Enwer Paşany myhman alypdyr .Enwer paşa Abdylhekim Gulmuhammedowyñ öýüne Owganystandan gelen ilçiler , hatda şol döwürde basmaçy hasaplanan toparyñ ýolbaşçylary bilen duşuşypdyr. Abdylhekim Gulmuhammedow 1923-nji ýylyñ başynda Buhara gaýdyp gelen badyna , ony 20-nji ýanwarda tussag edipdirler, emma şol ýylyñ 4-nji oktýabrda tussaglykdan gaçyp , ýene Owganystana gidýär.

Abdylhekim Gulmuhammedow 1925-nji ýylyñ hut Gaýgysyz Atabaýewiñ çagyrmagy boýunça Owganystandan gelýär, Ol täze döredilen Türmenistan respublikasynyñ 1925nji ýylyñ fewralynda saýlanan ilkinji Merkezi Ispolnitel Komitetiniñ düzümine girizilýär. Ol “Türkmenistan”,”Daýhan “,gazetleriniň ,”Tokmak” žurnalynyň redakdorynyň orunbasary we redakdory bolup işläpdir.Abdylhekim Gulmuhammedow Türkmenistanyň taryhy üçin iň gowy matirial bolan ýagny Hywa hanynyň Abulgazynyň “Türkmenleriniň nesil daragty” atly kitabyny neşir edilmegi üçin taýýarlapdyr.

Abdylhekim Gulmuhammedow 1931-nji ýylyň 11-nji iýulynda Pöwrüzde dynç alyp ýörkä

,bolşewikleriň “garşylyk görkezmän ele düş”diýen talabyny ýerine ýetirmän ,esgerler bilen mertlerçe söweşip wepat bolýar.Emma ol ölenden soňam bolşewikler Abdylhekim Gulmuhammedow hakyndaky hakykaty ile äşgär etmekden gorkupdyrlar.Şonuň üçinem 1932-nji ýylyň başynda “hamana Abdylhekim Gulmuhammedow Eýrana gaçyp geçjek bolanda ,serhetçileriň eline düşmekden howatyr edip,öz şahsy sapançasyndan özüni atyp öldürdi”diýip ,metbugat arkaly ýalan gürrüň ýaýradypdyrlar.

1923-nji ýylda Moskwada çykýan “nowyý wostok” žurnalynda ol hakda ýazylan makalada ony “türkmeniň hakyky intelligent ogly”diýip atlandyrypdyrlar.

## Şasoltan Garajaýewa (1889-1941).

Türkmenleriň aýal-gyzlarynyň azatlygy ugrunda göreşiji bolup,eýýäm 1920 ýylda

Bolşewikleriň hataryna goşulýar.1921 ýylda orta Aziýaly aýal-gyzlar bilen birlikde Moskwa gidip Lenin bilen duşuşýar.Ol 1921-1931 ýyllar aralygynda Gazanjyk raýon KPnyň aýallar bölüminiň müdüri wezipesinde işleýär.1925 ýyldan başlap,TSSR KP-nyň agzasy bolup,1931-36 ýyllar aralygynda TKP-nyň Gazanjyk raýonyň esasy hünärmeni.1936-1937 ýyllarda TSSR-iň sosial üpjünçilik ministr wezipesinde işleýär.

## Gaýgysyz Atabaýew (1887-1938)

GAÝGYSYZ ATABAÝEW-häzirki türkmen döwletiň düýbüni tutjylaryň biri,sowet partyýa we düwlet işgäri,orta Aziýada sowet hökümetini gurman hem pugtalandyrmak baradaky işe aktiw gatnaşyjy.

GAÝGYSYZ ATABAÝEW-1887-NJI ÝYLYŇ 27- nji oktýabrda Tejen uýezdiniň Mäne obasynda Täçgäk serdaryň maşgalasynda dünýa inýär.Ol 6 ýaşynda ýetim galýar.Ol başlangyç bilimi Tejendäki ýerli Orstuzem mekdebinde alýar.1907-nji ýylda Daşkentdäki mugallymçylyk seminarisyny gutarýar.Seminaride okan däwründe rewelýusion herekete goşulýar hem patyşa polisiýa tarapyndan yzarlanyp başlanýar.

GAÝGYSYZ ATABAÝEW-1907-1912-nji ýyllarda Maryda we Bäherdende ýerli ors mekdepde mugallymçylyk edýär.Ýerli halk wekilleri mugallymçylyga ynanmazlyk barada ors patyşalygynyň magarif ministriniň beren buýrygy esasynda Gaýgysyz Atabaýew mugallymçylykdan boşadylýar.Şondan soň 1912-1917 –nji ýyllarda Mary bankynda işleýär.Oktýabr rewelýusiýasy ýeňenden soň Marydä sowet häkimýetini guramak we pugtalandyrmak tutanýerli göreşýär.

1917-18-nji ýyllarda işçiler we soldatlar deputatlaryň Mary Uýezd sowetiň türkmen seksiýasynyň ýolbaşçylaryň biri, uýezd azyk kamitetiniň başlygy ,Merw uýezd sowetiň ispolkomyň başlygynyň orunbasary,1919-njy ýylyň iýun aýyndan soň bolsa başlygy bolup iöleýär.1919-njy ýylyň noýabrdan 1920-nji ýylyň iýunyna çenli Zakaspi oblast

rewelýusion komitetiniň başlygynyň orunbasary,Türküstan ASSR-iň ýer işleri halk kamisary,20-nji ýylyn sentýabrdan HALK KAMISAR SOWETIŇ başlygy wezipelerine saýlanýar.Şol bir wagtdada Fergana frontunyň rewolýusion sowetiň başlygy bolýar.1923nji ýylyň iýulynda BUHARA HALK SOWET RESPUBLIKASYNYŇ NAZIRLER – MINISTIRLER SOWETINIŇ BAŞLYGYNYŇ orunbasary bolýar.1924nji ýylyň oktýabrdan Türkmenistan rewelýusion komitetiniň (Türkmenistan SSR-niň ilkinji hökümetiň ),1925-nji ýylyň fewralyndan Türkmenistan SSR HALK KAMISARLAR SOWETINIŇ BAMLYKLYGYNA SAÝLANÝAR hem ömrüniň ahyryna çenli 13 ýyllap şol wezipede işleýär.

1922-nji ýylyň oktýabrdan RSFR-niň Milletler işleri bardaky Halk Kamisarlygynyň kollegiýasyna agzalygyna saýlanýar.1935-nji ýylda Lelin orderi bilen sylaglanýar. 1937nji ýylyň tomusynda Türkmenistanda başlanan tutha-tutluklaryň sebäbini anyklamak hem bu işitogtatmak maksady bilen Gaýgysyz Atabaýew Moskowa gidýar hem Stalin bilen duşuşmak isleýär.Ýäne ondan kiçiräk ýolbaşçylar ,käne tanşy Kaganowiç bilen duşuşup ,onuň äýune Türkmenistandan Moskowa tarapyndan edilýän eden-etdikleri barada gürrüň berýär.

Kaganiwiç howsala düşere zat ýokdugyna aýdyp,Ýežowyň ýanyna barmagy maslahat berýär.Ol LUBÝANKA-NKBD-niň edarasyna Ýežowyň ýanyna1937-nji ýylyň 11-nji iýulynda barýar hem şol ýerden gaýdyp çykmaýar.

G.Atabaýewe “türkmen azatlyk guramasyny “döretmekde ,daşary ýurtlardaky milletçi kontrrewolýusion guramalara içaçylyk etmekde günä bildirlip ,surnukdurjy,ynsanlyk mertebesini kemsidiji soraglar bilen 1938-nji ýylyň fewralyna çenli dowam edipdir.Ahyesoňy Atabaýew:” Siziň özüniň kontrrewolýusion iş bilen meşgullanýarsyňyz,arasssa adamlara töhmet atýarsyňyz,halk duşmany siziň özöňiz”diýip ,oturan pola çüýlengi oturgyjyny goparyp ,süljüniň depesinden indirýär,şol wagt Atabaýewi sorag edilýän kabinetde atylyp öldürülýär hem, şol günüň ertesi oňa sud edelip ölüm çezasy berelip,hamana diýersiň sud edelenden soň öldürilen ýaly edilip resmileşdirilýär.

2000-nji ýylda Moskwadaky “Memorial”guramasy Stalin represiýasynyň pidalaryň sanawyny kitap edip çap etdi.Şol kitapda Gaýgysyz Atabaýewiň hem ady bar.

Gaýgysyz Atabaýewiň jesedi başga-da 4,5 müň adam bilen bilelikde Moskwa şäherine degip duran “Kommunar”sowhozunda –Sewernamiýa Butowa diýen ýerde doganlyk mazarda.

1967-nji ýylda Aşgabatda Atabaýew hem Podwoýsk käçeleriň çatryklarynda Gaýgysyz Atabaýewe Ýadygärlik bina edildi.Geçen asryň 90-njy ýyllaryň ortalarynda şol ýadygärlik Aşgabady özdürmek maksatnamasy esasynda ýykyldy.Gaýgysyz Atabaýew hakda käp maglumat gizlin saklandy. Ýöne Gurbanguly Berdimuhamedow Prizentlik wezipesine

geçenden soňra bolsa G.Atabaýew ýene orta çykyp başlady.Köçelere ady dakyldy ,kiçi heýkeli döredildi.

## Nedirbaý Aýtakow (1894-1938).

TSSR-iň MÝK-iň ilkinji baştutany bolup ol 1894 ýylda Müňgyşlak ýarym adasyndaky Akçusun obasynda dogulýar.Ol Aleksandrowski (häzirki Sewçenko) şäherde häzirki rus ýerli mekdebinde okaýar.1919 ýylda Krasnawodsk uezdiniň Jebel pasýolygyna göçüp barýar.Şol ýerde Bolşewikler partýaň hataryna girip 1920 ýylyň martynda Jebel oba sowetiniň başlygynyň orunbasary wezipesine bellenýär.Soňra Krasnawodsk Sowetiniň ýerine ýetiriji kompartiýasynyň başlygy bolýar.1925 ýylyň fewralyndan TSSR MÝK-niň baştutany edilip bellenýär.1937 ýylda oňa halk duşmany diýlip ýalan töhmet atylandan soň 1938 ýylda atylyp öldürülýär.1956 ýylda ol hem bigünä hökmünde aklanýar.

## Goşçular birleşigi.

Daýhanlar köpçülüginiň guramasy bolup,ol Türküstan Kommunistik Partiýasynyň V gurlutaýynyň karary esasynda 1921 ýylda döredilýär.Goşçy sözi „Sürümçi“manyny berýär.1925 ýylyň 25-nji noýabrynda Goşçular birleşiginiň I gurlutaýy bolup onda onuň merkezi komiteti döredilýär.

Goşçular birleşigi ilkinji ýer-suw özgertmelerini durmuşa geçirmek üçin döredilen hem bolsa ol şeýle-de täze ykdysady syýasatyň durmuşa geçirilmegine,obalarda sowet hökümetini pugtalandyrmakda kolhozlary döretmekde aýratyn uly rol oýnapdyr.1925 ýylda TSSr boýunça Goşçular birleşiginiň 5 sany okrug kommiteti,27 raýon komiteti,367 oba bölümleri jemi 32630 sany agzasy bolupdyr.Bu birleşik 1927 ýylyň fewralyndan başlap,“Daýhan“ gazetini çykaryp başlaýar.Öz wezipesini berjaý edenden soň Goşçular birleşigi 1929 ýylyň ýanwarynda ýatyrylýar.Onuň deregine „Garyplar guramasy“ döredilýär.

## Bäşim Serdar.

Ol Sakar etrabynyň Merýe obasynda eneden dogulýar.Onuň hakyky ady Bäşim Seýitnazarow.Ol 1919 ýyldan başlap Bolşewikler partiýasynyň hataryna girip,olaryň syýasy göreldelerini goldapdyr.Eýýäm 1920 ýylyň awgustyna çenli 500 atlydan ybarat harby otrýady bolupdyr.Ol Buhara emirliginde halk rewolýusiýasynyň döredilmeginde uly rol oýnap BHSR-sy döredilende buržuaz milletçiler tarapyndan atylyp öldürilýär.

## Mukym Nazarowiç Kerimow.

1918 ýylyň 25-nji noýabrynda Azymjan Ýakubowyň baştutanlygynda ýaş buharalylardanb bolan Bolýewikler BKP-ny döredýärler.Hut şu partiýa Buhara emiri Seýit Alym hana garşy rewelýusion hereketleri alyp barypdyr.Bu partuiýanyň işeňňir öňde baryjylarynyň biri hem

Kerimow Mukym Nazarowiç bolupdyr.Onuň ýaşan ýyllary hakynda maglumat ýok emma onuň rewelýusion döredijilikli ömrüniň köp ýyly Köne Çärjewde we Kerkide geçipdir.BKP-nyň 4 sany türkmen oblast komiteti (Köne Çärjewde,Farapda,Dänewde,Saýatda) bolup şol raýon komitetine Mukym Kerimow ýolbaşçylyk edipdir.Çärjew lomitetiniň ýolbaşçylary Bäşim Serdar,Hasan Alyýew,Abbas Alyýew.

Buhara Halk Sowet rewolýusiýasyndan soň Mukym Kerimow BKP MK-ne işe çekilýär we hut başda durmagynda 1921 ýylyň 8-9-njy fewralynda Kerkide Türkmen bolşewikleriniň I oblast konferensiýasy,1921 ýylyň 7-nji iýunynda Kerkide Buharanyň ähli türkmen gurlutaýy geçirilipdir.Bu gurlutaýa jemi 170 delegat gatnaşyp,onda garyp we ýersiz daýhanlara ýer bermek we senagaty ösdürmek bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşylynypdyr.Mukym Kerimow 1921 ýylyň sentýabrynda döredilen BHSR-nyň MÝÝK-niň türkmen bölüminiň döredilmeginde hem uly rol oýnap bu bölümiň baştutany Annageldi Salyhow bilen ýakyn gatnaşykda bolupdyr.Mukym Kerimow Sowet häkimýetiniň pugtalanmagynda bitiren hyzmatlary üçin BKP-nyň MK-niň I sekretary wezipesine bellenipdir.BKP-sy 1924 ýyla çenli dowam edip,ondan soň ol Bütin Russiýa KP-na birleşdirilýär.

## Ene Kulyýewa (1892-1925).

Ol Gyzylarbat obasynda köp çagaly maşgalada dogulýar.Başlangyç bilimi oba mollasynda alyp,14 ýaşyndaka Gyzylarbadyň wagon remont azwodynyň işgäri Garry Ruliýewa durmuşa çykýar.Onuň adamsy boplşewikleriň hatarynda bolup,basym rewelýusion işlere Ene Kulyýewa hem goşulyp başlaýar. 1922-1923 ýyllarda Ene Kulyýewa bolşewikleriň hataryna goşulýar.1924 ýylda ol Kommunistik partiýanyň hataryna girip onuň aýallar bölüminiň müdüriniň orunbasary bolýar.1925 ýylyň 15-nji fewralynda bolan TKP-nyň I gurlutaýynda ol MK-iň agzalygyna soňra TSSR-iň MÝÝKň agzalygyna saýlanýar.Ene Kulyýewa 1924 ýylyň dekabrynda aýal-gyzlaryň arasynda iş alyp barýan işgärleriň respublikan maslahatyna işeňňir gatnaşýar.1925 ýylyň martynda bolsa TSSR-de daýhan aýal-gyzlaryň ilkinji gurlutaýy geçirilýär.Şol ýyl ol Moskwa aýallaryň Bütin Russiýa maslahatyna gatnaşýar.Ol şol ýerde keselläp,1925 ýylyň 7-nji iýulynda aradan çykýar.Karl Marks meýdançasynyň Watutin gonamçylygynda jaýlanýar.

## Bäşim Nuralyýew (1900-1965).

Bäşim Nuralyýew Ýusubowiç sowet döwrüniň meşhur suratkeşi.OL Aşgabatda doglup,1926-1929 ýyllar aralygynda Moskwanyň ýokary çeperçilik akademiýasynda okap,köpsanly milli äheňdäki surat eserleri bilen meşhurlyk gazanyp,oňa 1947 ýylda TSSR-iň „halk hudožnigi“ diýen hormatly at dakyldy.Onuň „Okuw hakynda arzuw“,“Türkmenleriň köne durmuşy“,“Joralar“ we beýleki ençeme eserleri „Tritikow“

adyndaky döwlet muzeýinde,Leningradyň „G.d medeniýeti“muzeýinde we Aşgabatda şekillendiriş muzeýinde saklanýar.

## Aşgabat-Moskwa atly ýörişi.

Bu atly ýöriş 1935 ýylyň 30-njy maýynda başlap,22-nji awgustynda başlanýar.Serhetçi esger Sakalowyň ýolbaşçylyk etmeginde 34 sany atly türkmen ýigitleri (30) jemi 4300 km aralygy geçip,Moskwa barýarlar we Soýuzyň Marşaly Tuhaçewskiý uly miting bilen ýigitleri garşylaýar.SSSR MÝÝK-niň 1935 ýylyň 26-njy awgustynda çykaran karary esasynda bu ýörişe gatnaşan 30 çapyksuwara „Gyzyl ýyldyz“ ordeni berilýär.Türkmen ýigitleri Stalina „Serdar“ atlyaty,Marşar Waroşilowa „Dordepel“ diýen aty sowgat berýärler.Ýörişe gatnaşan türkmen ýigitleri:Annam Hoja,Esen Hydyrow,Garryýew Çary,Nepes Garahanow we beýlekiler.

## 2-nji Aşgabat-Moskwa atly ýörişi.

1988 ýylyň 31-nji maýynda 2-nji Aşgabat-Moskwa atly ýörişine badalga berilip,bu ýörişe jemi 28 adam gatnaşypdyr.Bu atly ýörişe Guwanç Jumaýew baştutanlyk edip,bu toparda iň ýaşulusy Narbaý Rejebow (64),iň ýaşy Atçapar Babaýew (17) ýaşly bolupdyr.Jemi 3200 km ýoly 62 günde geçip,1988 ýylyň 1-njy awgustda bu atly ýörişe gatnaşyjylar Moskwa barýarlar.

## Krasnowodsk-Moskwa taýmylly ýöriş.

1936 ýylyň 5-nji iýulyndan,6-njy oktýabryna çenli aralykda jemi 10 türkmen gaýykçylarynyň gatnaşmagynda amala aşyrylan ýüzüş.Olar pellehana 8 gün öň barypdyrlar.jemi 4653km deňiz-derýa ýoluny geçipdirler.Bu taýmylly ýörişde esasan hem Ataýew Baýjan,Aşyrow Berdiguly,Baýramow Hudaýberdi ýaly ökde taýmylçylar öz ussatlyklaryny görkezipdirler.Ýüzüş wagtynda gaýykçy Magtymguly Ýazgulyýew 16-njy awgustda sowuklap,Wolsk şäherinde aradan çykýar.

## Ýazyjylar birleşmesiniň döredilmegi.

1934 ýylyň 8-12 maý aralygynda TSSR-iň ýazyjylarynyň I gurlutaýy geçirilip onda Ýazyjylar birleşmesi döredildi.Ol döredijilik guramasy bolup,oňa prozaçylar,şahyrlar,dramaturglar,ýazyjylar we edebi tankytçylar kabul edilipdir.ýazyjylar birleşmesiniň esasy maksady:ýazyjylaryň hyzmatdaşlygyny ösdürmek,Žurnallaryň ösmegine kömek bermek,ýaş ýazyjylara döredijilik kömegini bermek bolup durupdyr.Bu birleşmäniň „Sowet edebiýaty“,“Aşgabat“ žurnallary,“Edebiýat-sungat“gazeti çykypdyr.

## Gurban Durdy (1917-1976).

TSSR-den sowet soýuzynyň gahrymany diýen ada birinji mynasyp bolan Gurban Durdy Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Çöňürýap (Goňurýap) obasynda 1917 ýylda dogulýar.Ol 1934 ýylda obanyň doly däl orta mekdebiniň 5-nji synpyny tamamlap,soňra Woroşilow kolhozynda kolhozçy bolup işleýär.1938 ýylda ol sowet goşun gullugyna çagyrylyp Serhet goşunynda gulluk edýär.Ol urşuň ilkinji günlerinde g.o frontyň 9-njy armiýanyň 176-njy atjylyk dwiziýasynyň 389-njy atyjylyk polkunyň bölüminde komandirlik edip,özüni başarjaň serkerde hökmünde görkezdi.Kiçi seržant harby çininde Gurban Durdy 1941 ýylyň 26-njy iýunynda Bessarabiýa-Rumyn serhedinde Malo-Malo Kişno diýlen ýerde bir möhüm belentlige öz bölümi bilen 3 gezek yzly-yzyna hüjüm etdi.Görkezen edermenligi üçin SSSR-iň Ýokary Sowetiniň karary bilen 1941 ýylyň 9njy noýabrynda Sowet Soýuň Gahrymany diýlen at berildi.1941 ýylyň sentýabrynda goşun hataryndan çykyp,öz obasyna dolanyp geldi.1942 ýyldan başlap KP-nyň hataryna girip,şol ýyl hem Aşgabatdaky mugallymçylyk institutynyň taryh fakultetine okuwa girdi.1947 ýylda instituty üstünlikli tamamlap,taryh muzeýiniň kiçi ylmy işgäri,19531976 ýyllar aralygynda bolsa şol muzeýiň müdiri wezipesini ýerine ýetirdi.

## Pena Rejebow (1918-2008).

Gazanjyk raýonynyň Gurbanmämmet diýen obasynda 1918 ýylda dogulýar.Çagalygynda ýetim galyp,obadaky ýetimler internatynda terbiýelenýär.Soňra Aşgabat şäheriniň mugallymlary taýýarlaýyş kursunda okap,mekdepde mugallym kärini ele alýar.1939 ýylda gulluga çagyrylyp,urşuň ilkinji günlerinde Stalingradyň eteginde söweşde,Ukrainadaky söweşlere gatnaşyp,öz gaýduwsyzlygyny görkezýär.Ol edermenligi üçin Watançylyk urşunyň 2-nji derejeli „Gyzyl ýyldyz“ ordenileri,ençeme medallaryň eýesidir.4-nji Ukrain frontynyň düzümünde Wisla derýasynyň üstündäki köpri ugrunda 1945 ýylyň 11-15-nji fewralynda bolan söweşde nemesleriň 9 hüjümüni yza serpikdirip,diňe 13-nji fewralda öz harby bölümi bilen 10 gezek hüjüme geçip,nemesleriň 100-den gowrak esgerini 2 serkerdesini ýok edip70 sany ýesir alýar.Bu gahrymançylygy üçin 1945 ýylyň 23-nji maýynda Ýokary Sowetiň karary bilen oňa Sowet Soýuzyň Gahrymany diýlen at berilýär.Ol uruşdan soň Aşgabadyň mugallymçylyk institutynyň taryh fakultetini okap,1964 ýylda ol Taryh ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini alýar.Köo ýyllar TSSR YA-nyň Şaja Batyrow adyndaky taryh istitutynyň uly ylmy işgäri bolup işleýär.

## Aýdogdy Tahyrow (1907-1943).

Kaka raýonynyň Arapgala obasynda dogulýar.Başlangyç bilimi oba mekdebinde alyp,1926 ýylda sowet goşununyň hataryna çagyrylýar.1928 ýylda gullugy tamamlap,ilki oba mirap soňra Içeri işler gullugunyň hünärmeni bolup işleýär.1935 ýylda Ynkylap kolhozynyň başlyklygyna saýlanýar.Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda ol 87-nji türkmen atyjylyk brigadasynyň hatarynda bolup,Nowgarodyň eteginde bolan söweşde öz edermenligini

görkezýär.1943 ýylyň 29-30-njy ýanwaryna geçilen gije deň bolmadyk söweşde uly seržant duşmanyň 47 esgerini ýok edip,özide agyr ýaralanýar,we nemeslere ýesir düşýär.Yzygiderli gynalmalardan soň ol wagşyçylyk bilen öldürilýär.SSSR-iň Ýokary Sowetiniň karary bilen 1943 ýylyň martynda oňa Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýlen ar berilýär.1944 ýylda Arapgala obasyna Aýdogdy Tahyrowyň ady dakylýar.

## Medeniýet işgärleriniň fronta kömegi.

Beýik Watançylyk urşunyň başlanmagy bilen respublikanyň medeniýet işgärleri hem ýeňiş üçin özleriniň iň uly goşantlaryny goşupdyr.1941-1942 ýyllaryň harby möwsümünde Türkmen Döwlet drama teatry Berdi Kerbabaýewiň „Watana söýgi“diýen spektakylyny sahnada goýup,halky watançylyga we edermenlige ruhlandyrdy.Frontda meşhurlyga eýe bolan rus dramaturgy Korneýçugyň „Front“ atly spektaklyny türkmen diline terjime edilip,respublikanyň teatrlarynda görkezildi.1943 ýylda Türkmen döwlet Opera we Balet teatry urşa bagşlanan „Abadan“ operasyny ilki respublikada soňra uruş hereketleri bolup duran rus we beýleki ýerlerde görkezdiler.Şol ýylda opera artistlary we teatr artistlary Annagül Annagulyýewa,Sona Myradowa,Maýa Kulyýewa,Hoja Annaýew,Muhtar Masumow,Gurban Yrzaýew,Ýolaman Hummaýew we başgalar fronta kömek üçin özleriniň bar zehin başarnyklaryny görkezdiler.1942 ýylda teatr sahnasynda goýlan ilkinji milli türkmen baledi bolan „Aldar köse“uly üstünlige eýe bolup,Moskwada we beýleki şäherlerde görkezildi.Türkmenistanly kompazitorla hem urş ýyllarynda birnäçe eserleri döredipdirler.Meselem:Kompozitor Aşyr Kulyýewiň“Gurban Durdy“ diýen sazly poemasy,Weli Muhadowyň „Ýeňiş“ diýen simfoniýasy.1942 ýylda Frunze şäherinde geçirilen sowet sazynyň on günlüginde türkmen aýdymçy sazandalary hem çykyş edipdirler.Meşhur suratkeş Bäşim Nuraly hem urşa bagşlap,“Ýeňiş toýy“ diýen portreti çekipdir.

## Mary GRES.

Türkmenistanyň g.o-g.d bölegini we Aşgabat şäherinisenagat kärhanalaryny elektrik energiýasy bilen üpjüm etmek üçin gurlan Mary DES-i 1966 ýylda gurlup başlanýar.1973 ýylda tamamlanyp onuň ilkinji energiýa blogy işe girizilýär.Şol wagt onuň kuwwatlylygy 200.000 klw sag ýetipdir.

1974 ýylda ikinji energiýa blok.

1976 ýylda üçünji energiýa blok.

1978-1979 ýylda dördünji we bäşinji energiýa blok. 1981 ýylda
altynjy energiýa blok işe girizilýär.

Mary DES 1981-1985 ýyllarda 1260 mega wat möçberinde elektrik energiýasyny öndüripdir.

## Krasnowodskiniň nebiti gaýtadan işleýän zawody.

Beýik Watançylyk urşunyň başlanmagy bilen respublikanyň köp senagat kärhanalary göçürilip getiildi.Russiýanyň Tuapse şäherinden 1942 ýylda göçürilip getirilen kärhanalaryň esasynda Krasnowodskiniň nebiti gaýtadan işleýän zawody gurlup,1943 ýylda bu zawod önüm berip başlady.Bu zawodlar toplumunyň gurluşygy 1960 ýyla çenli dowam edip onuň 6 sehi bolupdyr.Ilki wagtlar bu kärhana benzin we mazut önümlerini öndüripdir.1970-1980 ýyllarda kärhanada önümiň 20-den gowrak görnüşiniň öndürilşi ýola goýuldy.1966 ýylda bu zawodlar toplumy „Zähmet“,“Gyzyl baýdak“ sylaglary bilen sylaglanýar.1996 ýylyň 25-nji oktýabrynda bu zawodyň durky täzelenip başlandy.Bu taslama jemi 1 mld amerikan dollary möçberinde pul göýberildi.

## Ýerli-aeroportlaryň işe girizilmegi ilkinji türkmen Lýotçigi.

Anjan Amanow 1913 ýylda Krasnawodsk raýonynyň Garşy obasynda dogulýar.1929 ýylda Krasnawodsk şäheriniň Nedirbaý Aýtakow adyndaky ýetimler internadyny gutarýar.1930-1934 ýyllarda Balasow şäherindäki Lýotçikleri taýýarlaýan mekdepde okaýar.1934-1936 ýyllarda Garrygala,Gyzyl-etrek,Esenguly, etraplarda mör-möjeklere garşy göreşýän uçujylar bölüminde işleýär.1937-1940 ýyllarda Çärjewde,1940-1941 ýyllarda Aşgabatda howa uçujuluk bölüminiň Lýotçigi bolup işleýär.1941 ýylda Nowa Sbirskidäki uçarmanlary taýýarlaýan merkezinde okaýar.1944-194 ýyllarda Krasnawodsk şäher aeroportynda soňra 1948-1954 ýyllarda Aşgabat şäher aeroportynyň müdürliginde işleýär.Ol Il-14 we Li-2 kysymly samalýotlaryň komandiri hökmünde uly abraýa eýe bolýar.1935 ýylda Aşgabat –Daşoguz,Aşgabat-Çärjew gatnaw ýoly ýola goýulýar.1970 ýylda Howa ýollarynyň uzynlygy 30.000 km deň bolupdyr.1969 ýyldan 1980 ýylda Aşgabat şäher aeroportynyň merkezi dispeçer gullugunyň hünärmeni bolup işläpdir.TSSR de birinji gezek raýat awiýasiýa gatnawy 1928ýylda Çärjew-Daşoguz ýola goýlupdyr.Şol aralyga esasan KA 4 we ÝU 13 kysymly samalýotlar hereket edýär.Ilkinji aeroportyň guralan wagty ýüze çykyp ilkinji aeroport 1932 ýylda Çärjewde gurulýar.1934 ýylda Aşgabatda ilkinji aeroport gurlup,ol hem raýat gatmawy üçin hemde oba-hojalygy üçin neýitlenipdir.

## Senetçilik kooperasiýasynyň ýatyrylmagy we onuň halkyň hal-ýagdaýyna zyýan ýetirmegi.

Hünärmentleriň we senetçileriň harytlary bilelikde öndürmek we satmak üçin döreden obadaky birleşiklerine Senetçilik kooperasiýasy diýilipdir.Ilkinji senetçilik kooperasiýalary 1921 ýylda sowetleri ýörite dekreti esasynda döredilip,eýýäm 1960 ýylda

25600 sany senetçilik kooperasiýasy bolupdyr.Diňe TSSR-de olaryň sany 100lerçe bolup,1956 ýyla çenli olar 62 mld manatlyk önüm öndürüpdirler.1960 ýylda SSSRiň minstirler sowetiniň ýörite karary bilen halkyň sarp edýän harytlarynyň önümçiligi döwlet senagat kärhanalarynyň ygtyýaryna berilmegi bilen senetçilik kooperasiýasy ýatyryldy.

## Mäti Kösäýew.

1906 ýylda Aşgabat raýonynyň Herrikgala obasynda dogulýar.1936 ýylda Aşgabatdaky pedagogk institutyny tamamlap,şol ýerde mugallym boulp galýar.1943 ýylda ýörite dissertasiýa gorap filologiýa ylymlarynyň kandidaty diýen ady alýar.1945 ýylda oňa TSSR-iň ylymda at gazanan işgäri diýen at dakylýar.Emma „Gorkut ata“ eposyny çap etmäge gatnaşandygy üçin ony1952-1958 ýyllarda ýalan töhmetler bilen azatlykdan mahrum edipdirler.Aztlyga çykandan soň öz ylmy işlerini dowam etdirip,1966 ýylda Filologiýa ylymlarynyň doktory,professor diýen ada eýe bolýar.Ol 1975 ýylda çykýamça TDU-nyň filologiýa fakultetiniň mugallymy bolup işleýär.

## Baýmuhammet Garryýew (1914-1981).

1914 ýylda Aşgabat raýonynyň Gökje obasynda dogulýar.1938 ýylda Aşgabatdaky mugallymçylyk institutyny tamamlap,ilki mugallym bolup işleýär.1945 ýylda Aşgabatdaky Lukmançylyk institutyny tamamlaplukman kärini hem ele alýar.Ol edebiýat ylmy bilen içgin gyzyklanyp,“Magtymguly we onuň watançylygy“,“Zelili we onuň döwri“,“Türki dilli halklarda Görogly barada rowaýatlar“ ýaly temada dürli ylmy işleri ýazyp,1948 ýylda filologiýa ylmynyň doktory diýen ada eýe bolýar.1949 ýylda professor alymlyk dereje alýar.1952-1958 ýyllarda tussag edilýär.Şondan soň hem öz ylmy işlerini dowam etdirýär.1965 ýylda TSSR ylymlar akademiýasynyň akademigi diýen at berilýär.1989 ýylda bolsa YA-nyň filologiýa bölümine ýolbaşçylyk edipdir.

## Bosaga-Kerki we Şabat kanallarynyň gurluşygy.

Amyderýanyň çep kenarynda Bosaga diýen ýerden başlanan bu kanalyň 1924-1929 ýylyň 9-njy awgusty aralygynda gurluşugy alnyp barylýar.Onuň ilki başdaky uzynlygy 90 km bolupdyr.Kanalyň gurulmagy bilen g.o-g.d Türkmenistanda suwarymly ýerleriň meýdany 1,6 esse gowaçanyň hasyllylygy 2,5 esse ýokarlanypdyr.

## Şabat kanaly.

Bu kanalyň irki gurluşugy Hywa hany Anuşa hanyň döwründe başlanan hem bolsa diňe Sowet döwründe ol has giňeldilip we uzaldylyp iri suwayş kanallaryň birine öwrülýär.Bu kanal Özbegistanyň Hanka etrabynyň Daşsaka diýen ýerinden başlanyp,d.m

Türkmenistanyň Akdepe,Görogly,Gurbansoltan eje,etraplarynyň içinden akyp,onuň umumy uzynlygy 126 km deň.Onuň 48 km Türkmenistanyň içinden akýar.Kanalyň ini 56 m.çuňlugy 2,5-3 m.1920 ýylyň ahyryndan 1930 ýylyň başyna bu kanaly uzaltmak işleri geçirilip ençeme gezek arassalýyş we dikeldiş işleri ýerine ýetirilýär.1980-1982 ýyllarda bu kanaly arassalamak boýunça toplumlaýyn işler amala aşyrylýar.

## Beýnew-Goňrat demir ýoluň gurulmagy.

1947 ýylyň 28 iýun SSSR-ň Ministirler sowetiniň ýörite çykaran karary esasynda Çärjew-Goňrat ara demir ýolunyň gurlup başlanylyp onuň umumy uzynlygy 627 km onuň gurlup iki tapgyr amala aşyrylýar.

1.Uzyn-330 km Çärjew-Daşsaka aralygy.

2.Uzyn-297 km Daşsaka-Goňrat aralygy.

1967-1968 ýylda demir ýolunyň gurluşygy dowam etýär.Ol Gazagystanyň Beýnew şäherine çenli uzaldylýar we 1972 ýylda gurluşugy tamamlanýar.Beýnew-Goňrat demir ýoly adyny alan bu polat ýoluň uzynlygy 410 km.1974-1979 ýyllarda demir ýol Beýnewden-Makat şäherine uzaldylýar.Şeýlelikde gös-göni Moskwa tarap demir ýoly açylyp geçilmeli ýol 702 km gysgaldylýar.

**I-Garagum urşy.** Horezmde bolşewikleriň alyp baran syýasaty ýerli ilatyň köp böleginiň göwnünden turmaýardy.1924 ýylyň ýanwarynda ilki bilen Özbek ilaty gozgalaňa başlady.Bu gozgalaňa Jüneýit han ýolbaşçylyk edip,ony Garagalpagystandaky türkmenler ýakyndan goldapdyrlar.Şol wagt Jüneýit hanyň gozgalaňyna kömege gelenleriň biri hem ata taýpasyndan bolan Agajan işandyr. 1924 ýylyň 15 ýanwarynda gozgalaňçylar Hywany gabap, ol ýerdäki bolşewikler bilen söweşe başlaýarlar.Diňe 28 ýanwarda Jüneýit han 82Türküstan atly polky gelýänini bilip, Garaguma tarap gaçýar.Şol ýylyň 29 ýanwarynda Hazaraspyň eteginde,27 fewralynda Balykly,8 aprelde Igde guýusynyň ýanynda Jüneýit han bilen sowet polkunyň arasynda aldym berdimli söweş bolýar.Bu söweşde Jüneýit han ýeňlip,Garagumyň jümmüşine çekilýär.Şeýlelikde birinji Garagum urşy Bolşewiklerň ýeňmegi bilen tamamlanýar.

## II-Garagum urşy.

1924ýylyň 25 ýanwarynda Sowet hökümetine garşy çykan adamlara „Basmaçylar"diýlip atlandyrylýar.Şol basmaçalar diýlip atlandyrylan türkmen jemgyýetiniň aýry-aýry toparlaryň wekilleri Sowetlere berk gaýtawul beripdirler.Meselem: Daşoguzda -Jüneýit han,Atmet beg,Anna bala,Gulamaly han.

Maryda-Durdy baý,Kerim han.

Tejende-Hajyguly ahun we başgalar.

1925 ýylyň 15 fewralynda Bütün Türkmen Gurlutaýynda-Jüneýit han öz wekili Abdyrahman ahun Gurbanseýit ogluny iberýär.Ol hökümeti bilen Jüneýit hanyň arasynda ylalaşyk baglaşýar.Emma bu ylalaşyk uzaga çekmedi.Wagtyň geçmegi bilen,Marydaky basmaçalar Jüneýit han bilen ýakynlaşyp başladylar.TKP-nyň MK-niň jogapkär sekretary H.Sähetmyradow Jüneýit han bilen baglanşygy üçin G.Atabaýewi ýazgardylar.1927 ýylda Jüneýit han TSSR hökümeti bilen ähli kesýär we öz nökerlerini 12 otrýada bölüp,1927 ýylyň awgustynda aç-açan gozgalaňa başlaýar.1927 ýylyň sentýabrynda sowetler onuň garşysyna 83-84 atly polklary,1-nji türkmen atly polky we 1-nji Türküstan atly batalýony ugradyldy.1927 ýylyň 19-njy sentýabrynda Jüneýit han häzirki Daşoguzyň Köne Daşoguz,Tagta,Ýylanly çäklerindäki obalara ýöriş edip,gyzylllar bilen söweş alyp bardy.Aýratyn hem Hojakümmet obasynda gazaply söweş bolupdyr.1927 ýylyň 5-7 oktýabrynda Ataguýynyň golaýynda,1927 ýylyň 5 noýabrynda Ortaguýunyň golaýynda bolan söweşlerde Jüneýit hanyň otrýadlary derwi-dagan edilipdir.1928 ýylyň ýanwarynda gyzyl goşun bölümleri Daşoguz we Çärjew welaýatyndaky basmaçylary yzarlap,doly derwi-dagan edipdirler.Ahmyrly Jüneýit han 1928 ýylyň iýunynda Owganystana göçüp gidýär.Şeýlelikde II Garagum urşy tamamlanýar.

## III-Garagum urşy.

Sowet hökümetiniň 1929 ýyldan başlap,köpçülikleýin kollektiwleşdirme zor bilen amala aşyrylyp başlanmagy halk köpçüligini ýaraga ýapyşmaga getirdi.Öňki basmaçy toparlaryň üstüne täze toparlar hem döredi.1932 ýylyň sentýabryndan III Garagum urşy başlaýar.Bu gezek sowetlere garşy çykan basmaçy toparlara Daşoguzda-Ahmet beg,Durdy molla,Annajan bala. Tejende-Myratly han,Orazgeldi Batyr.

Gazanjyk-Krasnowodskda-Garagan çagyl,Tagangylyç Mämmedow dagy ýolbaşçylyk edipdirler.Bolşewikler bularyň garşysyna 8-nji aýratyn türkmen atly brigadasyny we köp sanly harby uçarlary iberip,olar göni 10 günüň dowamynda basmaçylaryň gozgalaňyny basyp ýatyryp,olary doly derbi-dagan edipdirler.Şu urşuň dowamynda Tejenden 100 km uzaklykda Keltegoňur obasynyň golaýynda gyzyllar bilen gozgalaňçylaryň arasynda aldym-berdimli söweş bolýar.Onda 56 adam wepat bolup,köpleri hem zyndana taşlanypdyr.Keltegoňurdaky söweşiň bir aýratynlygy onda köp bigünä adamlar bardy.

## Çöller instituty.

1962 ýylyň ýanwarynda Aşgabat şäherinde döredilen Çöller instituty bütin SSSR boýunça ýeketäk çölleri öwrenýän ylmy-barlag institutydyr.Bu institut çölleri özleşdirmek,çägäniň süýşmeginiň öňüni almak we beýleki meseleler bilen meşgullanypdyr.1970 ýylda bu institutda 11 laborotoriýa,5 tejribe stansiýasy degişli bolup,olarda 270-den gowrak adam işläpdir.Şol sanda akademikleriň 3-si,ylymlaň doktorynyň 2-si,kandidatlaryň 49-sy çöller meselesi boýunça öz işlerini alyp barypdyrlar.Bu institut jemi 60-dan gowrak ylmy

monografiýaly braşuralary çapdan çykarypdyr.Bu institutyň alymlary dünýäniň köp ýurtlarynda bolupdyrlar.Meselem:Alžirde,Mongoliýada bolup olar daşary ýurtlaryň alymlarynyň tejribesini öwrenipdirler.1967 ýylda „Çölleri özleşdirmegiň meseleleri“atly žurnaly neşir edilipdir.Ymy akademik Akmyrat Babaýew.

## Aral we beýleki ekologik meseleler.

Bilşimiz ýaly Aral deňzi Özbegistanyň çäginde ýerleşip,howa ýagdaýynyň üýtgemegi bu deňze barýan derýa suwlarynyň azalmagy netijesinde 1950/60 ýyllardan başlap,Aral deňzi gurap başlaýar.Şol ýyllarda başlanan bu hadysa 1985-1986 ýyllarda has hem güýçlenip deňziň derejesi 41 m çenli peselipdir we ol ikä bölünipdir.Bu deňziň gurap onuň duzunyň howa klimaty bilen utgaşykly oba-hojalyk ýerlerine ýetirýän zyýany netijesinde ekologik taýdan howply ýüze çykdy.1993 ýylda Merkezi Aziýa döwletleri tarapyndan „Aral deňzini halas etmegiň halkara gaznasy“ döredildi.2003 ýylda Duşenbe şäherinde geçirilen uly mejlisde Aral deňziniň basseýinde ekologik ýagdaýy gowlandyrmak bany hereketleriň maksatnamasy tassyklandy.Biziň döwletimiz 2007 ýylda Aral deňziniň ýagdaýyny we howa kilimatynyň üýtgeýşini nazara almak bilen sebitleýin taslamalary döretmek we durmuşa geçirmek başlangyjy bilen çyjyş etdi.2008 ýylyň 28-nji aprelinde Almata şäherinde Aral meselesi boýunça Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň duşuşugy boldy.Onda biziň döwletimiz bu ekologik mesele babatynda özüniň maksatnamasyny hödür etdi.

## 1970-1985 ýyllarda garakölçülige ýöriteleşdirilmegi we netijeleri.

1970-1980 ýyllarda garakölçülik pudagy oba-hojalyk pudaga öwrüldi.1970 ýyllarda olaryň sany 34-e ýetirildi.1960-1980 ýyllarda garaköli goýunlaryň sany TSSR-de 8 esse köpelip 6 milliona golaýlap her ýylda garaköli baganalaryň 1 milliona golaýy döwlete tabşyryldy.Sowet hökümeti garakölçiligi ösdürmäge uly üns berýärdi.Sebäbi respublika boýunça maldan alynýan girdeýjiniň 80%-i garakölçülik pudagyna degişlidi.Garakölçülik sowetiniň 4-si we birnäçe fermalar garaköli goýunlaryň tohumçulygy bilen meşhurdy.Garaköl pudagynyň ösendigine garamazdan hut şu ýyl gödek ýalňyşlyklara hem ýol berildi.Meselem: garaköli goýunlary emeli ýol bilen tohumlandyrmak üçin SJK serişdäniň ulanylmagy bilen bu tohumlyk goýunlaryň özboluşly aýratynlygyna we baganasynyň ýokary hilliligine ýaramaz täsir etdi.1980 ýylda garaköl bilen meşhur öňdebaryjy sowhozlar şulardy.Tyllamerjen,Amyderýa,Galaýmor,Saryja,Gazanjyk.

## „Gün-ylmy-önümçilik“ birleşigi.

1960 ýylda TSSR-ň YA-ň belli alymlary Baun Walentin Alekseýwiç we Rejep Baýramowyň başda durmagynda geliotehnika ylmy Türkmenistanda ornaşdyryldy.Geliotehnika ylmy Günüň şöhlesini halk hojalygynda peýdalanyp boljak

energiýa çeşmesine öwürmegiň mümkinçiligini öwrenýän ylymdyr.Aýatynam oba hojalykda Gün şöhlesiniň energiýa çeşmesi hökmünde peýdalanmana uly üns berlipdir.1980 ýylda TSSR YA düzümünde „Gün -ylmy-önümçülik“ birleşigi döredildi barlag edarasy Geliotehniki oýlap tapyşlaryň we enjamlaryň döredilmegi olaryň işiniň tejribe arkaly mümkünçiligini öwrenmek olary halk hojalygyna ornaşdymak we bu 4 ugurda sowatly hünärmenleri ýetişdirmek bilen meşgullanandyr. „Gün-ylmy-önümçilik“ birleşiginiň başda durmagynda häzir Gökdepe etrabyň „Çerkezli“ diýen ýerinde ýörite merkez döredilip ol ýerde gaýtadan dikelýän energiýa çeşmesiniň tejribede ulanylyşy, ýyllyk üpjünçilik tehnikasy gelio-suw ýyladyjy enjamlaryň döredilmegi ýaly ugurlar boýunça ylmy işler alnyp barylýar.

2009 ýylyň 12 iýunynda Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen „Günylmyönümçilik“ birleşigi ýatyrylyp onuň ornuna Gün instituty döredildi.

## „Goşçular“ Soýuzy.

Daýdanyň köpleň guramasy bolup ol Türküstan kompanýanyň gurulmagynyň karary esasynda 1921 ýylda döredilýär. „Goşçy“ „Sürümçi“ diýen manyny berip,1925 ýylyň 25 noýabrynda „Goşçular“ birleşiginiň I gurlutaýy bolup onda onuň merkezi komteti döredilýär.

„Goşçular“ birleşigi ilkinji ýer-suw özgertmesini durmuşa geçirmek üçin döredilen hem bolsa ol şeýlede TYS-yň durmuşa geçirilmeginde obalarda sowet hömeti pudaklarda, kolhozlary döretmekde aýratyn uly rol oýnapdyr.1925 ýylda TSSR boýunça „Goşçular“ birleşiginiň 5 okrug komiteti, 27 sany raýon komiteti, 367 oba bölünip jemi 3263 sany agzasy bolupdyr.Bu birleşik 1927 ýylyň fewralynda başlap „Daýdan“ gazetini çykarýar.Öz wezipesini berjaý edenden soň 1929 ýylda ýatyryldy.

## Ownuk kolhozlaryň birleşdirilmegi.

1949 ýylda TKP MK-niň karary bilen ownuk kolhozlary birleşdirmek işi başlanýar.1950 ýylda respublikanyň ähli ýerlerinde ownuk kolhozlaryň hasby alynyp 1950 ýylyň iýundekabr aýlarynda ownuk kolhozlar iri kolhozlar bilen birlerşdirilip respublikada 1352 kolhozyň deregine 524 sany iri kolhozlar emele geldi.Netijede her kolhozda 200-210 hojalyk bolupupdyr.Ownuk kolhozlaryň birleşdirilmeginiň esasy ähmiýeti şulardan ybarat bolupdyr: 1.Suwaryş ulgamynyň işini ýokarlandyrdy.

2.Oba-hojalyk tehnikalarynyň öndürüjiligini ýokarlandyrdy. 3.Gol zähmetiniň sarp edilmegini azaldyldy.

## Melorasiýa çäreleri we onuň netijeleri.

Melorasiýa çäreleriniň tarp ýerleri özleşirmekde ähmiýeti örän ulydyr.Respublikada ýerleri tekizlemek,şor ýerleri özleşdirmek,dökünleri rejeli peýdalanmak boýunça birnäçe çäreler geçirildi.Bu çäreler 1963 ýyldan başalp,has giň gerime eýe bolupdyr.Şor suwlwry ýygnamak üçin ýörite zeýkeş ulgamy döredilip,TSSR boýunça zeýkeşleriň uzynlygy 13000 km ýetipdir.Geçirilen çäreleriň netijesinde 1970-1980 ýyllar aralygynda 15 mln t şorly zeý suwlary ýygnalyp,olary arassalamak işleri ýola goýuldy.Şeýle-de geçirilen melorasiýa çäreleriniň netijesinde Mary,Çärjew,Daşoguz ýerlerinde ýer asty suwlaryň ýerleşiş çuňlugy birnäçe esse azaldyldy.Meselem: 252sm bolanlygyndan 86sm azaldyldy.

## Astrabat şäheri.

Eýranyň g.d-d.m-ynda ýerleşen şäher.Onuň golaýynda bürünç döwrüne ýagny b.e.öň IIII müňýyllyklara degişli obanyň harabaçylygy bar.(Oňa Türeňdepe hem diýilipdir.)Ol oba birnäçe uly depelerden ybarat bolup,olarda iň ulylarynyň beýiklgi 34 m.B.e.öň III müňýyllygyň ikinji ýarymy –II müňýyllygyň başlary Türeňdepäniň gülläp ösen döwrüdir.Şol döwürde Astrabat g.o-g.d Prikaspiniň uly merkezlerinden biri bolupdyr.Türeňdepede arheololik gazuw barlag işleri geçirilende syrçaly gapalrmaýal statuetkalary,naýzalaryň ujyna geýdirilýän bürünç gurallar,ýüzüne Şumeriň we Elamyň gadymy ilatyna çalymdaş uzyn geýimli adamlaryň şekili çekilen altyn kubok tapylypdyr.Astrabatdan tapylan bu zatlar Gissasdan we Şadepeden tapylan materiallara çalymdaşdyr.1930 ýylda Astrabat şäherine Gürgen ady dakylypdyr.1593-1596 ýyllarda bu şäheriň häkimi ýemrelilerden bolan Allaýar han bolupdyr.

## „Hatyra“ kitaby.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýylllarynda Beýik Watançylyk urşunda wepat bolanlaryň hatyrasy belentden tutulyp Türkmenistanyň Baş döwlet arhiwi urşa gidip gelmedikleriň atlaryny özünde jemläp 5 tomluk „Hatyra“ kitabyny çykardy.

1.Balkan-1992 ýylda çapdan çykdy.Onda 8751 sany gerçegiň ady ýerleşdirilipdir.

2.Mary-1995 ýylda çapdan çykdy.Onda 21304 wepat bolan gerçegiň ady ýerleşdirilipdir.

3.Ahal-1996 ýylda çapdan çykydy.25639 sany gerçek barada maglumat berilýär.

4.Daşoguz-1997 ýylda çapdan çykdy.8714 gerçek barada maglumat berilýär.

5.Lebap-2000 ýylda çapdan çykdy.Onda 21060 sany gerçegiň ady bellenip geçilýär. Hatyra kitabynyň 14000 sany nusgasy çapdan çykaryldy.

## „Şöhrat“ kitaby.

2002 ýylyň 7-nji maýynda Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Beýik Watançylyk urşuna gidip ýeňiş bilen yzyna gaýdyp gelen uruş

weteranlarynyň adyny ebedilik saklap galmak maksady bilen „Şöhrat“ kitabyny çykarmak barada karar çykardy.

1.Balkan-2004 ýylda çykarylyp,onda 23500 sany uruş weteranynyň ady bar.

2.Mary-2005 ýylda çykarylyp,43100 sany uruş weteranynyň ady bar. 3.Ahal we Aşgabat-2007 ýylda çykarylypdyr,51400 sany uruş weteranynyň ady bar.

4.Lebap-2010 ýylda çykarylyp,31500 sany uruş weteranynyň ady bar. 5.Doşoguz.

## Türkmenistanyň Harby doktrinasy we onuň goranmak häsiýeti.

Türkmenistanyň Harby Doktrinasy 1994 ýylyň 1-njy maýynda ilkinji gezek kabul edilip,döwletimize Bitaraplyk derejesi berilmegi bilen onuň täze ýazylan nusgasy 1996 ýylda VII Halk Maslahatynda kabul edildi.

2009 ýylyň 21-nji ýanwarynda Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammedowyň baştutanlygynda döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde biziň häzirki Bagtyýarlyk döwrümizde täze talaplara we halkara syýasy diplomatik şertlere laýyklykda Türkmenistanyň Harby Doktrinasynyň täze nusgasy kabul edildi.Ol 8 bölümden ybarat. I.Harby syýasy şertiň ýagdaýy.

II.Harby howupsyzlyga esasy wehimler.

III.Harby howpsuzlugy üpjün etmek.

IV.Türkmenistanyň ýaragly güýçleri we beýleki goşunlary.

V.Türkmenistanyň ýaragly güýçlerine we goşunlaryna ýolbaşçylyk etmek.

VI.Türkmenistanyň ýaragly güýçlerini we beýleki goşunlaryny ulanmagyň esaslary.

VII.Harby howupsuzlugy harby ykdysady taýdan üpjün etmek. VIII.Halkara harby we harby tehniki hyzmatdaşlygy.

## Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammmedow prezidentlige saýlanmagy bilen köpugurly özgerişlikleriň başyny başlady.Bu özgertmeler hukuk-kanunçylyk ulgamynda hem amala aşyrylýar.2007 ýylyň 26-njy dekabrynda kanunçylyk hukuk meseleleri babatynda ýörite teklipleri we maksatnamalary iýläp taýýarlaýan „Döwlet we hukuk instituty“döredildi. Gurbanguly Berdimuhammmedow döwrüň talabyna laýyklykda konistitusiýamyzyň täze redakýiýasyny işläp taýýarlamak we kabul etmegiň zerurlygy hakynda aýdyp ýörite konstutsion topar döretdi. 2008 ýylyň 18 aprelinde konstutsiontoparyň I mejlisi 2008 ýylyň 22 maýynda II mejlisi geçirilip onda dürli raýat edaralardan, jemgyýetçilik guramalardan gelen teklipler ara alnyp maslahatlaşyldy. 2008 ýylyň 26 sentýabrynda XXI Halk Maslahatynda konstitusýanyň täze redaksiýasy kabul edildi.Onda şular öz beýanyny tapdy.

I 60- madda mejlisiniň deputatlarynyň 65-125-e çenli köpeldilen möçberi berkidilipdir.
II 10-madda Türkmenistanyň ykdysadyýetde bazar gatnaşygynyň ýörelgelerine esalanýandygy aýratyn aýdylýar.
III 38- madda bilimiň hökmany bolan standartlaryny döwletiň belleýändigi aýdylýar.
IV 78-madda Halk Maslahatynyň statusynyň üýtgemegi bilen täze ygtýarlyklary aýdylýar.
V 53-madda döwlet howpsyzlyk göreşi hakynda aýdylýar.
VI 58- madda adatdan daşary ýagdaýda wagtlaýyn prizidentlik wezipesini Ministirler kabinetiniň orunbasary ýerine ýetirilmelidigi aýdýar.
VII 36-madda Her bir adamyň amatly daşky gurşawa bolan hukugy berkidilipdir.

## Mary GDA-nyň medeni paýtagty.2012 ý.

20.12.2011 ýylda GDA-a girýän döwletleriň baştutanlarynyň nobatdan daşary duşuşugynda Mary şäheri GDA-nyň 2012 ýylda merkezi paýtagty hökmünde ykrar edildi.Mary şäherine bu derejäni bermek bilen bagly 30.04.2012 ýylda uly resmi dabara geçirilip,onda GDA-nyň ÝÝK sekretary Sergeý Lebedow we beýl;eki ýokary derejeli myhmanlar gatnaşdylar.02.05.2012 ýylda GDA girýän döwletleriň wekilleriniň gatnaşmagynda ýörite forum geçirilip onda Mary şäherinde ýylyň dowamynda geçiriljek medeni çäreler hakynda maslahatlaşyldy.06.06.2012 ýylda Mary şäherinde „Gadymy Merw dünýä medeniýetiniň ojagydyr.“atly halkara maslahaty geçirildi.21.07.2012 ýylda GDA girýän meşgur estrada ýyldyzlarynyň,aýdym we sungat usssatlarynyň Aşgabatda we Maryda eden çykyşlary geçirilen medeni çäreleriň diňe käbirleridir.17.12.2012 ýylda Maryda GDA-nyň merkezi paýtagty hökmünde möhletiniň tamamlanmagyna bagyşlanan uly dabara geçirildi.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň Ruminiýa sapary.

16.07.2008 ýylda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedow resmi sapar bilen Ruminiýa bardy we bu ýurdyň Prezidenti Troýan Baseskin bilen gepleşik geçirdi.Gepleşiklertiň barşynda söwda ykdysady,ýangyç energetika,ulag we gurluşyk ulgamy,oba-hojalygy şeýle-de ylym-bilim ugurlary boýunça iki taraplaýyn hyzmatdaşlygyň ugurlary kesgitlendi.Biziň Prezidentimiz Ruminiýanyň Hazaryň kenarynda deňiz şypahanasyny gurmaga,Türkmenbaşy şäheriniň deňiz portunyň durkuny täzelemäge we beýleki uly taslamalara gatnaşmaga çagyrdy.Soňra Prezidentimiz Ruminiýanyň primer Ministri Kelin Popesku we parlamentiň başlygy Nikolaý Wekeroý duşuşugyndan soň,Ploýeşti şäherinde ýerleşýännebitşgaz uniwersitetine baryp gördi.Bu ýokary okuw mekdebinde 2009 ýylda başlap,her ýyl 10 türkmen talybynyň okamaklygy barada ylalaşyk baglaşyldy.2008 ýylyň 17-nji iýulynda biziň Prezidentimiz Sinaýa korort syýahatçylyk zolagyna baryp gördi.Şol gün biziň Prezidentimiz yzyna öz Watanymyza dolanyp geldi.

## Türkmenistanyň Ykdysady Hyzmatdaşlyk guramasy bilen gatnaşyklary.

1984 ýylda Turkiýa,Eýran,Pakistan tarapyndan döredilen YHG-sy bilen Yürkmenistan köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy alyp barýar.YHG-nyň baş sekretary Aly Ryza Türkmenistany bu gurama girmäge çagyrdy.1992 ýylyň 16-njy fewralynda YHG-nyň Tähranda geçen ilkinji duşuşugynda Türkmenistan birinji gezek bu guramanyň işine gatnaşyp 19-njy fewralda Türkmenistanyň Mejlisi Türkmenistanyň YHG-a girýändigi hakynda karar kabul etdi.Bu gurama 10 döwlet girýär.1993 ýylda Stambulda II duşuşugy geçirildi.1995 ýylyň 15-nji martynda Yslamabatda III duşuşyk geçirildi.1996 ýylda Aşgabatda IV duşuşyk geçirildi.2009 ýylyň 11-nji martynda YHG-nyň Tähranda geçirilen X ýubileý maslahatyna Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammedow hem gatnaşdy.Onda YHG-nyň köp ugurlary şeýle-de dünýä maliýe çökgünçiliginiň bu gurama girýän täsiri maslahatlaşyldy.

## Türkmenistanyň çagalar gaznasy ÝUNISEF bilen gatnaşygy.

1953 ýylda BMG-nyň düzümünde çagalar gaznasy „Unisef“guramasy döredildi.Hut şu guramanyň başda durmagynda 1959 ýylda „Çagalaryň hukugy hakynda halkara“ jarnama kabul edildi.Türkmenistan bu gurama 1992 ýylda BMG-a gireninden soň agza bolup ýokardaky jarnamasyndan gelip çykýan ähli wezipeleri we borçnamalary ýrine ýetirmäge borçlanýar.ÝUNISEF-e girýän ähli döwletler şu aýakdakylary ýerine ýetirmäge borçlanýar.

1.Çagalaryň saglygyny we ýaşaýşyny gowlandyrmak.

2.Çagalara netijeli bilim bermek.

3.Çagalara spid keseliniň täsir etmeginiň öňüni almak.

4.Çagalara garşy ulanylýan zorlukly hereketleriň öňüni almak.

Türkmenistan ÝUNISEF bilen bilelikde çagalaryň bagtly geljegini üpjün etmek maksady bilen dürli döwürde 3 taslamany durmuşa geçirdi. a)1994-1999 ýyllar aralygynda. b)2000-2004 ýyllar aralygynda.

ç)2005-2015 ýyllar aralygynda. 1994 ýylda ÝUNISEF Aşgabatda öz wekilhanasyny açdy.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-nyň 62 sesiýasyna gatnaşmagy.

Türkmenistanyň Prezidenti 2007 ýylyň sentýabrynda ABŞ-a döwlet sapary bolup,ol ýerde 24-nji sentýabrda Kolumbiýa uniwersitetiniň „Ýewraziýa grup“ guramasynyň

işewirliginiň öňünde,“Rak Feller“ telekeçiler merkezinde,26-njy sentýabrda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 62 sesiýasynda çykyş etdi.Türkmenistanyň Prezidenti öz çykyşynda BMG-nyň öňe süren şu başlangyçlaryny gollady. I.BMG-nyň Howupsuzlyk geňeşiniň işini kämilleşdirmek.

II.Köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň ýaýramagna garşy göreşmek.

III.Owganystanda syýasy durnuklylygy gazanmaga ýardam etmek.

IV.Daşky gurşawy goramagyň meselesi bilen bagly taslamalary durmuşa geçirmek. Şu çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti ýörite energiýa serişdeleriniň üstaşyr hem howpsuz geçirilmegi bilen bagly rezolýusiýany kabul etmek etdi.

**Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-nyň 64 sesiýasyna gatnaşmagy.**

2009 ýylyň sentýabrynda Türmenistanyň Prezidenti Birleşen Milletler Guramasynyň 64 sesiýasyna gatnaşmak üçin ABŞ-na ugrady.23-nji sentýabyrda Baş Assambleýanyň münberinde çykyş etdi.Özüniň çykyşynda aşakdakylary teklip etdi.

I.Energiýa serişdesiniň geçirilmegi bilen bagly halkara hukuk resminamalaryny işläp düzjek ekspertler toparyny düzýär.

II.Merkezi Aziýa we Hazr deňziniň basseýinde ýaragsyzlandyrmak meselesine bagyşlanan halkara maslahatygeçirildi.

III.Aşgabatdaky öňüni alyş diplomatiýa merkezine Owganystanda parahatçylygy gazanmakda uly orun berilmegi aýdyldy.

„Nýu Jersi“ ştatynyň Trenri şäherinde biziň Prezidentimiz birnäçe duşuşuklar geçirensoň,şol güni ýagny 24-nji sentýabry „Gurbanguly Bredimuhammedowyň“ güni diýlip yglan edildi.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-nyň 65 sesiýasynda eden çykyşy.(20.09.2010ý)

1.Dünýäde energiýa saerişdeleriniň durnukly iberilmegi bilen bagly meseleleri çözjek ekspert topary döretmek.

2.BMG-nyň düzümünde energetika geňeşini döretmek.

3.Araly halas etmek boýunça ekspert toparyny döretmek.

4.Merkezi Aziýa sebitinde ÝUNEP guramanyň sebitleýin edarasyny açmak.

5.Merkezi Aziýada Hazar sebitinde howpsuzlyk,parahatçylyk,hyzmatdaşlyk boýunça ýörite forum döretmek.

Owganystan meselesi boýunça teklipler:

1.Owganystan meselesi boýumça Aşgabatda halakara duşuşugyny geçirmek.

2.Owganystanda hünärmenleri taýýarlamaga ýardam etmek.

3.Owganystanyň demir ýol ulgamyny ösdürmäge ýardam etmek.

4.TOPH-gaz geçirijisiniň gurluşugyna gönükdürlen tagallalary işeňňirleşdirmek.
5.Owganystanyň energetika infrakturasyny ösdürmäge ýardam etmek.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-nyň 66 sesiýasynda eden çykyşy.(23.10.2011ý)

Teklipleri: 1.Merkezi Aziýa we Hazar sebitinde parahatçylykly ösüş boýunça maslahat beriji geňeş döretmek.

2.BMG-nyň howandarlygynda sebitara energetika diologiýany geçirmek.

3.Hazar ekologiýa forumuny geçirmek.

4.Bosgunlar meselesi boýunça Aşgabatda halakara duşuşugyny geçirmek.

5.Howanyň üýtgemegi bilen bagly BMG sebitara merkezini döretmek.

6.Syýasy-diplomatik serişdeleri halkara meseleleri çözmekde ulanmak hakynda jarnamany işläp taýýarlamak.

**Biçurin Nikita Ýakowliwiç (1777-1853).** Gd-ry öwreniji rus alymy.Biçurin ilki Gazan dini gimnaziýasyny,1799 ýylda bolsa Gazan dini akademiýasyny gutaryp,şol ýerde mugallym bolup galýar.Biçurin 1807 ýylda ýörite missiýa bilen Hytaýa iberilip,Pekinde 14 ýyl bolýar.Ol hytaý dilini öwrenip,şol ýurduň taryhyna we geografiýasyna degişli ençeme işleri terjime edýär.Biçurin 1828-1851 ýyllar aralygynda birnäçe kitap neşir etdirýär.Biçuriniň 1834 ýylda oýrotlaryň,galmyklaryň taryhy boýunça ýazan kitaby Demidow baýragyna mynasyp bolýar.Uzak ýyllaryň dowamynda geçiren barlaglarynyň jemi bolan 1851 ýylda çapdan çykan „Gadymy döwürlerde Orta Aziýada mesgen tutan halklar barada maglumatlar toplumy“ diýen işine hem Demedow baýragy berilýär.Biçurin 1828 ýylda Russiýa YA-na kor-çlenlige saýlanýar.Biçurin dekabristler we görnükli rus ýazyjylary bilen aragatnaşyk saklap,öz döwrüniň jemgyýetçilik syýasy ýagdaýy barada publisistik makalalar bilen bilen aktiw çykyş edipdir.Biçurin aýra-aýra oguz adalgalaryny haäzirki türkmen dilinde aýdylyş derejesine gelipdir.

**Tolstow Sergeý Pawlowiç.**

1907-1976 ýyllar aralygynda ýaşap geçen g.d-şynas,arheolog.Ol 1937-1969 ýyllar aralygynda Horezm arheologik etnografik ekspedisiýasynyň guraýjysy we ýolbaşçysydyr.1944 ýyldan başlap SSKP-niň çleni.1939-1951 ýyllarda professor.MGUnyň taryh fakultetiniň etnografiýa kafedrasynyň müdiri,1942 ýylyň ahyryndan 1966 ýyla çenli SSSR-iň YA-nyň Etnografiýa inistitutynyň direktory.Esasy işleri Orta Aziýa halklarynyň arheologiýasyna,ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň taryhyna ,gadymy we orta asyrlar atryhyna,diniň jemgyýetçilik durmuşunyň taryhyna we etiogeneze bagyşlanýar. Onuň 1948 ýylda çapdan çykan „Gadymy Horezm“ diýen işi oňa uly meşhurlyk getiripdir we onuň bu işi 1949 ýylda SSSR-iň Döwlet baýragyna mynasyp bolýar.Tolstow ordenleriň 3-si we medallar bilen sylaglanýar.

## Passport.

Raýatlaryň şahsyýetini tassyklaýan resminama.SSSR-de pasporty birinji gezek MÝÝK-ň 1932 ýylyň 27-nji dekabrynda karary bilen girizildi.Şonda hem pasport hakyndaky düzgünnama birinji gezek kabul edildi.1974 ýylyň 28-nji awgustynda SSSR-ň Ministrler Sowetiniň karary bilen pasport hakyndaky täze düzgünnama kabul edildi.

## Muhammet Ýusup Munşi.

XVIII asyrda ýaşan Muhammet Ýusup Munşiniň „Tarihi mukim hany“ eseri XVIXVIIasyrlaryň wakalaryny beýan edýär.Onda Talhatanbaba söweşi,Sefewileriň Buhara hanlary bilen gatnaşyklary beýan edilýär.Bu eser 1955 ýylda Daşkentde Rus diline terjime edilýär.

## Şyh Jüneýit.

Erdebildäki şyhlaryň biri hem Şyh Jüneýit,we onuň ogly Şyh Haýdar bolupdyr.Olar Gürjüstan we Trapezund patşalaryna garşy uruş alyp barypdyrlar.Şol uruşlarda Şyh Jüneýit Şirwançalar bilen hem çaknyşyp şol söweşlerde 1460 ýylda ölýär.Onuň ogly

Haýdar hem Şirwançalar bilen söweşde ýogalýar.( 1688 )

## Bartold.

Bartold Wasiliý Wladimirowiç (1869-1930) 1891 ýylyň Peterburg unwersitetinde g.d diller fakultetini tamamlap,şol ýerde mugallym bolup işleýär.Soňy bilen ýakyn we g.d halklarynyň taryhyna we medeniýetine degişli 400-den gowrak uly ylmy işi ýazyp 1913 ýylda Russiýanyň YA-ň akademigi bolýar.Onuň “Türküstan Mongollaryň ýörişi döwründe“atly işi oňa uly meşhurlyk getirip oňa taryh ylymlarynyň doktary diýlip at berilýär.Onuň ylmy işleri 9-tomluk ýygyndyda çap edilýär.

**Taryhymyzda yz galdyran türkmen zenenlary.**

**1.Mehmelek hatyn-**Beýik Seljuklar imperiýasynyň soltany mälik şanyň gyzy,28-nji halyf al-Mykted Biýemrillahyň aýaly.“Ummul Weled“(Birinji zenan) diýen adyny alan.Seljuklar halyflar neberesi bilen garyndaşlyk gatnaşygy çagry begiň gyzy Hatyjanyň Kaýym Betrullaha durmuşa çylarylmagyndan,soňundan Togrul begiň Kaýym Betrullahyň uýasyna öýlenmeginden başlanýar.

**2.Melike hatyn-**Horezmşalaryň soňky soltany jelaleddin Meňburnyň aýaly.

**3.Rodoguna-**Parfiýanyň patyşasy Mitridat I-iň (b.e.öň 171-138)gyzy.Siriýa patyşasy Dimitriýa durmuşa çykýar.ol hakda şeýle rowaýat bar:Rodoguna hammamda ýuwnup durka,birden duşman şähere çozýar.Ol saçyny çala-çula daňyşdyryp,ony ýeňişden soň ýuwmagy kasam edýärde,goşunyň öňüne düşüp,duşmana garşytopulýar.Duşman derwidagan edilýär.Rodogunanyň edrmenligine şeýlebir hormat guýupdyrlar welin,onuň şekilinii Ärsaklaryň şahsy möhürine geçiripdirler.Rodogunanyň mermerden ýasalan ajaýyp hepkeli arheolog M.Ý.Masson tarapyndan Nusaýda agzuw-agtaryş işleri geçirilip ýörkä tapylýar.Ol häzir Türkmenistanyň Milli muzeýiniň iň gymmatly eksponatlarynyň biridir.

**4.Sagab hatyn-**16-njy halyf al-Mutazid Billahyň (hökümdarlyk eden ýyllary 892-902)türkmen aýaly,18-nji halyf al Muktedir Billahyň (908-932) ejesi.Ol „Birinji zenan“derejesini göteripdir.

**5.Nurjahan-**ustajly türkmen taýpasynyň begleriniň biri Şir Efkeniň aýaly.Onuň adamsynyň hakyky ady Alyguly bolup,ol ýolbars bilen ýekme-ýek göreşde ony ýeňensoň oňa „Şir Efken“-„Şiri ýeňen“ lakamy berilipdir.Beg 1607 ýylda bir dildüwşügiň netijesinde öldürilýär.

**6.Ogulsapar hatyn (Sapariýe hatyn)-**Beýik Seljuklar imperiýasynyň soltany Mälik şanyň üçünji aýaly,iki soltanyň-Muhammet Taparyň we Soltan Sanjaryň ejesi.

**7.Törebeg hanym-**Gutlug Temiriň aýaly.1333 ýylda Ürgenje gelen arap syýahatçysy ibnBattudanyň ýazmagyna görä,Törebeg hanym bu ýere gelip gidýänler üçin metjit we hanaka gurdurypdyr.Onuň hormatyna galdyrylan „Törebeg hanym“mowzeleýi şu günler hem asyrlaryň şaýady hökmünde howalanyp dur.

**8.Fatyma hatyn-**Biýik Seljuklar imperiýasynyň sotany Muhammet Taparyň gyzy,31-nji halyf al-Muktefi Liýetrillahyň (1136-1160) aýaly.

**9.Türkan hatyn-**Garahanlylar henedanlygyndan bolan Ilik hanyň ogly Ibraýym Tamgaç hanyň gyzy,Beýik Seljuklar imperiýasynyň soltany Mälik şanyň aýaly,Seljuklary ň soltany mahmydyň ejesi.Ol 1104 ýylda aradan çykypdyr.

**10.Selime Soltanbegim-**Beýik Mogollar imperiýasyny esaslandyran Baburyň agtygy,meşhur türkmen serkerdesi hem şahyry Baýram hanyň (1502-1567) aýaly.Ol meşhur şahyr zenan hasaplanypdyr.“Mahfi“lakamy bilen şygyrlar ýazypdyr.

**11.Raziýe Melike-(1219-1239)** Deli soltanlygynyň türkmen patyşasy Şemseddin Iltutmyşyň (1210-1236) gyzy.Ol 20 ýaşynda aradan çykypdyr.1236 ýylda kakasynyň wesýeti bilen ol kakasy aradan çykandan soň 17 ýaşynda tagta çykýar.Ol erkek egineşigini geýipdir.Söweşleriň birinde aradan çykypdyr.

**12.Paşa begim-**türkmenleriň baharly tiresinden bolan Alyşükür beg Garagoýunlynyň gyzy,Garagoýunly türkmen döwletiniň hökümdary Muhammet Mirzanyň aýaly. **13.Naibe Ynançhatyn-**türkmen hanedanlygy Ahlatşalaryň hökümdary,ol adamsy Ibrahym ýogalansoň entek başy ýaş ogly Sökmen II-niň adyndan ýurdy zbaşdak dolandyrýar.

**14.Melike Seljuk hatyn-**Seljuk soltany Gylyç Arslanyň üçünji gyzy.Artykogullar henedanlygyndan emir Nureddiniň aýaly.Adamsy 1185 ýylda aradan çykandan soň halyf an-Nasr Lidinillaha durmuşa çykýar.Ýöne toýdan üç ýylda soň 30 ýaşynyň içindekä iki ogul dogrup aradan çykýar.Abu Hasan we Abu-Nasr Muhammet onuň ogludyr.Abu Nasr soňlugy bilen az-Zahir Biýemrillah adyny alyp,halyf (1225-1226) bolýar.

**15.Göwher Nesibe hatyn-**Seljuklaryň Anadoly hökümdary Gylyç Arslanyň gyzy.1205 ýylda hut şonuň buýrugy bilen Kaýseride „Gyýasiýe we Şafiýe“ atly medreseler gurulýar.Olar 1890 ýyla çenli özboluşly nedisina edarasy bolup,hyzmat edipdir.Olaryň ýanynda bolsa Göwheriň erkeke dogany Gyýaseddin Keýhosrow II tarapyndan „.Göwher Nesibe hatynyň“mowzeleýi gurulypdyr.

## Murawýowyň ekspedisiýasy.

Murawýowyň ekspedisiýasy 1819-1821 ýyllar aralygynda Hazar deňziniň g.d kenarlaryny öwrenmek we barlamak maksady bilen guralan ekspedisiýa.Ol Kawkazdaky rus goşunlarynyň baş komandýuşisi general A.P.Ýermolow tarapyndan iňlisleriň Eýranda hem-de Etrek-Gürgen ýomutlarynyň arasynda ruslara garşy herekerleriň güýçlendirilýän döwründe guralýar.Hazar deňziniň kenar ýakasyndaky türkmenleriň durmuşy bilen tanyşmak,olar bilen söwda,ykdysady we syýasy gatnaşyklary ýola goýmak,Hazaryň g.d kenarynda daýanç punkutyny gurmak üçin amatly ýer gözlemek ekspedisiýanyň esasy wezipesidir.Bu ekspedisiýada N.N.Murawýow Hazar deňziniň g.d kenaryny barlamalydy hem-de öz gören zatlarynyň ýazgysyny geçirmelidi.Soňra bolsa Russiýa bilen Hywa hanlygynyň arasynda söwda gatnaşygyny ýola goýmak üçin Hywa gitmelidi.General

A.P.Ýermolowyň N.N.Murawýowa beren ýörite görkezmesinde Hazaryň türkmen kenarynda daýanç punktyny gurmaga amatly ýer gözlemek hem nygtalýardy.N.N.Murawýowyň we M.I.Ponomarýowiň otrýadlary iki korablda Bakuwdan ugrap,1819 ýylyň 28-nji iýulynda Hazaryň g.d kenaryna ýetýär.Olar Kümüşdepäniň golaýynda ýomutlaryň ýaşulusy Kyýat han bilen gepleşikler geçirýärler.Ekspedisiýanyň naçalnigi M.I.Ponomarýow Esenguly obasynyň ýaşulylary bilen maslahat geçiren döwründe N.N.Murawýow Gürgeniň deňze golaýölaşýan ýerinde hem-de deňzioň kenar ýakasynda rus galasyny gurar ýaly amatly ýer gözleýär.Süýji suwuň ýoklugy hem-de Astrbada golaýlygy sebäpli ol bu ýerde gala gurup boljak däl diýen netijä

gelýär.N.N.Murawýow Kümüşdepede harby-topografik surat alyş işlerini amala aşyrýar,şeýle hem ýomutlaryň durmuşy bolen ýakyndan tanyşyp,olaryň ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşy,egin-eşikleri barada köp maglumatlar toplaýar.Ekspedisiýa Esenguly aýalagynda bolanda ol bu ýerde ýaşaýan türkmenler barada gymmatly maglumatlar ýygnaýar.Esengulyda ekspedisiýany Kyýat han öz ogullary bilen garşylaýar.Bu ýerde etregiň we Gürgeniň ýaşulylarynyň hem-de N.N.Murawýow bilen N.N.Murawýowyň gatnaşmaklarynda maslahat geçirilýär.Maslahatda M.I.Ponomarýow ýerli ýaşulylara ekspedisiýanyň esasy maksadyny düşündirýär.Ýaşulular Hazar deňziniň kenarynda söwda nokadynyň gurulmagyny makullaýarlar,şeýle hem Kawkazdaky rus harby häkimýeti bilen gepleşik geçirmek üçin Kyýat hany wekil saýlaýarlar.Şeýlelikde ekspedisiýanyň öz öňünde goýan wezipesini üstünlikli amala aşyrmagy üçin türkmenler tarapyndan ekspedisiýa gatnaşyjylara hiç hili garşylyk görkezilmeýär,gaýtam olar özleriniňrus raýatlygyna kabul edilmegini soraýarlar hem-de Kyýat hany Murawýowiň ekspedisiýasy gutarýança onuň ýanynda bolmaly edýärler.

2-nji sentýabrda ekspedisiýa Kyýat hany we türkmenleriň birnäçesini ýanyna alyp,Çeleken adasyna ugraýar.Olar ýerli ilat bilen duşuşyk geçirýärler hem-de olaryň gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary barada gymmatly maglumatlar ýygnaýarlar.Ekspedisiýa 10-njy sentýabrda Krasnowodsk aýlagyna barýar.N.N.Murawýow bu ýeriň gala gurmaga örän amatlydygyny belleýär.Soňra ol

Krasnowodsk aýlagyndan Hywa ugraýar.Olar Hywada iki aý bolup,1819 ýylyň 18-nji dekabrynda yzlaryna gaýdyp gelýärler.Şundan soň ekspedisiýa Bakuwa ugraýar.Ekspedisiýa bilen Kyýat han hem gidýär.Tbiliside ony general A.P.Ýermolow kabul edýär hem-de özara pikir alyşýar.General A.P.Ýermolow ýomutlaryň rus ýaratlygyna kabul edilmegi baradaky haýyştlaryny öz döwlet ýolbaşçylarynyň garamagyna berendigini Kyýat hana aýdýar.

Ekspedisiýanyň ýygnan materiallary bilen doly tanyşylandan soň Hazaryň g.d kenar ýakasynda ýaşaýan türkmenler bilen yzgiderli söwda,ykdysady we syýasy aragatnaşyklary ýola goýmak maksady bilen ol ýere täze ekspedisiýa gurmak karar edilýär.N.N.Murawýowyň ýolbaşçylygyndakyekspedisiýa 1821 ýylyň 25-nji iýunynda bakuwdan ugrap,27-nji iýunda hem Çeleken aýlagyna gelýär.Bu ýerde ekspedisiýany

Kyýat han dabaraly garşylaýar.N.N.Murawýow Çelekende 18 günläp,barlag işlerini geçirýär we gören zatlaryny ýazyp alýar.Ol öz ýazgysynda Çeleken täjirleriniň Eýranyň d.g welaýatlary bilen söwda aragatnaşygyny al;yp barýandygyny gysgaça beýan edýär.Onuň berýän maglumatlaryna görä çelekenli türkmenler Eýrana her ýylda 40 müň put nebit äkidipdir.Şol bir wagtyň özünde Çelekene Mazendrandan,Astrabatdan Eýran soldatlary gelip,20 müň put nebiti satyn alypdyrlar.

N.N.Murawýow 21-27-nji iýulda Krasnowodsk ýalagynda 4 bastionly kiçiräk berkitmäni gurýar we ony „Woznesenskiý“diýip atlandyrýar.Şeýlelikde Hazar deňziniň türkmen kenarynda ruslaryň deňiz bazasy peýda bolýar.N.N.Murawýow 1821 ýylyň

awgustsentýabr aýlarynda Krasnowodsk burnunda,Darja adasynda barlag işlerini geçirýär.Ozal berilen görkezmä görä Ekspedisiýa Garabogaz we Kinderlin aýlagynda hem barlag işlerini geçirmelidi,emma howanyň sowamagy bilen bu işler amala aşyrylmaýar we ekspedisiýa Bakuwa ugraýar.N.N.Murawýowyň bu ekspedisiýasynyň ähmiýeti örän ulydyr.Onuň bu ekspedisiýasy Hazar deňziniň kenarynda ýaşaýan türkmenleriň ýaşaýşyny açyp görkezdi we mundan başgada türkmenler bilen orslaryň arasynda söwda we ykdysady-syýasy gatnaşyklaryň ösmegine ýardam etdi.

### Tokmaçýowyň we Ladyženskiniň ekspedisiýasy.

1764 ýylda Maňgyşlak türkmenleriniň birnäçe gezek haýyş etmegi boýunça Russiýanyň daşary işler we admiralteýstwo Döwlet kollegiýalary tarapyndan Sankt-Peterburgdan Astrahan gubernatoryna ýörite ukaz iberip, Kaspi deňziniň gd.kenarlaryny barlamak üçin guran ekspedisýasy.Üç sany söwda gämisinden ybarat ekspedisýa kapitan I.W.Tokmaçýowyň we inžener-maýor M.Ladyženskiniň ýolbaşçylygynda 1764 ýylyň 20nji maýynda Astrahandan Maňgyşlaga gaýdýar.Hökümet tarapyndan berlen instruksiýada ekspedisýanyň baştutanlaryna Maňgyşlakda ýaşaýan türkmenler bilen hoşniýetli gatnaşyklary ýola goýmalydygy, olary un, mata we beýleki zerur harytlar bilen üpjün etmelidigi tabşyrylýar.

Ekspedisiýa 1764 ýylyň oktýabr aýyna çenli Maňgyşlagyň kenarlarynda barlag işlerini geçirýär, türkmenler bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barýar,Tokmaçýowyň ýolbaşçylygynda iki sany gämi g.o tarapa ýüzüp, Ogurjaly,Çeleken adalaryny (Çeleken şol döwürde adady), Balhan aýlagyny, Krasnawodsk ýarym adasynyna aýlanyp çykýar.Ekspedisiýa gatnaşýan adamlaryň arasynda singa keseliniň ýaýramagy we süýji suw zapasynyň gutarmagy netijesinde Tokmaçýow bilen Ladyženskiý yzlaryna gaýtmaga mejbur bolýarlar.Ekspedisiýa döwründe türkmenleriň haýyşy boýunça Astrahandan täjir L.Iwanowyň galla ýükli gämisi Maňgyşlaga gelip,olara arzan bahasy bilen galla satýar.Maňgyşlak türkmenleri Astrahan gubernatory general N.A.Beketowa we Ýekaterina II-ä arza bilen ýüz tutup, berkitme we port gurulmagyna razydyklaryny, rus, Hywa, Buhara we Hindi täjirleriniň kerwenlerini garakçylardan goramaga taýýardyklaryny beýan edýärler.Şeýle arza bilen Krasnawodsk ýarym adasynda ýaşaýan türkmenler hem Beketowa ýüz tutýarlar.Şeýlelikde, Tokmaçow we Ladyženskiý rustürkmen söwdaykdysady gatnaşyklarynyň ösmegi belli derejede ýardam edýär.

## Alty Garlyýew

Alty Garlyýew, türkmen aktýory, teatr we kino režissýory, dramaturg, öz döwründe SSSR-iň kinomatografiýaçylar birleşiginiň agzasy, Türkmenistan SSR-niň Ýokary sowetiniň we Kommunistik partiýasynyň agzasy, SSSR-iň Halk artisti, Stalin adyndaky 2-nji derejeli baýragyň iki gezek eýesi.

A.Garlyýew 1909-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda Tejen etrabynyň Babadaýhan obasynda eneden dogulýar. 1929-njy ýylda Aşgabadyň teatral studiýasyny, 1931-nji ýylda Azerbaýjanyň Baku şäherindäki teatral tehnikumynyň (häzir Azerbaýjanyň Medeniýet we Sungat uniwersiteti) režissýorlyk bölümini okap gutarýar. Aktýorçylygy we režissýorlygy bilelikde dowam eden A.Garlyýew 1941-1953-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Opera we balet teatrynyň baş režissýory, 1956-1960-njy ýyllarda "Türkmenfilm" kinostudiýasynyň režissýory, 1960-1963-nji ýyllarda Stalin adyndaky Türkmen drama teatrynyň (häzir Mollanepes adyndaky talyplar teatry) direktory we baş režissýory bolýar. A.Garlyýew birnäçe pýessalaryň, operalaryň we librettolaryň awtorydyr. Aýaly Annagül Annagulyýewa (1924-2009) hem opera aýdymçysydyr we SSSR-iň Halk artistidir.

Ol aradan çykandan soňra "Türkmenfilm" kinostudiýasyna ady dakylýar we 2007-nji ýyla çenli A.Garlyýewiň adyny göterýär. Ony hormatlap paýtagtymyzda A.Garlyýewiň ady dakylan köçe hem bar. Ol 11.12.1973-nji ýylda Aşgabatda aradan çykýar. Alty Garlyýew "Aýgytly ädim" kinofilmindäki Gully hanyň we "Mukamyň syry" kinofilmindäki Karkaranyň kakasynyň obrazlary bilen halkyň aňynda öçmejek yz galdyrdy. Alty Garlyýew döreden birnäçe kinofilmleri, aýratynam Berdi Kerbabaýewiň adybir romany esasynda düşürilen "Aýgytly ädim" kinofilmi arkaly diňe Türkmenistanda däl, tutuş öňki SSSR-iň düzümine girýän respublikalarda hem giňden tanalýar.

## Aragatnaşyk ýollar

Yurdumyzyn DEMIR YOLYNYN umumy uzynlygy -5113km barabar. Demir yolun ugrunda 742sany kopri bar.

AWTOMOBIL YOLLARYNYN umumy uzynlygy -13737km barabar sholaryn 6540km Dowlet we 2280km -Halkara ahmiyetlidir.

## SOLTANBENT

Murgabyn orta akymynda yerleshyan iñ gadymy gidrotehniki desga. Irki dowri. VIII asyra degishli.
SOLTANBENT adyny XII asyrda alyar. Soltan Sanjar dowrunde. Taryhda Encheme gezek yumrulyar we dikeldilyar. Ilkinji gezek :

1)1162yylda suw bowusyar 2)1219y mongollar yykyar
3)1409y Şahruh dikeldyar.
4)1566y Şeýbany hökümdary Abdylla II

ýumurýa
5) 1727y Nedir şa ýumurýar we ozi 1736yyl dikeldýär
6) 1785y Shamyrat Welnamy yumurya

## TALAYHAN ATA SARAÝY

Uzboyun cep kenary Baleyshem menzilinin 13km go.yerleshyan gadymy kerwensaray. XI asyrda bina edilipdir.Mongollan gelmegi bln yylylyar. Bishen kerpichden. Diametri 60m. Saklanyp galan beyikligi 3m.1952y S.P. Tolstow owrenyar. Demir onumlerini tapyar. Dash diwaryn yuzune yazylan yazgyny TOLSTOW okayar "MUHAMMEDIN OGLUNYN (YUSUBYN)OGLY SEYIT. 472y "bizin hasabymyzda 1079y bolyar.Bu bolsa kerwensarayyn bina edilen wagtyny gorkezyar

## Danatar Öwezow

Danatar Öwezow 1911 ýylda doglan. 1966 ýylda ýogalan .Türkmen marşy (1925), piýala , sen-sen , bibijan, daş galdy, mende galan tasirler, Şapoşnikow bln "Ayna"operany ýazýar .Türkmen dowlet sazçylyk Mekdebi halypanyň adyny döterýär.
Danatar Owezow 1911 yylda doglan 1966 yylda yogalan .Turkmen marsy (1925), piyala , sen-sen , bibijan, dash galdy, mende galan tasirler, Shaposhnikow bln "Ayna"operany yazyar .tkm dowlet sazcylyk Mek adyny doteryar

## Adile hatyn

Osmanly hanym, soltan we şahyrlaryñ biri. Kakasy Osmanly soltany Mahmyt han II, ejesi Zernigar Hatyn. 1825-nji ýylda doguldy. Ol örän gowy maşgalada, gowy terbiýäni aldy. 1845-nji ýylda Kaptany-derýa Mehmet Aly paşşa durmuşa çykdy. Soltan Abdylmejit döwründe bir ýyla ýakyn sadrazamlyk eden Mehmet Aly Paşşa 1868-nji ýylda dünýeden ötdi. Adile hatyn adamsynyñ ölüminden soñ gyzyny hem ýitirýär. Onuñ gyzy dünýeden öteninden soñ Adile hatyn öýüne dolanyp barýar, hemme zady goý bolsun edip özüni ybadata bagş edip, garyp-pukaralara seredipdir. Olara elinden gelen kömegini gaýgyrmaýar. Ömri boýunça mekdep we pukaralaryñ öýlerini abatlaýyş geçirdip, çagalaryñ ylymly-bilimli bolmagy üçin elinden gelen kömegi berdi. Adile hatyn ömrüniñ soñky günlerini Fyndyklyda häzirki Güzel Sanatlar Akademiýasy bolan Sahilsaraýda geçirdi we 1898-nji ýylyñ Ýanwar aýynda dünýeden öteninde adamsy Mehmet Aly Paşşanyñ Eýýupdaky türbesinde depin edilipdir. Adile soltan şol döwürde Osmanly hanedanyna degişli Diwanyna degişli ýeketäk zenan şahyrdyr. Aýratynam Fuzuly we Şeýh Galibe nazireler we Ýunus Emräniñ terzinde şygyrlar ýazypdyr. Soltan Adiläniñ basylan Diwanynyñ ýazma nusgalary Uniwersitet we Topgapy köşginiñ kitaphanasynda bardyr

# Ahal welaýatyndaky taryhy ýadygärlikleri

Nusaý galasy

Dünýä medeniýetiniň taryhynda Parfiýanyňsiwilizasiýasyna aýratyn orun degişlidir. Merkezi Aşgabadyň golaýyndaky Nusaýda ýerleşip, Günorta Türkmenistanyň daglary, düzlükleri hem-de sähralary onuň sallançagy bolupdyr.Ony döredijiler türkmenleriň gadymy ata-babalarynyň biri bolan dah-parn taýpalary bolupdyr.B.E. öň IV asyrda grekmakedon goşunlarynyň zarbasy astynda Ahemenitleriň imperiýasy dargapdyr. Aleksandr Makedonskiniň (Iskender Zülkernaýin) oruntutarlary bolan selewkitleriň döwründe Baktriýa, Parfiýa we Horezm döwletleri döräpdir. B.E. öň III asyrdan B.E. III asyryna çenli 600 ýyla golaý dowam eden Parfiýa döwleti uly imperiýa öwrülip, B.E. I asyryndan başlap Rim imperiýasynyň bäsdeşine öwrülipdir. Özüniň gülläp ösen wagtynda Ortaýer deňzinden Demirgazyk-Günbatar Hindistana çenli ýerleri öz içine alan Parfiýa imperiýasynyň esasy özeni Partawa bolupdyr.

Hut şu ýerde B.E. öň 247-nji ýylda Garagumda ýaşaýan aparn (ýa-da parn) taýpasynyň serdary Arsak Partawy eýeläpdir. Bu ýerdäki selewk satrapy Andragor öldürilipdir.

Şondan soň Arsak özüni garaşsyz Parfiýanyň hökümdary diýip yglan edipdir. Parfawnisada Arsakidler neberesiniň mülkleriniň administratiw we ykdysady merkezi gurlupdyr. Köne Nusaýda geçirilen arheologik gazuwlar mahalynda tapylan dokumentler bu galanyň adynyň Mitridatkert bolandygyny kesgitlemäge mümkinçilik berdi. Ol B.E. öň 171-138-nji ýyllarda patyşalyk eden Mitridat I tarapyndan gurdurylypdyr. Köne Nusaýda demigazyk we günorta atlandyrylýan iki sany arhitektura toplumy bolupdyr. Weýran bolan demirgazyk toplumdan 1948-nji ýylda pil süňkünde (şirmaýydan) edilen meşhur ritonlar tapyldy. Günorta toplumda üç sany desgany - diň şekilli ymaraty, inedördül we tegelek zallary tapawutlandyrmak bolar.

## Riton

Köne hem-de Täze Nusaý şäherjiklerinde gazuw-agtaryş işleri geçirilende ajaýyp arhitektura, sungat ýadygärlikleri, keramiki gap-gaçlaryň böleklerine ýazylan hojalyk dokumentleriniň deň-taýy bolmadyk arhiwi ýüze çykaryldy.

Parfiýa şalarynyň genji-hazynalary saklanylýan gaznalary köp sanly jaýlardan, eýwanlardan hem-de içerki howlujyklardan ybarat ägirt uly dörtgyraň desga bolupdyr. Gaznalaryň jaýlary gymmatbahaly zatlardan dolan badyna olar petiklenip, özboluşly seýflere öwrülipdirler.

Genji-hazynalaryň saklanylýan gaznasyndan şirmaýydan ýonulyp ýasalan ritonlaryň uly toparynyň ýüze çykarylmagy öz wagtynda asyryň tapyndysy diýlip atlandyryldy. Ritonlar bilen doldurylan tutuş bir otagyň üsti açyldy. Ritonlar şirmaýydan ýonulyp ýasalyp, olaryň käbirleriniň detallary altyn çaýylan bürünçden, sap altyndan we bürnçden

taýýarlanypdyr. Ritonlarda dürli kompozisiýaly güberçek gazma nagyşlar ýerleşdirilipir. Ritonlar kentawrlaryň, ýolbarsa çalymdaş grifonlaryň, aýallaryň we ş.m. keşbi bilen bezelipdir.

Bezeg-haşamlarynyň kompozisiýalarynyň sýužet äheňi esasan grek mifologiýasy bilen baglanyşykly bolup, ýöne grek mifleriniň personažlaryna ýerli, parfiýa häsiýeti berlipdir. Ritonlaryň birinde Parfiýa şalygyny esaslandyryjylaryň biriniň şaýylygyň ýüzündäki "skif" eşigine çalymdaş lybasly parfiýaly gabat gelýär. Beýlekileriniň käbirinde bolsa garamaýak parfiýalylary görýäris.
Gaznadan altyn çaylan gündogar tipli söweşjeň altyn paltajyk, ikiýüzli gysga gamalar, demir sowudyň bölekleri ýaly şa ýaraglarynyň görnüşleri hem tapyldy. Şanyň baýramçylyk galkany-da ussatlarça taýýarlanyp, kaşaň bezelipdir.

**ÄNEW METJIDINIŇ ANSAMBLY**Halk arasynda Seýit Jemaleddiniň metjidi ady bilen belli bolan bu ymaratyň galyndylary Änew şäherçesiniň gündogarsynda ýerleşýär.

Arheologik maglumatlar Günorta Türkmenistanyň eneolit zamanynyň ýadygärliklerini "Änew medeniýeti" diýen at bilen ylmy dolanyşyga girizmäge mümkinçilik berdi. Ansambly dört desga - metjit, onuň öňündäki gabyrüsti we beýik gümmezli zaly bolan iki sany jaý emele getiripdir. Bu çylşyrymly desga metjidiň, guburhananyň, medresäniň we hanakanyň wezipelerini ýerine ýetiripdir.

Änewdäki metjidi öwrenmegiň başlangyjyny 1886-njy ýylda W.A. Žukowskiý başlapdyr.1904-nji ýylda harabaçylygy R. Pompelliniň amerikan ekspedisiýasy gazypdyr. Sonky ýyly A.A. Semýonow metjidiň gysgaça beýanyny hen-de ony öwrenmäge çakylygy çap etdiripdir. 1920-nji ýyllarda A.A. Karelin we W.R. Tripolskiý deformasiýanyň we weýranlanmagyň sebäplerini barladylar, inžener S.S. Sklaýarowskiý bolsa çyzgysyny ýerine ýetirdi. Ýadygärligi konserwasiýa etmek işlerini dürli wagtlarda W.R. Tripolskiý we N.M. Baçinskiý amala aşyrdy. 1947-nji ýylda M.Ý. Massonyň ýolbaşçylygy astynda Günorta Türkmenistan arheologik kompleksleýin ekspedisiýasy ansambly çuň we hemmetaraplaýyn öwrenmek işini geçirdi. Şonuň netijesinde-deençeme makalalar we G.A. Pugaçenkowanyň giňişleýin monografiýasy (1959 ý.) peýada boldy. Metjidiň portalynyň ýokarsynda Horasanyň hökümdary soltan Abul Kasym Babyryň (1446-1457ý.) ady getirilipdir. Ondaky ýazgyda şeýle diýilýär:"Bu gurluşyk beýik soltan, öz halklarynyň eýeleri, ýurtlaryň we asyrlaryň penakäri Abul-Kasym-Bayr Bahadur han patyşalyk süren wagtynda boldy, hemmeden Beýigiň özi onuň häkimiýetini we onuň paryşalygyny ebedileşdirsin".

Beýleki ýazgylarda "Gözellik öýüni" Muhammet diýen biriniň öz kakasy Jemaleddünýä-wa-d-diniň ýadygärligi üçin öz serişdeleri bilen 1455-1456-njy ýyllarda gurdurandygy hakyndaky maglumat getirilýär.

G.A. Pugaçenkowa metjidiň ýüzündäki ýazgyda ady gelýän Muhammedi soltanyň weziri bolan Muhammet Hudaýdot bilen bir diýip ynandyrýar, özi-de onuň bu ýerde jaýlanan

kakasy Jemaleddiniň doglan ýeri Änew eken diýýär. Desga gurlup tamamlanmandyr, çünki soltan Babyr ölenden soň (1457 ý.) özara uruşlar we weýrançylyklar döwri başlanypdyr.

Oňat bişen kerpiçden bina edilen metjit keramik mozaika bilen we syrça bilen gysganylman bezelipdir. Beýik portalynda inli depesi çowly arasy bolan metjidiň gapysy howlynyň içine tarap açylýar eken. Gapynyň arkasynda ellistik gümmez bilen örtülen inedördül (taraplary 10,5 metr) zaly bolupdyr. Gümmez çekili arkalaryň we konstruktiw taýdan tamamlanmadyk stalaktit dekorasiýaly paruslaryň üstüde durýar eken. Peştagy demirgazyga bakdyrylypdyr we jaýyň jümmüşinde günorta diwaryň ýüzünde syrçalar bilen bezelen mährap bolupdyr. Onuň gapdallarynda günorta diwaryň ýüzünde insizje tagçalar edipdirler, olar diwaryň daş ýüzüne çykytly edilipdir. Metjidiň beýleki iki diwarynda hersinde ikiden inli çuň tagçalar edipdirler. Bu tagçalar hem hüjreli sokol etažynyň derejesinde metjidi üç tarapyndan gurşan eýwanyň içine çykytly edilipdir. Iki gapdalynda oňa goşulyp guralan gurluşyklar metjidiň portalynyň öňündäki giň howlyny gabsapdyr. Olaryň gümmezli zallary (diametri 7 metr töweregi) iki etažynda hem kiçeňräk otaglar bilen gurşalypdyr.

Portalyň ýozaik bezeginiň çeperçilik özboluşlylygynyň uly gymmaty bolupdyr. Ol bezegde arkanyň, üstünde bir-birlerine tarap kellelerini uzadyp süýnüöip gelýän iki sany eýmenç görnüşli aždarhanyň şekili çekilipdir. Olaryň sarymtygarak göwresi ownuk ösümlik nagyşly garamtyl-mawy mozaik düşegiň üstünde towlanyp barýat, ol ownuk ösümlik nagyşlary fantastik janawarlaryň her biriniň açylan agzyndan başlanýar. Jaýyň öň ýüzündäki monumentel sungatda şuňa meňzeş aždarhalaryň şekillendirilişiniň nusgasy Orta Aziýada başga ýok. Änew metjidinde aždarhalaryň şekillendirilmeginiň manysyna has ynamlyrak düşündirişi G.A. Pugaçenkowa berýär. Ol “munuň özi XV asyrda Änew töwereginde ýaşan ... esasy türkmen taýpasynyň totemidir, ähtimal Änewde jaýlanan şeýh Jemaleddin hem şol taýpadan bolandyr“ diýip hasap edýär.

Bu metjidiň gurluşygy hakda ýerli ilatyň arasynda ur döwürlerden bäri şeýle rowaýat dowam edip gelýär:”Bir wagtlar şäheriň gala diwarynyň düýbünde bir agaç dikilip, ondan uly jaň asylyp goýlupdyr. Başyna iş düşen her bir ýolagçy jaňy kakmak bilen şähere duýduryş berýär eken, ilat bolsa oňa kömege gelip, başyna düşen işden ony halas edýärler eken. Bir gezek adalatly we parasatly Jamalyň ýurdy dolandyrýan wagtynda adamlar jaňyň gaty we howsalaly kakylýandygyny eşidipdirler. Derwezäniň agzyna ylgaşyp gelenerinde olar ägirt uly towlanyp duran aždarhanyň jaňy kakandygyny görüpdirler. Şunda ol aždarha bir zady görkezýän ýaly edip, daga tarap ümläpdir, soňra bolsa märekäniň arasynda elleri paltaly we byçgyly duran iki ussa tarap ümlenip, daga tarap ugrapdyr. Patyşa aýal Jamal ussalara aždaranyň yzy bilen gitmegi buýrupdyr. Bular daga baranlarynda, agyr jebir çekip ýatan başga bir aždarhany görüpdirler: ol uly dag geçisini diriligine ýuwdupdyr, emma onuň buýralay şahlary aňryk geçmän, aždarhanyň bokurdagyna ilişip galypdyr. Edermen ussalar aždarhanyň açylyp ýatan agzyna girip, dag

geçisiniň şahlaryny byçgy bilen kesip aýrypdyrlar we geçiniň etini böleklere bölüşdiripdirler whem-de aždarhany jebirden gutarypdyrlar. Şundan soň birinji aždarha ussalary hazynadan doly bolan bir derä eltipdir we olara şol hazynadan gereklerini hemde göterip bilenlerini almaga ygtyýar beripdir.
Ertesi şäheriň ilatyny ýene-de jaňyň sesi oýadypdyr. Olar galadan çykanlarynda iki aždarhany hem görüpdirler, ol aždarhalar köp altyn we gymmatbahaly daşlary alyp gelen ekenler. Olar bu zatlary patyşa aýalyň öňünde goýup, özleri ýene daga tarap gidipdirler. Jamal bu gymmatbaha zatlardan uly metjit gurmagy we onuň peştagynda şu zatlary beren aždarhalaryň şekilini çekmegi buýrupdyr. Rowaýatda aždarhalar Änewiň ilatyna hossarlyk eden jandarlar hökmünde görkezilýär, olaryň şekili bolsa ýykylan metjidiň ýüzündäki ýazgyda atlandyrylyşy ýaly "Gözellik öýüni" gorap saklapdyrlar."

**Sarahs babanyň kümmeti we Sarahs galasy**
Ýadygärligiň ýerleşýän ýeri: Ahal welaýatynyň Sarahs etraby Ýadygärligiň döwri: b.e. ö. I m.ý. – b.e. XIX asyry  Ýadygärligiň taryhy:
Sarahs Beýik ýüpek ýolunyň ugrundaky Nişapur bilen Merwiň arasynda we Tejen derýasynyň ýokarky akymynda ýerleşen adybir welaýatyň merkezi şäheri bolupdyr. Bu ýere ilat eneolit döwründe (b.e.o. IV m.ý.) göçüp gelip başlapdyr.
B.e.o. I m.ý. ortasynda köne Sarahs şäherjiginiň ýerinde ilkinji obalar peýda bolupdyr. B.e.o. II m.ý. Sarahs Parfýan döwletiniň düzümine giripdir we Siraken diýen ady alypdyr, ol syýasy we ykdysady taýdan Merwe tabyn bolupdyr. Araplaryň gelmegi bilen Orta Aziýanyň ýerli mirasdarlary bilim alanlaryndan soň, Sarahsyň ähmiýeti ep-esli artýar. Şol wagt Beýik ýüpek ýolunyň esasy ýollarynyň biriniň ugry üýtgeýär, şondan soň ol Eýranyň merkezi welaýatlaryndan Nişapura baryp ýetýär, ondan aňryk bolsa Sarahsyň üsti bilen Merwe we gündogara tarap gidýär. Sarahsyň halkara söwdasynyň aýlawyna goşulmagy onuň ykdysadyýetiniň ýokary göterilmegine amatly täsir edýär. Şol döwürde Sarahs umumy meýdany 120 gektardan, töwereginden 12 metr ýokaryk galdyrylan, 340×560 metr uzynlykda berkidilen şähristanly gür ilatly uly şähere öwrülýär.

Şähristanyň 300-400 metr töwereginde, esasan, önümçilik mähelleleri ýerleşdirilipdir. Dürli görnüşli hünärmentçiligiň arasynda Sarahsyň gurluşykçy ussalary ajaýyp üstünlige eýe bolupdyrlar.

Sarahsyň ussalarynyň şöhrady Orta Aziýa we Eýrana ýaýrapdyr, muňa Sarahsyň çäklerinden daşarda gurlan ymaratlar şaýatlyk edýär. Eýrandaky Rabat-Şarif kerwensaraýynda, Merwdäki Soltan Sanjaryň äremgähinde, Jar-Gürgendäki münberde Sarahsly ussalaryň atlary saklanyp galypdyr.
Sarahsyň ussalarynyň aýdyň eserleriniň biri halkyň arasynda "Sarahs babanyň mawzoleýi" diýlip atlandyrylan Abul Fazlyň äremgähidir. Ol 1023-nji ýylda aradan

çykan musulman akyldary Abul Fazylyň Sarahs şäheriniň etegindäki mazarynyň üstünde XI asyrda bina edilipdir.

XIII asyryň başynda mongol basybalyjylary Sarahsyň durmuşyna agyr zarba urupdyrlar

## Alamberdaryň kümmeti

ALAMBERDARYŇ TÜRBESI (XI asyr) Atamyrat (Kerki) şäherinden 12 kilometrlikde Muitasiriň türbesi ýerleşýär. Ýerli ilat ony Alamberdaryň ýa-da Alamdar tugçynyň - “baýdak göterijiniň” mazary diýip atlandyrýar. Rowaýata görä ol halyf Alynyň harby serkerdesi bolupdyr.

Taryhy çeşmeler orta asyrlarda Zemm etrabynda 1004-1005-nji ýyllarda Samany hökümdary Abu Ybraýym Ysmaýyl Muntasiriň öldürilendigine we şu ýerde jaýlanandygyna şaýatlyk edýär. Alamberdaryň mawzoleýi Türkmenistanda XI asyr migmarlygynyň (arhitekturasynyň) iň oňat nusgalaryndan biridir. Planynda inedördül (10,35 metr) bolan bu uly jaý arka paruslarynyň üstünden gümmez bilen örtülen otaglydyr. Inedördül (27 × 27 × 4,5 sm) bişen kerpiçden we figuraly kerpiçden nagyşalanypdyr. Örüm bilen edilen öň ýüzüniň timarlanyşy aýratyn gyzyklydyr. Çüňkleri sekiz gyraňly sütünler bilen berkidilipdir. Girelgesi çaklaňrak peştag (portal) bilen, onuň taraplary bolsa üsti arkaly nagyşly örülen tagçalar bilen haşamlanypdyr **Rowayat** “Bir gezek Alamberdaryň nökerleri çölde suwsuzlykdan horlanypdyr. Alamberdar guýy gözlemäge ugrapdyr hem-de özi azaşmaz ýaly esgerlerinden gije ot ýakmagy haýyş edipdir. Suw tapyp Alamberdar ýalňyşlyk bilen duşmanlaryň oduna barypdyr we olar tarapyndan öldürilipdir”.

## Arap döwletleriniň osmanly türkleriň gol astyna düşmegi

M E Ỳ I L N A M A

1. Müsür osmanly türkleriň gol astynda.
2. Siriýanyň türkleriň gol astyna düşmegi.

XVI asyrda bütin arap döwletleri türkler tarapyndan basylyp alnypdy we osman imperiýasynyň düzümine girizilipdi. Ilkinji Siriýany soň arap döwletlerini boýun egdirdi. Siriýanyň ilaty iki taraplaýyn ezişe sezewar boldy. Mamlýuklaryň zulumyna şäheriň pes gatlagy, hünärmentler we maýda söwdagärler zyýan çekýärdi. Üstesine salgytlar hem halkyň öňki erbet durmuşynyň üstüni doldurýardy.1516-njy ýylda türk goşuny Selim I ýolbaşçylygynda Kiçi Aziýa Demirgazyk Siriýa aralaşdy. Mamlýuk goşunlary Müsürden Soltan Kansu Guriniň ýolbaşçylygynda gelipdi. Olaryň oňat ýaraglanan türk goşunlary we gury ýer goşuny (ýaniçarlar) olaryň atly goşunyny ýeňillik bilen boýun egdirdiler. Şeýdip Siriýanyň halky garşylyk görkezmän türklere boýun bolup başladylar. Selim I ýaniçar goşunlary Damaskda ýerli ilaty taladylar. 1517-nji ýylda türk goşunlary Selim I başda durmagynda Kaira geldiler. Müsüriň paýtagtyny talap başladylar. Kansu Guri ölenden soň onuň öňki guly Tuman beg mamlýuk goşunlaryna ýolbaşçylyk edýärdi. Ol Selimi Müsür beduinlerine tutup berýär, emma onuň ödüni tutup, Kairde dardan asýarlar.

Şeýdip, türk soltany Hajisi musulmanlaryň Mekge Medinedäki çokunýan ýerlerine çenli eýeläpdirler. Selim I Käbe ybadathanasynyň açaryny alýar.
Ýöne türkler ýerli iri ýer eýelerini güýçli süteme sezewar etmän, bir bölen ýerini ellerinden alypdyrlar. Ol ýerleri-de mamlýuklara garşy göreşýänlere beripdirler. Jepa çekjek, süteme sezewar boljak ýerli ilatdy, ejişe çydam edip bilmän 1517-nji ýylda Siriýada halk gozgalaň turuzdy. Siriýany türkler 4 welaýata bölüpdi, oňa paşalyk diýip at beripdi. Damask, Tripoliýa, Saýd we Haleb. Halebde türkler ýerleşende, beýleki paşalyklarda ýerli iri ýer eýeleri türklere wassam bolup, halkyny ezýärdi. Soltan salgyt ýygnap Stambula (Konstantinopyla) soltan haznasyna girdeji ýollaýardy. Özünde galdyran serişdeleriniň hasabyna goşuny saklamalydy. Halkyň güýçli ezilmegi, hojalygyň çagşamagyna getirdi. Üstesine XV asyrdaky Beýik geografiki açyşlar hem Hindistan we Indoneziýadan gelýän harytlar Günbatar Ỳewropa ýurtlaryna umman ýollary bilen geçirildi, olar Kiçi Aziýada düşlemediler. Emma Liwanlylar türklere garaşly bolmajak bolup uzak göreşipdirler. Fahreddin II patyşa bolan wagtynda 1585-nji ýylda bary-ýogy 13 ýaşapdy, ol 1635-nji ýyla çenli ýurdy dolandyrýar. Fahreddin ilkibaşda türk soltanyna wassal borçlaryny ýerine ýetirip berýär. Şonuň üçin türk soltanlary beýleki ýerli iri ýer eýeleriniň elinden ýerini alyp eýeçiligini giňeldende-de oňa garşylyk görkezmeýärler. Ol Ỳewropa ýurtlary Fransiýa, Flarensiýa bilen söwda aragatnaşygyny edýär. Onuň döreden özbaşdak döwletine türk hökümetiniň gözi gidip, 1609-njy ýylda Damaska Ahmet Hafizi goýup, Anatomiýadan ýarag getirdýär. Türk we arap güýçleri birleşip Fahreddiniň Manid emirliginiň garşysyna göreşýärler. Diňe 1613nji ýylda türk harby ilaty Siriýa-liwan kenaryny zabt edýär. fahreddin gaýtawul bermäge güýjüniň ýetmejegine gözi ýetenden soň fransuzlaryň gämisine münüp, Italiýa ugraýar. Ol 5 ýyllap Italýan we Fransuz döwletinden osman imperiýasyna garşy göreşde kömek bermeklerini sorap gezýär. 1618nji ýylda ol Liwana gaýdyp gelýär. Onuň türklere garşy göreşe çagyryşyny halk goldaýar, 100 müň adamadan ybarat goşun jemleýär. Antýuhiýadan Sadada çenli ýerlerde türk agalygynyň soňuna çykýar. 5 ýyldan soň Damask patyşasynyň goşunyny derbi-dagyn edip, Palestinany eýeleýär. Emma halys uruşlar zerarly ýadan goşun öz obasyna gidýär, ol ýerde-de uruş zerarly halkyň ýagdaýy agyrlaşdy. Şu ýagdaýlary görüp, türk hökümeti Fahreddine garşylyk görkezýär. 1635-nji ýylda ony ýesir alyp, Stambulda jezalandyrýarlar. Müsürde Süleýmanyň basyp alyşlaryna garşy gozgalaň tutaşýar. Süleýman 1525-nji ýylda Ibraýym patyşany Müsüre tertipdüzgüni girizmäge iberýär. Müsürde Süleýman I döwründäki “Kanunnamalar” girizilýär, daýhanlar ýene-de iri ýer eýeleriniň ýerlerine berkidilýär. Pul we zat görnüşindäki salgytlar girizilýär. Halky ezip, oba-hojalygy, senagat pese gaçdy. Hindi ummanynda we Gyzyl deňizde Portugal söwdagärleri agalyk edýärdi. Müsür gury ýerde edýän öňki söwdadaky agalygyny elden gidiripdi.

**Demirgazyk Afrika.**

XV asyrda iri ýer eýeçiliginiň dagnyklygy we özara uruşlar netijesinde pese gaçyp, daşky çozuşlara gaýtawul bererden güýçsizdi. Ilkinji Ỳewropalylaryň Demirgazyk Afrikany boýun egdirmek üçin çozuşy 1415-nji ýylda Marokko gönükdirilipdi. Portugallar basyp alandan soň halkdan dürli salgytlary ýygnapdyrlar. Kä halatlarda çozup girip, şäher obalary tozduryp, erkek, aýal, çagalary ýesir alyp gidipdirler. Olary gul bazarynda satypdyrlar.

XV asyrda Ispaniýada rekonnistik hereket gutarandan soňra demirgazyk Afrika ispan goşunlary ýöriş etdiler. Alžiriň golaýyndaky şäheri eýelediler. Ol ýerde gala galdyrdylar we ýurduň paýtagtyna toplary şol ýerden gönükdirdiler. 1510-njy ýylda ispanlar Tripoliýany eýeläp, ilatyny öldürdiler, taladylar, gula öwürdiler.

XVI asyryň I ýarymynda Demirgazyk Afrikada täze basybalyjylar peýda bolup, olaryň içinde türkmenler hem bardy. Haýreddin Barbaros Mitilen (Lesbos) adalaryna ýörişler gurady. Alžirde öz döwletini döretdi. 1518-nji ýyldan başlap ol ýerde höküm sürüp başladylar. 1529-njy ýylda oňat ýerleşip halkdan salgyt ýygnady. Türkler Yrak, Müsür, Siriýa, Palestinanyň hasylly ýerlerini eýelediler. Arap döwletlerini eýaletlere böldüler. Şu seredilýän döwürde arap medeniýeti pese gaçypdy. Munuň sebäpleriniň biri-de, türk agalygy netijesinde ezişiň güýçlenmegidi.

Arap dilindäki hat-ýazuwy hökümet we harby işlerde türk ýazuwy bilen çalyşdylar. Ýöne ylymda, çeperçilik sungatynda, dini-ýuridiki edebiýatda arap dili saklandy, hat-da türk alymlary-da öz makalalaryny arap dilinde ýazdylar. Bu arap medeniýetiň ösendigini tassyklaýar.

XVI-XVII asyrda arap taryhçylary “umumy musulman” taryhyny döretmek bilen meşgullandylar. Terjimehallar görnüşindäki maglumatlary ýazypdyrlar. Ertekilerden “Müň bir gijede” XVI asyryň ahyrynda döredilen halk döredijiliginiň nusgasydyr.

## Baknalyk ỳyllarynda Türkmenistanyň arheologiỳasy

Meỳilnama:

1.Baknalyk ỳyllarynyň binagärçiliginiň aỳratynlyklary.

2.Onỳmçilik desga gurluşynyň aỳratynlyklary.

3.1948-nji ỳylyň Asgabat ỳer titremesinden soňky gurlyşyk.

Esasy ünsi pagtaçylygy ösdürmäge gönükdirdiler. Derýalaryñ boýlarynda suwarymly ýerler köpelipdi. Rus alymlary I.W.Muşketow, W.A.Obruçew ýaly alymlar Garagumyň

jümmüşini öwrendiler. Kanal çekmegi göz öňünde tutdylar. Emma ol gymmat düşjek boldy. Ol kanal XX asyryň ikinji ýarymynda geçirildi.

1881-nji ýylda döredilen Zakaspiý oblasty bäş uýezde - Aşgabat, Tejen, Mary, Krasnowodsk, Mangyşlak uýezdlere bölündi. Zakaspiýde Demir ýol Amyderýa boýunça çekildi, derýanyň üstünde bolsa 1885-1886-nji ýyllarda köpri guryldy. Şol ýyllarda Türkmenbaşy (1869 ý.), Aşgabat (1881 ý.), Mary (1884 ý.), Türkmenbabat (1886 ý.) we beýleki şäherler esaslandyryldy.

Şäherlerde ilatyň çalt ösmegi binagärçileriň önünde täze wezipeleri goýdy. Edar ediş jaýlarynyň, harby bölüm üçin desgalaryň gurluşygy alnyp barylýardy. Şäherdäki gurluşyklar rus binagärçiliginiň, raýat inzener-gurluşykçylarynyň gatnaşmagynda amala aşyrylýardy. Hemme gurluşyklar ýerli serişdelerden: bişen kirpiçden, alibastrdan we toýundan gurulýardy. XIX asyryň ahyrynda gurluşyk üçin agaç tahtasyny, metaly we uly ölçegli aýnalary Russiýadan getirilýardiler, galan serişdeler ýerli serişdelerdi. XIX asyryň ahyrynda - XX asyryň başynda bina edilen jaýlaryň binagärçiliginde Merkezi Aziýa binagärçiligi häsiýetli bolan hujreleriň we depesi çowly şekilde binalar guruldy. 1924-nji ýylda Türkmenistan SSSR-iň düzümindedi. Türkmenistanda ykdysadyýetiň, maddy we ruhy medeniýetiň özgerdilip gurluş hadysasy başlandy. Türkmen halkynyň sungaty, binagärçiligi täze keşbe girdi. 1930-nji ýyldan başlap täze durkly ýaşaýýş jaýlary, mekdepler, ýokary okuw jaýlary, medeni binalar, senagat desgalary, demir ýol we uçar meňzileri guruldy. Jaýlar köp gatly, beton gurluşyk serişdelerinden guruldy. Binagärçilikde türkmen milli alamatlary, howa şertleri göz öňünde tutulmady. Türkmenistanyň uly şäherleriniň taslamalary Orsyýetiň Sankt-Peterburg şäheriniň gurluşyk taslamalar institutynda düzüldi.

Soňky ýyllarda, has-da Aşgabat ýer titremesinden soňky ýyllarda Türkmenistanyň çäginde binagärçilik işleri işjeň alnyp baryldy. 1948-nji ýylda bolan heläkçilikli ýer titremesi Aşgabadyň önky salnan jaýlarynyň ýok bolmagyna getirildi. Bu weýrançylygyň beýany Mukaddes Ruhnamada has aýdyň beýan edilýär: «1948-nji ýylyň 6-nji oktýabry gijede Aşgabatda ýer titräp, owadan şäherimiz bir gijede weýran boldy. Paýtagtymyzda ýaşaýan 198 müň adamdan 176 müň adam bir gijede şehid boldular»

50-nji ýyllarynda Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäheri täze görnüşde dikeldildi, onuň keşbi Ýewropa binagärçilik häsiýetinde boldy. Suwarymly ekerançylygy guramagyň zerurlygy Murgap derýasynyň boýunda suwaryş desgalaryny gurmaga üns bermäge Rus hökümetini mejbur etdi. XX asyryň başynda suwaryş üçin Ýolöten, Soltanbent we Hindiguş bentleri desgalandyryldy. Soltanbentde we Hindiguşda suw elektrik desgalary guruldy. 1950-nji ýyllarda Türkmenistanyň binägärçiliginde iki sany esasy çeperçilik ugurbirinjisi Ýewropa keşpli, ikinjisi taryhy, köplenç Merkezi Aziýa binagärçiliginiň görnüşlerini we tärlerini peýdalanmak ugry boldy. Her hili maksatlara niýetlenen

jaýlaryñ hemmesinde depesi çowly hüjreli, agaç eýwanlarynyñ Ýewropa keşpli sutünleri ýa-da rus binagärçiliginden alnan köp sütünlilik giñden ulanylýardy (mysal, Aşgabatdaky rus drama teatry 1951-1952 ý.ý.).

50-nji ýyllaryñ II ýaryynda beýle Ýewropalaşan binagärçiligiñ gymmat düşmegi bilen onuñ taslamasynyñ we gurmagyñ artykmaç harajatlaryny ýok etmek maksady bilen bir keşpli ýaşaýyş jaýlaryny gurmaga üns berildi. Şäher köçeleri geçirilip, olara türkmene tanyş bolmadyk rus atlary ýa-da daşary ýurt şaslaryñ atlary dakyldy. Senagatda sada binagärçilik alnyp baryldy.

Taryhy ýadygärlik binalary dikeldildi. Olar taryhy şahslaryñ, taryhy seneleriñ hatyrasyna bagyşlanan binalardyr. Olardan mysal üçin, Aşgabatda we beýleki welaýat merkezlerinde Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Watan üçin söweşlerde gurban bolan Türkmenistanyñ urşujylaryna gurlan ýadygärçilikler, olary döredenler heýkeltaraç A.Kazarinow, R.Ahmedow, A. Abramow J.Jumadurdy we beýlekiler.

1970-nji ýylda Aşgabatda Beýik Watançylyk urşunda faşistik Germaniýadan üstün çykylmagynyñ 25-ýyllygy mynasybetli binagärçikler F.Bagirowyñ, A.Gurbanlyýewiñ we heýkeltaraç J.Jumadurdynyñ oýlap tapmaklary bilen döredilen beýikligi 24 metr bolan dört sany göni, ýokary gitdigiçe inçelýän, ýüzi tekiz, gyzyl daşdan edilen minara görnüşli bina merkezinde sönmez ody bolan inedördül ginişligi gabsaýar.

1971-nji ýylda Aşgabatda türkmen edebiýatynyñ nusgawy şahyr Magtymgulynyñ üýşürilen daşlaryñ üstünde oturan gabarasy dikeldildi.

Magtymguly eýýamynda medeni we sungat ýadygärlikleri hem bina edildi. Segilgähler, teatrlar, kitaphanalar we beýleki sungat jaýlary bina edildi.

## Beçene

Gadymy türk, orta asyr rus we gündogar Ýewropa ýurtlarynyň taryhynda öçmejek yz galdyran kuwwatly türki taýpalaryň biri peçeneglerdir. Türki halklarda beçene, itbeçene görnüşlerinde ulanylan bu etnik adyň gadymy görnüşi Peçenegdir (XI asyr alymy Mahmyt Kaşgary bu ady şeýle ulanypdyr). «Beçene» sözüniň öňüne «it» sözüniň goşulyşyny Abylgazy (XVII asyr) özüniň «Türkmenleriň şejeresi» diýen kitabynda şeýle düşündirýär: «Beçeneler salyrlar bilen tersleşip Toýmadyk hanyň ýolbaşçylygynda olary ýeňýärler. Muny gaty gören salyrlar beçeneleri it bilen deňeşdirip, olara ýigrenç bilen itbeçene diýen ady dakýarlar.» Abylgazynyň bu pikiri bilen ylalaşmak mümkin däl, çünki gadymy türklerde it ýigrenji däl-de, eýsem çuň hormaty bildiren söz bolupdyr, hatda irki ata-babalarymyz iti börüden soňra ikinji orunda goýupdyrlar (bu barada barak, it, ganjyk, köpek etnonimlerine bagyşlanan makalada giňden gürrüň edipdik). Eýsem peçenekler kim? Olaryň asly watany nirede?X — XI asyrlarda Kiýew knýazlaryny uly howsala salan, ady agzalanda Bulgarystan, Hazarystan, Majarystan ýaly uly döwletleriň patyşalarynyň ýüregine dowul düşüren peçenegler öz aslyny VI — VII asyrlarda Beýik Türk kaganatyny

(imperiýasyny) emele getiren türki taýpalardan (Gök türklerden) alyp gaýdýar. Şol döwürde Yssyköl we Balkaş etraplarynda ýaşan bu peçeneklere onoklar ýa-da türkeşler hem diýlipdir. Beýik Türk imperiýasy synandan soň, şol döwrüň syýasy wakalary ençeme türki taýpalaryň çar tarapa dagamagyna sebäp bolýar. IX asyryň birinji ýarymynda peçenegleriň uly bölegi Emba, Ural, Wolga, Don etraplaryna ýöriş edýärler. Olar Kiýew knýazlarynyň serhetindäki giň sähralarda orun tutýarlar. IX — X asyrlarda peçenekler topar-topar göçüp gelip, bu ýerde olaryň sany barha köpelýär. 915 — 1036njy ýyllar aralykda, Kiýew knýazlary Igoryň we Swýatoslawyň hököm süren döwürlerinde, peçenegler orus knýazlyklaryna 11 gezek gazaply hüjüm edýärler, hat-da 968-nji ýylda Kiýewi hem gabaýarlar. Çarwa peçenegler öri gözleginde diňe bir Orsýetiň günorta oblastlaryna ýaýraman, eýsem olaryň uly toparlary Majarystan (Wengriýa), Bolgariýa ýaly Ýewropa ýurtlaryna hem göçüp gidýärler. Rus knýazlary birleşip, peçenegleriň garşysyna güýç toplaýarlar. Netijede, orus knýazlary Ýaroslaw Mudryý 1036-njy ýylda peçenegleri Kiýewiň eteginde kül-peýekun edýär. Peçenegler dagaýar, olar kem-kemden üstün çykan halklaryň (oruslaryň, ukrainleriň, bolgarlaryň, majarlaryň arasyna siňip gidýär. XI asyrda «Türki sözler diwany» diýen ajaýyp sözligi ýazan Mahmyt Kaşgary peçenegleri 22 türkmen taýpasynyň arasynda 19-njy, Reşideddin (XVI asyr) beçenäni 24 taýpanyň arasynda 7-nji, Abylgazy hem (XVIII asyr) 14-nji orunda goýýar. Bu orta asyr alymlarynyň eserlerinde peçenegler biragyzdan türkmen saýylýar. Beýik göçe-göçlük eýýamynda (IX — X asyrlar) peçenegleriň ählisi uçdan-tutma Orsyýet sähralaryna göçmän, olaryň belli bir bölegi Yssykköl etraplarynda galypdyrlar we häzirki türkmen, gyrgyz we beýleki halklaryň dürli taýpa-tirelerini emele getiripdirler. Haýsy döwürde we haýsy ýerde ýaşaýandygyna seretmezden, beçeneleriň (peçenegleriň) tagmalary hem meňzeş: rim sifri V ýaly (Mahmyt Kaşgary ony ýatyryp goýýar —>, Abylgazy başaşak — Λ). Diýmek, bu çeşmelerde şol bir taýpa barada gürrüň gidýär. Hatda gyrgyz etnograflary häzirki gyrgyzlaryň düzüminde saklanyp galan itbeçene taýpasyny hem oguz-türkmen elementi hasaplaýarlar. Ýene bir zady şu ýerde ýatlap geçeliň. X asyrda Ýewropa göçen peçenegler 8 sany uly taýpadan ybarat eken. Eýýäm XIII asyrda olaryň sany 13-e ýetýär. Şol taýpalaryň arasynda ertem, gapan, garaja, gögerçi, temir, teber ýaly atlary göterýänleri hem bar. Bu atlar şol durşuna ýa-da biraz üýtgän görnüşde türkmen etnonimiýasynda hem duş gelýär. Meselem Darganatadaky Gögerçinli diýen orta asyr galasy beçeneleriň gögerji taýpasynyň wekilleri tarapyndan salnandyr diýip çaklaýarys. Saryklaryň erden, ärsarylaryň gapan, garaja, saryklaryň, ýomutlaryň, çowdurlaryň, salyrlaryň düzümindäki temir, temirli, temirogly, tekeleriň arasyndaky teber diýen tiretaýpa atlary peçeneg etnonimleri bilen ýöne ýerden gabat gelenok, olar peçenegler bilen beýleki türkmen taýpalarynyň arasyndaky gadymy etnik aragatnaşyklardan habar berýärler. Indi peçeneg, beçene diýen adyň manysy barada gürrüň edeliň. Ýatlanan orta asyr alymlarynyň ählisi, şeýle-de Ýazyjy-ogly (XV asyr), Salar baba Gulaly ogly (XVI asyr) dagy bu sözi Oguz hanyň

ogly Gökhanyň oglynyň ady hasap edýärler we onuň manysyny «kylguçy», ýagny, «ýerine ýetiriji», «hyjuw bilen iş ediji» diýip düşündirýärler. Akademik S. P. Tolstow peçeneg diýen etnonimi gadymy apasiak ýa-da pasian diýen halk adyna syrykdyrsa, garagalpak alymy D. Aýtmyradow bu ady üç bölege bölüp, onuň biç bölegini hindiýewropa dillerinde «gamçy», «örülen ýüp» manysyny aňladan söz, -ýen we -ýeg bölekleri bolsa at ýasaýjy goşulmalar hasaplaýar. Onuň pikiriçe, bu at «depesinde gamçy ýaly örülen saç goýýanlar» diýmekdir, çünki gadymy türki halklaryň erkeklerinde şeýle däp ýörgünli bolupdyr. Bu düşündirişleriň hiç haýsysyna-da ynanasyň gelmeýär. Biziň pikirimizçe, peçeneg sözüniň manysy babatda Krymdaky türki halklar (türkmenler) barada 1929-njy ýylda uly makala ýazan Z. Ş. Nawşirwanowyň pikiri hakykata ýakynyrakdyr. Ol bu ady peçen we ýek diýen iki bölege bölüp, birinji bölegini bijinpiçin-peçen, ýagny «maýmyn» sözüne syrykdyrýar, -ýek bolsa at ýasaýjy goşulmadyr. Şeýlelikde, bu alym peçeneg diýen etnonimi totemden emele gelen at hasaplaýar. Alymyň bu pikiri goldanmaga mynasyp, çünki itbeçene diýen adyň birinji bölegi hut Türkmenleriň eý görýän haýwany, ýagny itiň totem hasaplanmagy bilen baglanyşyklydyr. Her niçik bolsa-da, orus senenamalarynda öwran-öwran atlary tutulýan torklar (türkler), uz (oguz), polowes (gypjak), kuman (gypjak), torkman (türkmen), çernyýe klobuki (garagalpak) ýaly türki taýpalar bilen bir hatarda, oguzlaryň peçeneg diýen gadymy taýpasy türkmen ganyny orus ukraýin, belorus, majar, bolgar, polýak,ýugoslaw gany bilen gatyşdyran, gan-garyndaş eden taýpa hökmünde bellenmäge mynasypdyr.

**Balkan welaýatyndaky taryhy ýadygärlikler** Mazmuny Maşat-Misserian minarasyEdit

Maşat-Misserian minarasy

(1102-nji ýylyň minarasy) Juma metjidine degişli diametri 8 metr bolan bu minara 20 metr belentlige çenli saklanypdyr. Alymlaryň çaklamagyna görä, bu olaryň salnan wagtky beýikliginiň ýarysy bolmaly. Bu ymarat şertleýin Demirgazyk minarasy ýa-da Abu Jafar Ahmediň minarasy hem diýip atlandyrylýar. Ol köpçülikleýin ybadathana metjidiniňkidir. Minaranyň özünde inliligi 90 sm. töweregi bolan aýlawly merdiwan gurlupdyr. Merdiwanyň her bir basgançagynyň derejesinde minaranyň öz ýüzünde hemde daýanç sütüninde 20 sm. töweregi çuňlukda çukur bar, bu bolsa kerbiçden edilen basgançaklaryň agajyň kömegi bilen bejerilenligine şaýatlyk edýär.

Minara kerpijiniuň nagyşly örülişiniň kämilligi bilen hem-de desganyň sütüniniň daşyna üç gezek aýlanan arap hatly lentasy bilen täsindir. Relýef ýazgylary kerpiçden kufa stilinde ýazylypdyr. M.Ý.Massonyň düşündirişine görä ortaky tekstde şeýle diýilýär: “Eziz keremli Allanyň hormatyna! Allanyň medetkärliginde! Rabadyň eýesi Aby-Japar Ahmet Abu-El-Agarra oglunyň buýruk berenliginden, goý ony Allah belent etsin! Aly Zyýadyň (oglunyň) işi”. Aşaky ýazuwyň soňlaýjy bölüminde metjidiň we minaranyň

gurlan wagty hijriniň 495-nji ýyly ýa-da milady hasabyndan bolsa 1102-1103-nji ýyllar getirilipdir.

Maşat-Misserian metjidiEdit

Maşat-Misserian metjidi

(XIII asyr)

Horezm şalarynyň döwlet ulgamyna giren orta asyr şäheri Misserian Türkmenistanyň söwda we senetçilik merkezleriniň ulularynydan biri bolupdyr. Onda Horezm şalarynyň döwründen galan ýeke-täk ýadygärlik, köpçülikleýin ybadathana metjidiniň galyndylarydyr. Metjidiň esasy jaýynyň portalynyň iki pilony we häzirki wagtda 20 metre çenli ýokary göterilip duran minarasy saklanypdyr. Metjidiň ortasy howuzly, tüweregi gümmezli galereýa bilen gurşalan gönüburçly howlusy bolupdyr. 18 metrlik portal ol galereýanyň üstüne abanyp duran eken. Minara-da, portallaryň sütünleri-de alebastradan edilen palçyk arkaly bişen kerpiçden (21x21x4,5 sm.) örülipdir. Portal dury gök reňkli geometrik we epigrafik şekilleriň guýma terrakot nagşy bilen kemsiz bezelipdir.

A.A.Semýonow we M.Ý.Masson tarapyndan portal ýazgysynyň okalan böleklerinde gurluşygyň wagty we atlar hakynda möhüm maglumatlar berilýär. Tekstde Gurhanyň mazmunyndan alynanlardan başga, şeýle sözler bar: “...dünýäniň we diniň beýigi, yslamyň we dindarlaryň goragçysy, älem-jahanda Allanyň kölegesi, soltan Muhammet soltan Tekeş ogly...”. Ýazgyda Horezmiň hökümdary soltan Muhammediň (hökümdarlyk eden ýyllary 1200-1220-nji ýyllar) adyndan başga metjidi we minarany guranlaryň atlary - Abul-Hüseýin ibn-Muhammet an-Nak we Muhammet ibn-al-Hüseýin an-Nak hem getirilipdir.

Şirbekir kümmetiEdit (X asyr)

Maşat-Misserian şäherçesinden 7 km demirgazykda Maşat gonamçylygy ýerleşýär. Häzirki wagtda bu ýerde XI-XII asyralara degişli atsyz kümmetleriň ýarym ýykylan harabaçylyklary bar. Şolaryň arasynda iň oňat saklanyp galany Şirkebiriň metjit kümmetidirdir. Hürärmenleriň kesgitlemegine görä bu metjit IX-X asyrlarda bina edilen bolmaly. Bu bina 11 metr töweregi bolan çaklaňrak gümmezi bilen tapawutlanýar. Bu jaýyň içinde mährap bar. Ähtimal munuň içinde jaýlaýyş dessurlary ýerine ýetirilendir we bu jaý metjidiň wezipesini hem berjaý edendir.

Düýbüne tarap galňaýan diwarly (ortaça galyňlygy 1,5 metr töweregi) inedördül mawzoleý (taraplary 8,1 metr) inedördül çig kerpiçden (23×25×6 sm) gurlupdyr we iç ýüzünden her diwary 40 sm töweregi çuňlukda, beýik göni üç sany tagçaly desga bolupdyr. Gündogar diwarda aýratyn bezelen mährap bar. Mährabyň çeperçilik bezegi sungatyň seýrek duöýan nusgasydyr. Onuň ýitip barýan reňkleriniň yzy saklanypdyr. Köp gezek edilen rejeleýiş işleri we üýtgedip gurmalar desganyň ilkibaşdaky kompozisiýasyny bozupdyr. Häzirki wagtda jaýyň daş keşbi özüniň çeperçilik mertebesini ýitiripdir, emma onuň iç ýüzüniň bezegi öz täsinligini saklapdyr. Arap syýahatçysy Al-Makdisi (X asyr) “agaç sütünleriň üstünde” duran, uly şöhrat gazanan

köne metjit hakynda aýdanda, belki şu ýadygärligi göz öňünde tutandyr. 'Türkmen Stounhenj'

'Türkmen Stounhenj'- Magtymguly etrabynyň Çendir jülgesiniň Ak obasynyň golaýynda, Gyzyl Ymam gonamçylygyň günorta-günbatarynda ýerleşýär. Ol ýerdäki gadymdan dikeldilen, ýogynlygy 30-40 santimetre ýetýän, iň beýigi ýerden 5 metrden gowrak saýlanyp duran daşlar öz ýasalyş aýratynlyklary boýunça ençeme jogapsyz sowallary orta atýar. Bu täsin mesgen baradaky ilkinji maglumatlar baryp 1929-nji ýylda peýda bolýar. Olary ilkinji bolup şol döwrüň belli alymlary A.P.Poseluýewskiý, W.E.Masson we beýlekiler öwrenipdirler. Şol alymlar olary başujy daşlar diýip, hasaplapdyrlar. Emma, ol ýere baryp, iň günorta-günbatarda oturdulan daşdan beýlekilerine seredilen halatyňda, welin, bu daşlaryň ýörite bir maksat bilen oturdylandyklaryna göz ýetirmek bolýar. Çünki, burçdaky daş beýleki daşlara görä hasapbaşy hökmünde oturdulypdyr diýen netijä geleniňi duýman galýarsyň. Ol daş gönüburçyň bissektrisasyna perpendikulýar, ýüz tarapynda bolsa töwerek 45 gradusdan sekiz bölege bölünipdir. Ol daşdan beýleki daşlara seredilen halatynda, beýik daşlaryň dörtburçlugyň perimetrinde oturdylandygy aç-açan görnüp dur. Ol dörtburçlygyň içinde bolsa beýik bolmadyk, dürli aralyklarda, dürli ugurlarda dikeldilen daşlaryň ençemesini görmek bolýar.

Dörtburçlugyň günorta-günbatar böleginde ýerleşýän, ýykylan binanyň düýbi bolsa ol ýerde bir wagtlar gözegçilik edilen binanyň bolanlygyna şaýatlyk edip dur. Çünki, ol nokatdan töwerek-daşa gözegçilik etmek diýseň amatlydyr.

Eger-de, bu daşlara astronom hökmünde ser salynan halatynda, olaryň belli bir maksat bilen gurulandygyna, göz ýetirmek bolýar. Daşlardaky ýazgylaryň käbiri bolsa ol ýerden 8 kilometr uzaklykdaky Bezegli deräniň gowaklarynyň diwarlarynda, gaýalarda mundan 14 müň ýyl öň çekilen käbir nyşanlary ýada salýar. Diýmek, ol nagyşlary şol ýerlerde ýaşan adamlaryň ýa-da olaryň nesilleriniň galdyran bolaýmagy gaty ähtimaldyr. Daşlary gören adamlarda ilki döreýän sowallaryň biri hem "Bu daşlar nireden getirildikä?!" diýen sowal bolsa gerek. Çünki, ýakyn golaýlardan asla şeýle uzynlykdaky daşlary tapar ýaly ýeriň ýoklugy mälimdir. Galyberse-de, beýik daşlaryň kiçi daşlara görä ýerleşişi, ol ulgamyň Türkmenistanda, şeýle-de adamzat siwilizasiýasynda iň gadymy dörän sada obserwatoroiýalaryň biridir diýen netijä gelmäge mümkinçilik berýär. Şeýle halatda, ol "türkmen Stounheji" diýen ada mynasyp bolýar.

Mälim bolşy ýaly, Angliýanyň Stounhenj (Stonehenge) obserwatoriýasyndaky daşlar boýunça pasyllaryň çalyşmagyny, Aýyň we Günüň tutulmaklaryny kesgitlemek üçin oturdulana meňzeýär. Gyzyl Ymamdaky köp sanly ululy-kiçili daşlar, belli bir kanunalaýyklykda ýerleşdirilen ýaly bolup görünýär. Emma onuň anygyna ýetmek üçin bu mesgende hemmetaraplaýyn arehologiýa we astronomiýa ylymlaryna görä ylmybarlag işleriniň geçirilmegi zerurdyr. Eger, ol, hakykatdan hem, türkmen "Stounheji" bolup çykaýsa, onda bu ylym we taryh üçin iňňän uly ähmiýete eýe bolar we Türkmenistanyň

bu çäginde öň siwilizasiýanyň henize çenli mälim bolmadyk aýratyn ojagynyň barlygy ykrar ediler hem-de Türkmenistanyň taryhynda ýene-de bir ajaýyp altyn sahypa açylar.

## Ellinçilik döwletler

Meýilnama:

Ellinçilik döwletleriñ döremegi «Ellinizm» düşündiriş

Ellinçilik Müsür

Selewkitlen we Grek-Baktriýa patyşalyklary

Gresiýa we beýleki ellinçilik döwletler. Rimiñ we Prfiýanyñ basyş alyşlary.

Ellin medeniýeti.

1. Aleksandryñ döwletine Makedoniýa Balkan we adalardaky Gresiýanyñ uly bölegi, öñki Eýranyñ ýerleri, indistanyñ Demirgazyk-Günbatarynyñ bir bölegi giripdr.

Aleksandr ölensoñ,onuñ imperiýasy dargapdyr. Aleksandryñ ýaky serkesdeleri - diaohlar ýurdy 40 ýyllap paýlaşypdyrlar. Aleksandr ölensoñ, onuñ akly kem dogany we täze doglan ogly tapyşa diýilip yglan edilipdr. Bulara Aleksandryñ tejribeli egindeşi Perdikka (b.e. ö 323 ý.) atabeg saýlanypdyr. Beýleki serkerdelere ýurduñ dürli ýerlerin dolandyrmak tabşyrylypdyr. Olar özbaşdak blmaga galşypdyrlar. Persikka öldürilipdir. b.e. öñ 321-nji ýylda Priparadisde (Siriýa) maslahat geçirip, Müsür Ptolemeý Lada, Makedoniýa we Gresiýa Antiparta we onuñ ogly Kaasandra, Kçi Aziýa Antigon Ýekegöze, Mesopotamiýa Selewke, Frakiýa, Propontida, Kiçi Aziýanyñ bir bölegi Lizimaha berlipdir. Şeýle-de bolsa bitewi dölwet hakyndaky pikir entek diridi. Antigon ýekegöz we ogly ogly kiçi Aziýany, Siriýany, Waeilony, Midiýany, Persodony özlerine tabyn edipdirler. Bulara garşy beýleki diagolar birlişik döredipdirler. Güýçleriñ deñagramlylygyñ emele gelmegi bilen b.e. 311-nji ýylda äze şertnama baglanyşylyp, diodahlaryñ öz baysp alan ýerlerine ykyklary ýene-de tassyklanypdyr. Şol ýylda ähl diadolaryñ ylalaşmagy bilen kemakyl Filipp III we 12 ýaşly AleksandrIV öldürilipdir. b.e. öñ 306-njy ýyla bolsa antigan Ýekegöz, Demetriý Polirket, Ptolemeý Lad, Lizima, Selewe ýaly as iri diaohlar özlerini tapyşadiýip yglan edipdirler we öz dwletlerini döretjekdiklerini açyk aýypdyrlar. B.e. öñ 301-nj Ipsada bolan söweşde Antigon ýekegöz bilen Demetriý Poliorket döwleti birlişdirmäge iñ soñky synanysygyny edip, ýeñlipdirler.

Antigon söweşde ölüpir, ogly bolsa Selewke ýesir düşüpdir. Diadahlaryñ arasyndaky iñ soñky özara uruş b.e. öñ 281-nji ýylda bolupdyr. Şonda selewk Lizomahyñ goşunlaryny ýeñip, onuñ ýerler bolsa beýleki ellinçilik ökümarlaryñ arasyna paýlanypdyr.

Ellinizm gadymy grek we gadymy Gündogar dünýasiniñ bir bitewidöwletleriñ ulgamyna birleşdirilmegi netijesinde emele gelipdir/Bularyñ durmuş-ykdysady, syýasy gurluşynda, medeniýtinde köpumumylyklar blupdyr. Gadymy grek we gadymy gündogar siwilizasialaryñ bir-birine täsir ediş derejesi bolupdyr. Käbir döwletlerde gündogaryñ täsiri, beýklerinde grekleriniñ täsiri ýokary bolan üçünji birlerinde bolsa ikisem deñegerräk gatnaşykda bolupdyr.ellinçilik dnýasiniñ düzümine günbatarda Sisiliýa we Gnorta Italiýaan gündogarda Demirgazyk-Günbatar indistana çenli, Aral deñziniñ günorta kenarlaryndan günortada Niliñ I bosagysya çenli aralyk degişli bolupdyr. Bu geografiki zolakda umumy geografi we taryhy alamatlary, emgyýetçilik we medeni ösüşiniñ belli derejede umumylygy esasynda 4 sany sebit tapawutlanýar:

1. Müsür we Ýakyn Günogar (Ortaýer deñziniñ gündogary, Siriýa, Ermenistan, Wawilon, Kiçi Aziýanyñ uly bölegi).
2. Orta gündogar (Eýran, Orta Aziýa, demirgazyk-günbatar Hindstan).
3. Balkan Gresiýasy, Makedoniýa we Kiç Aziýanyñ Günbatary (Pergam).
4. Beýik Gresiýa w Gara deñiz sebitleri.

Ellinizme has mahsus bolan alamatlar müsürde we Ýakyn Gündogarda güýçli ýüze çykyp, bu sebite ellençiligiñ nusgasy etraby ökmünde garamak bolar. Ýöne Balkan Gresiýasynda we Makedoniýada, Beýik Gresiýada we Gara deñiz sebitlerinde taryy ösüş gadymy grek siwilizasiýasynyñ esasynda bolupdyr.

Ellinçilikdünýasiniñ dürli bölekleriniñ arasyndaky aragatnaşyklar iolaryñ ykdysadyýetiniñ ösmegine ýardam edipdir. Elladada nusgasy öwürdäkä garanda as berk birleşmeler (Aeý bileleşigi, Etoliýa bileleşigi) we döwletler (olara ýerli taýpalar hem giripdir) meselem, Sisiliýa, Bospor döwletleri emele gelipdir.

Ellingilik döwri b.e. öñ 334-nji ýylda A.Makedonskiniñ Kiçi Aziýa ýörişinden başlap, b.e. öñ 3—njy ýylda ioñky ellin döwlet Müsüriñ rimliler tarapynan basylyp alynmagy bilen tamamlanýar we 300 ýyldan gowrak dowam edipdir. Elliniçiligiñ ösüşinde 3 döwür tapawutlanýar:

1. b.e. öñ 334-281-nji ýyllar A.Makedonskiniñ imperiýasynyñ emele gelmegi we diodalaryñ uruşlary metijesinde dargamagy
2. b.e. öñ 280-II asyryñ ortalary. Ellinçiligiñ kämil döwri, onuñ durmuş-ykdysady düzüminiñ, döwletliliginiñ, medeniýetiniñ döredilmegi.
3. B.e. öñ II asyryñ ortasy - b.e. öñ 30-njy ýýl Giçki ellinçilik öwür. Ellin döwletleriniñ dargamagy we olaryñ günbatarda Rim, gündagarda Parfiýa tarapyndan basylyp alynmagy.

Ellinçilik dünýäsinñ gündogar we günbatar çerleriniñ arasynda söwdaýollary arkaly haryt we çig mal alyş-çalşy bolupdyr. Egeý şäherlerinden we Finikiýadan Kiçi Aziýanyñ,

Siriýanyñ,Mesopotamiýanyñ we Eýranyñ üsti bilen bütin Alýuky Aziýanyñ kesip geçip, abaanlaşdyrylan kerwen ýollary Hindistana baryp ýetiripdir. Ortaýer deñiz etraplary bolsa deñiz ýollary arkaly Aleksandriýa portundan Bil derýasy arkaly Gyzyl deñze, Balel-Mandeb bogazyna we Arap deñzine çykyp,indistan bilen aragatnaşyk saklapdyrlar. Ellinçilik döwrüniñ patyşalary söwdany ösdürmek çin salgyt ýeñilliklerini girizipdirler, söweda ýollaryny gorapdyrlar, ýollaryñ ýagdaýy hakda alada edipdirler,pars ýerzeminlerinse ýatan altyn, kümuş tokgalaryny zikgeläp, dolanyşyga göberipdirler. Ellinçilik döwründe ululy-kiçili şäerleriñ 170-den gowragy gurlupdyr.
Döwlet gurluşy em ýutgäpdir. Öabaşdak grek polisleriniñ we gadymy gündogar espotiýasynyñ ýerine ellinçilik monarhiýa görnüşi gelipdir. Onda polis döwlet gurluşynyñ we gündogar monarhiýasynyñ düzgünleri utgaşypdyr.
Medeniýatiñ we diniñ özara täsiri has netijeli bokupdyr. Astronomiýada, matematikada, fizikada, biologiýaa, geografiýad, eýkeltaraşlykda, şäher gurluşygynda, binagärlikde, debiýatda, poeziýada ajaýyp öñedegişlikler vbolupdyr. Elliçilik döwletleriñ paýtagtlary (Aleksanriýa, Antiohiýa, Pergam,Rodos, Sirakuzy, Afiny) uly medeni, mekdepler köp bolupdyr.
Ellinçilik dünýäsiniñ iñ iri döwletleri. Ptolemeýleriñ dolandyrýan Müsür patyşalygy we sebwkidleriñ döwleti (b.e.öñ III asyryñ ayryndan Siriýa patyşalygy) bolupdyr. Beýleki täsirli ellinçilik döwletlerine Makedon patyşalygy, Pergam patyşalygy, Grek-Baktriýa patyşalygy degişli bolupdyr. Has kiçiräk ellin döwletleri hem bolupdyr. Olara Wifiniýa, Pont, Erministan, Sisiliýa dölweti, Bospor patyşalygy, Rodos, Etoliýa we Aheý bileleşikleri degişlidir.
2. Ellinçilik Müsüriñ ýerlerine b.e. öñ III asyrda Niliñ I bogasynda Ortaýer deñzine çenli ýerler, Efiopiýa (gadymy Nubiýa), Kirinaika (gadymy Liwiýa), Sinaý, Palestina, Finikiýa, Günorta Siriýa (Kelesiriýa), Kiç Aziýanyñ günorta, günorta-günbatar, günbatar böleg (Kilikiýa, Pambiliýa, Likiýa, Kariýa, Joniýa), Kipr adasy degişli bolupdyr. Ftolemeýler Egeýden Gara deñze geçýän möüm deñiz ýollaryñ gözekçilik etmegi elde saklapdyrlar. Olara Kritde, Attikaa beýleki ýerlerde guran galalary hem degişli. Müsür ortaýer deñziniñ gündogar bölegindäk ähli deñiz ýollarynda agalyk edipdir. Olar bu sebitiñ arby-syýasy işlerine işjeñ gatyşypdyrlar. Ptolemeýleriñ ölweti iki bölekden durupdyr:

1. Afrika ýerleri.
2. Müsürdäki däl ýerleri.

Bu bolsa onuñ durmuş-ykdysady we dolandyryş syýasatynda iki hili ýagdaýyñ bolmagyna getiripdir. Ptolemeýler müsüriñ çäginden daşarda bir syýasat,Nioiñ jülgesinde başgasyýasat ýöredipdirler. Aleksandriýa şaheri Müsüriñ paýtagty bolupdyr. Şondan soñ Müsüriñ ýerleri kem-kemden azalyp, b.e. öñ II asyryñ ortalarynda çenli öz tebigy araçäklerine çenli gysgalypdyr.

Bu döwürde Müsüriñ ykdysadyýeti suwarymly ekerançylyga esaslanypdyr. Merkezi äkimiýet suwaryş ulgamyny giñeltmek barada alada edipdir. Nil bilen ugurdaş bolan ägirt uly kanal (Iasifiñ kanaly) arassalanydyr. Faýýumda we Delda köpsanly kanallaryñ ulgamy gurlupdyr. Sürülýän ýerler üçden biriçe köpelipdir. Öñden ekilýän arpa derek gymmatbaha bugdaý ekip başlapdyrlar. Zygyry, papirusy öñjkünden köp ekilipder. Müsür üçin täze ekinler bolan şaly we gowaça ösdürilip başlanypdyr. Ýerlere ideg edilisine döwlet tarapyndan gözegçilik edilipdir.
Patyşa ähli ýerleriñ eýesi asaplanypdyr. Patyşa ýerlini kärendeçeler işläp bejeripdirler. Atyşa ýerinden başga-da, wezipeli adamlara, emeldarlara, urşuhylara, ybadathanalara we ş.m. berilýän ýerler bolupdyr.

Şaerlerde hünärmentçilik ösüpdir. Ptolemeýler müsüriñ çäklerinden daşardaky erlerde 30-dan gowrak şäher döredip, elin ökümdarlaryñ äplerini ösdüripdirler. Müsürde bolsa onuñ gadymy paýtagty Fiwa, garşy güýç hökmünde diñe Ptolemaida şäerini esaslandyrydyrlar. Müsürdäki beýleki grek şäherleri b.e. şäheri b.e. şäheri we Aleksandriýa bolupdyr.
Müsürde 40 töweregi kop bolup, olaryñ merkezleri patyşa adnistrasiýasyna tabyn edilen ýerli şäherler bolupdyr. Olarda örän gymmat, reñkli aýna önümleri, zygyr, ýüñ, ýupek matalar, papirus, keramika, bürüç, mis, demir oñumleri öndürilipdir. Müsürde ösümlik ýagyny öndürmek we piwo gaýatmak döwlet monopoliýasyndabolupdyr.

Ptolemeýleriñ döwleti Ortaýer deñz sebitlerine, kerwen we deñiz ýollary arkaly Hindistana çenli aralykdagüýçli söwda işlerini alyp barypdyr. Aleksandriýa iññän iri port şäher bolupdyr. Dünýäniñ 7 guratynyñ biri bolan Aleksandriýa maýagy 120 m. bolup, onuñ yşygy 60 km aralykan görnüpdir.
Müsüriñ ykdysadyýeti b.e. III asyrda ýokary grkezilip, II asyrda durgulyga, soñra çokgünlige sezewar bolupdyr. Salgytlar, borçlar, patyşa emeldarlarynyñ gazaply gözegçilgi we eden-etdiligi ilaty tozdurypdyr. Müsüriñ çaklerinden daşardaky ýerleriñ ýetirilmegi syýasy ýagdaýy ýaramazlaşdyrypdyr.
b.e. öñ III asyrda Müsürde köpsanly daşary ýurtly ilat aralaşypdyr. Ýerli begzadalar grek dilini özleşdiripdirler, ellimleşdipdirler we goşunda hem döwletde ýokary wezipeleri eýelemäge mümkinçilik alypdyrlar. Ellinler hem belli bir derejede müsürleşipdirler. Garaşy nikalar bolupdyr. Ptolemeýleriñ döwleti bilen Selewkidleriñ arasynda Günorta Siriýa üçin bäş gezek Siriýa uruşlary bolupdyr. Bu uruşlarda iki tarapyñ hem üstünlikli hereket eden wagtlary az bolmanyr. Ýöne Müsür gowSapdyr. Antioh III (b.e. öñ 219-217 ý) Günorta Siriýany, Finikiýanyñ bir bölegini eýläpdir. Ptolemeýler Makedoniýanyñ gysmagy netijesinde Kiçi Aziada we bogazlarda yzly-yzyna birnäçe ýerlerini ýitiripdir. Müsüriñ gowşamagyndan peýdlanyp, Selewkis patyşasy Antiog IV Ýepifan (b.e. öñ 175163 ý). Günorta Siriýada, Finikiýada, Palestinada ýerleşen Müsür goşunlaryny añsatlyk bilen ýeñip, Delta çenli basyp alypdyr, Aleksandriýany gabapdyr. Patyşa Ptolimeý IV Filometor (b.e. öñ 180-145 ý.) tagtdan üşurilipdir. Ýöne tarapdary Rimiñ

goşulmagy bilen Antioh IV Müsürden gitmeli bolupdyr. Şondan soñ Müsütiñ Rimden garaşly vlmagy güýçlenipdir. Ptolemeýler grek polisleriniñ makedonlara garşy göreşini goldapdyrlar. Bu bolsa Makedoniýa bilen Selewkidleriñ Müsüre garşy birleşmegine getiripdir. Rim Müsür bilen şertnama baglaşyp onuñ bähbitlerini galdypdyr. Daşary syýasatynda Rimiñ golawyna daýanyp, Müsür garaşsyz döwlet hökmünde beýleki ellinçili öwletlerinden has uzak dowam edipdir. Ýöne b.e. öñ 30-nji ýylda patyşa aýal Kleopatra VII-niñ döwründe Müsür Rim tarapyndan basylyp alnypdyr.

3. ellinçilik döwletleriñ iñ irisi Selewkidleriñ patyşalygy bolupdyr. Oña Kiçi Aziýa günortasy, Siriýa, Demirgazyk Messopotamiýa, Wawilon, Eýran, Merkezi Aziýanyñ günortasy,Owganistanyñ uly bölegi giripdir. Bu dölweti Aleksandryñ janpenarlarynyñ biri Selewk esaslandyrypdyr. Selewkidler üç etrapda: Günorta Siriýada, kiçi Aziýada we Merkezi Aziýada emişe harby hereketleri alyp barmaly bolupdyrlar. Patyşa häkimiýeti çäksiz bolupdyr. Dölwetiñ iñ uly işgärleri «işleri alyp barýan» (premýer-ministr), atyşa kansrelýariýasynyñ baştutany, maliýe gözegçisi bolupdyr. Patyşany gurşap alan beýleki ýokary wezipeleri eýeleýän adamlary patyşanyñ «garyndaşlary» we «dostlary» diýen köşk derejeleri bilen atlandypdyrlar. Appianyñ maglumatlaryna görä, ýurt 72 satparlyga bölünipdir. Satraplyklar ýeparhiýalara, olara giparhiýalara bölünipdir. Goşunyñ esasyny ýartda ýaşaýan makedonlar we grekler düzülipdir. Akyna tutma we ýerli ilatlardan düzülen goşunyñ ämiýeti jua pes ekeni. Selewkidler döwlertiniñ serhetýakalarynda we birahat etraplarynda harby koloniýalar döredilipdir. Sewlkidler öz äkimiýetiniñ daýanç nokatlary ökmünder 70-den gowrak polis döredipdirler. Döwlet we polisler bir-birini goldapdyrlar.

Hatyñ esasy köpçüligi «patyşa adamlary» (Laos) bolupdyrlar. Olar oblarda ýaşapdyrlar. Şahsy taýdan azat bolupdyrlar. Olaryñ jemagatlary döwlete salgyt töläpdirler.

B.e.ö II asyrda «beýik ýupek ýoly» emele gelip, ytaý bilen söwda gatnaşyklary ýola goýulýar. Hindistan we Arabystanyñ günorta welaýatlary bilen söwda ösdürilýär. Köpsanly ýerli bazarlar döräpdir. Selewki9dler salgydy pul görnüşinde alypdyrlar. Bu bolsa haryt-pul gatnaşyklarynyñ ösmegine ýardam edipdir. Dölwetde kümüş we bürünç teññleri çykarýan birnäçe zikgehanalar bolupdyr.

b.e. 250-nji ýylda Selewkidler döwletinden Baktriýa we Parfiýa bölünip aýrypdyr. Baktriýada emele gelen özbaşdak döwlete Grek-Baktriýa döwleti diýilýär. Parfiýada parn taýpalary Arşagyñ baştutanlygyna göreşe başlap, Satrap Andragory öldüripdirler we satraplykda äkimiýeti ele alypdyrlar.

Grek-Baktriýa döwleti Diodat tarapyndan esaslandyrylypdyr. Onuñ ogly Diodot II we onuñ maşgalasy b.e. öñ 230-jy ýylda Ýewtidem tarapyndan gyrlypdyr.

b.e. II asyryñ I ýarymyna Ýewtideniñ ogly Demetriý I Merkezi Aziýada we indistandaköp basybaşlar edipdir. Ýörişleriñ biri wagtynda serkerdekleriñ biri Ýewktarin tagty eýeläpdir. Demetriniñ döwleti dagrapdyr. Ýurduñ grek-indi böleginde birnäçe wagtlap serkerde Menandr dolandyrypdyr.

b.e. öñ 140-130-njy ýyllara demirgazyk-gündogarda Merkezi Aziýa «tokarlaryñ» (hytaý çeşmelerinde «ýueszi» taýpa bileleşmeleri çozupdyrlar we Baktriýany basyp alypdyrlar).

Şeýdip, gündogardaky iñ uzak ýerde ýerležşen ellin döwleti ýykylypdyr.

4. Gresiýa we Makedoniýa b.e. öñIII-II asyrlarda dartgynly ýagdaýlary başdan geçiripdirler. Aheýw we Etoliýa bileleşikleri Makedoniýanyñ agalygyna garşy göreşdirler. Etoliýalar Rim bilen bileleşip Makedoniýa garşy urupdurlar. Makedon patyşasy Filipp V Rimden ýeñilip, onuñ ýerine Ptolemeýleriñ Frakiýadaky, Kariýadaky erlerini basyp alypyr. Ol kiçi Aziýada Pergam we Rodos bilen çaknyşypdyr. Afiny hem Filipp V garşy çykypdyr. Olar Rime ýüz tutupdyrlar. B.e. öñ 200-197-njyýyllarda II rimmakedon urşy bolupdyr. Etoliýa we Aheý bileleşikleri Riiñ tarapynda çykyş edipdirler Filipp V ýeñilip, öz ýurdumdan daşarydaky ähli ýerlerinden, arby-deñiz flotundan el çekmeli bolupdyr. Şu harby töleg tölemeli edilipdir. Rim Istma oýunlarynda b.e. öñ 196njy ýýlda «ellinleriñ azatlygyny» jar edenem bolsa, Gresiýada oña bolan närazylyk çalt ösüpdir.aheý oligarhlary rimliler bilen birlilikde demokratik syýasat ýöredýän sparta tirany Nabisa garşy çykypdyrlar. B.e. ö 192-nji ýylda Nabis öldürilipdir we Aheý bileleşiginiñ agzasyna öwrülipdir.

Makedoniýanyñ Filipp V-niñ dolandyran sahsy ýyllarda we onuñ mirasdary Perseýiñ öwründe güýçlenmegi III rim-makedon urşuna (b.e. öñ 171-165 ý.) getiripdir. B.e.öñ 168-njýyla Pidnanyñ ýanyndaky söweşde Perseý ýeñilip, ýesir düşüpdir. Rimiñ Makedoniýada agaly etmegine garşy b.e. öñ148-nji ýylda gazgalañ bolupdyr. Ony rimle\iler basyp etyrypdyrler we Makedoniýa Rmiñ welaýatyna öwrülipdir. Soñra Aeý bileleşigi Rime garşy urşa başlap, derbi-dagyn edilipdir. Onuñ iñ esasy şäheri Korinf ýakylypdyr, ýumrulypdyr we talanypdyr. B.e. öñ 146njy ýýlda Gresiýanyñ özbaşdaklygy synypdyr.

Pergam patyşasy Attal II b.e. 1330njy ýýlda ölüm ýassygynda ýatyrka ýurduny Rime wesiýet galdyrypdyr. Tiz wagtdan onuñ dogany Aristonik gözgalaña baş göteripdir. Ýöne gözgalañ b.e. öñ 130-njy ýylda basylyp atyrylypdyr.

Parfiýa döwleti hem şol döwürde Selewdikleriñ ikinji paýtagty bolan Tigr boýubndaky Selewkiýany basyp alypdyr. Şol bir wagtda bütin Mesopotaniýanyny eýeläpdir. Selewkid patyşasy Antioh VII Sidet Parfiýadan Wawilony gaýdyp almaga synanyşypdyr. Ilki ol iIudeýany, Mesopotamiýany alyp Hindistana aralaşypdyr. Hindistanyñ ýerli ilaty gozgalaña başlapdyr. Parfiýa goşununy hem duýdansyz çözup, Antioh VII Sideti derbidagyn edipdirler we öldüpdirler. Şondan soñ Selewkidler döwleti dine Siriýa we oña ýanaşýan ýerler bilen çäklenipdir. Onuñ tagtyna dalaşgärler kä Rimiñ, kä Parfiýanyñ kömegine bil baglapdyrlar.

Parfiýanyñ araçäkleri indi Ýewfrat boýunça geçipidr. Indistan we Ermenistan onuñ täsir astynda bolupdyr. Rim hem Siriýa dalaş edipdir. Ol b.e. öñ 64/3-nji ýýlda basylyp alnypdyr.

5. ellinçilik döwründe medeni öşeñ täze şertlerde bolup geçipdir. Ellinçilik döwründe ýaşan adam özüni uly ellin dünäýsinñ ýaäaýjysy ökmünde duýupdyr. Mysal üçin Arkadiýada doglan grek Müsüre, Baktriýa ýa-da Gara deñziñ kenarlarynda gulluga düşüp bilipdir. Muña indi adaty zat hökmünde garalypdyr/ adamlaryñ akyl taýdan dünýägaraýşy gižñelipdir.

Bu döwürde hojalyk ösmegini dowa edip, ellinçilik jemgyýetleriñ köpüsinde medeniýeri ösdürmek üçin serişde goýbermäge mümkinçilikleri bolupdyr. Ellinçilik monalary öz paýtagtlaryny bütin ellir dünäsiniñ medeni merkezine öwürmäge çalşypdyrlar. Patyşa köşklerinden çagyrylyp ellin düñýäsiniñ dürli künjeklerinden çagyrylyp getirilen alymlar ylmy işler alyp barypdyrlar. Şeýle merkezler Orant boýundaky Antioiýada, Pergamda, Sirakuzyda, Afinyda, Rodosda we beýleki şäherlerde,iñ irisi bolsa Aleksandriýada Ptolemeýleriñ patyşa köşgünde ýerleşipdir. Aristoteliñ okuwçysy Demetriý Falerskiýniñ maslaat bermegi bilen nesilşalygy esaslandyryjy Ptolemeý Soter 9 sany muza bagyşlanan edarany döredip, oña muzeý diýip at beripdir. Muzeýiñ otaglary alymlaryñ durmuşy, leksiýaokamak we ylym bilen meşgullanmak, kitapana üçin niýetlenipdir. B.e. öñki III asyryñ ayrlarynda çenli Muzeýda ýarym milliona golaý üýrülen papirus görnüşndäki kitaplar bolupdur. Kitapanadan başga-da bu ýerde ýatak jaýlar, naarhana, gezeluç etmek üçin ýörite ýerler bolupdyr. B.e. öñki III asyrda bu ýerde Apolloniý Rodosly, Eratosfen, Aristarh, Arhimed, Ewklid, Kallimah ýaly görnükli alymlar işläpdirler. Kitaphana müsür tagtynyñ mirasdarynyñ atabeg baştutanlyk edipdir. Aleksandriýa Muzeý iri ylmy we medeni merkeze öwrülip, ellin ylymynyñ we medeniýetiniñ ösmegine uly goşant goşupdyr. Ellin döwrüniñ ylmy açyşlarynyñ aglabasyny Aleksandriýa ýaly alymlar edipdirler.

Ellin medeniýetiniñ ösüşiniñ möüm ýagdaýlarynyñ birem ellin medeniýeri bilen gadymy gündogar medeniýetiniñ özara täsiri bolupdyr. Elliñ jemgyýetiniñ bilimli toparlary umumygrek koýne dilinde gürläpdirler. Grekler we makedonlar özleriniñ baran erlerine olimp udaýlarynyñ kultuny hem eltipdirler. Ýöne olar täze baran ýerlerinde güýçli özgerişliklere sezewar bolupdyrlar. Meselem, Zewswe, Apollona, Germese, Afrodita, Artemida gadymy gündogaryñ udaýlary Ormuzdyñ, Mitranyñ, Attisiñ, Kibelanyñ, Isidanyñ we beýlekileriñ häsiýetli aýratynlyklaryny geçiripdirler. Grekler ýerli hudaýlary-da ykrar edipdirler. Käbir hudaýlary bolsa täze dredipdirler. Mysal üçin, Ptolemeý Lag geliopol ellenleri we müsürlileri kanagatlandyrar ýaly täze hudaýyñ kultuny işläp düzmegi tabşyrypdyr. Ony Osiris-Apiisiñ esasynda dredip, Sarapis diýip at beripdirler. Ony ýeke udaý ökmünde-de hormatlao başlapdyrlar.

Ykbal- Şowlulygy aýal hudaý Fortuna hökmünde ormatlapdyrlar. Ellin ökümdarlary hem öžlerine Soter (alaşgär), Epifan (peýda bolan) Ewerget (haýyr eşleri ediji) ýaly keramatly kabul edipdirler. Bularyñ hormatyna ýörite ruhanylar aýratyn ybadathanalarda dini däpdessurlary ýerine ýetiripdirler. Ellinçilik döwründe esasanam Judeýda, halasgärmessanyñ gelmegi baradaky pikirler giñ ýaýrapdyr.

Ellinçilik döwründe adamlaryñ dünýä garaýşynda bolup geçen çuññurözgerişler pelsepe ylymyna-da täsir edipdir. Pelsepe (filosofiýa)dünýäniñ, adamyñ we onuñ pikirlenisiniñ umumy ösüş kanunlary baradaky dünýägäraýyşlaryñ ylmy ökmünde ösüpdir. Ellinçilik pelsepe ylmyñ merkezi Afiny bolup, ol ýerde birnäçe täsirli filosofiki mekdepler bäsleşipdirler. Platonyñ we Aristoteliñ okuwçylaryn olaryñ ýolunydowam edipdirler. Platonyñ okuwçylarynyñ mekdebi Akademiýa diýilip atlandyrylypdyr.

Aristoteliñ okuwçylary öz döwrünñ ajaýyp tebigaty synlaýjylar4y bolupdyr. Feofrast ylmy botanikanyñ dünýäwi tutupyr. Straton fizikada ajaýyp açyşlar edipdir. Stoikleriñ, epikurçylaryñ we kinikleriñ flosofiki ulgamy has meşhur bolupdyr. Etoik filosofiýany Kirçdäki Kitiý şäherlerinden bolan Zenon (b.e. öñ 336-264 ý) esaslandyrypdyr. Ol Afina göçüp gelip, agorada reñkli portik diýilýän ýerde dik durup öz pelsepesini wagyz edipdir. (Stoik sözi hem şondan döräpdir). Onuñ oikirlerini okuwçy;ary Kleant we irisipp özsüripdirler. Stoikleriñ pelsepe ulgamy içe bölünipdir: 1.

Fizika ýa-da dünýäniñ gurluşy we ösüşi hakyndaky taglymat

2. Logika ýa-da dogry pikirle pikirlenmek we öz pikirleriñe aýdyñ beýan etmek taglymaty.

3. etika ýa-da adam, onuñ özüni alyp barşy, ünýädäki orny, ýaşamagynyñ maksatlary we ş.m. hakyna taglumat.

Epikuryñ (b.e. 341-270) pelsepesai hem stoikleriñki ýaly bölünipsir. Epikurçylar materialistler bolup, ähli zatlar, hat-da jan hem atomdan durýar diýip hasap edipdirler. Adamyñ bagty ýakymsyz duýgulary ýok etmekden, ýönekeý ýaşamakdan, daşky dünýaniñ gowgalasryndan daşda gezmekden ybarat iýip düşündirpdirler. Stoikler bolsa, tersine, adamlary adamzadyñ peýdasy üçin işjeñ jemgýetçilik işine çagyrypdyrlar. Kinik pelsepe Aktisfen (b.e. öñ 440-366 ý.) tarapyndan esaslandyrylypdyr. Bu pelsepellinçilik döwründe şäher ilatynyñ arasynda meşhur bolupdyr. Has belli kinik Sinapyly Diogen bolupdyr. Kinikler dünýäniñ gurluşyna, pikirleriş kanunlaryna biperwaý garapdyrlar. Olaryñ pikiriçe, baýlyk, jemgyýetdäki orun, maşgala gatnaşyklary adamy betbagt edýärler. Bularan ýüz öwrüp, tebigata laýyklykda tapan zadyñ bilen iýmitlenip ýaşamaly. Aç, saç-sakdaly ösüp giden, ýyrtyk jeýimli kinikler taşlanan şääherden şäere aýlanyp, öz ýaşapdyrlar, egnitorbaly şäherden aýlanyp, öz taglymatlarynty wagyz edipdirler. Umuman ellin pelsepesi pelsepeçilik pikiriñ ösüşinde täze ädilen uly ädim bolupdyr. Ellinçilik döwrüñ edebiýatynda birnäçe täzelikler bolupder. Esasanam, ýazyjyşaherlaryñ sany artyp, 1100 töwereginiñ ady gelip ýitipdir. Ellin döwrüniñ edebiýaty klassik edebiýatynyñ esasynda ösüp, üýtgän täze şertleri şöhlelendiripdir. Bu döwürde şäherleri teatrsyz göz öñüne getirmek kyn. Teatryñ binasy çylşyrymly binagärlik toplumyna öwrülipdir. Aktýorlaryñ geýnişi durmuşdaka ýakynlaşypdyr. Ellinçilik döwründe tragediýalary goýmak dowam edipdir. Ýöne komediýalar has-da meşhur bolupdyr. Belli tragediýasy Likofron gabaw wagtynda Kassandriýa şäheriniñ horluklary baradaky tragediýasy we «Menedam» atly satiriki dramasy bilen şöhrat gazanypdyr. Afinaly şahyr

Menandr bolsa belli komediýaçy bolupdyr. Onuñ komediýalary afuny durmuş şertlerini, onuñ ownuk aladalaryny şöhlelendirip, klassyk komediýalaryñ syýasy äeñlerinden daşda bolupdyr.
Afiny täze komediýanyñ we durmuşdramasynyñ merkezi blan bolsa, Aleksandriýa ellin poeziýasynyñ merkezi bolupdyr. Aleksadnriýa poeziýasynyñ düýbüni şaher Kallimah tutupdyr. Onuñ mifologik, edebiýat, taryhy mowzuklarda ýazan eserlerinden iñ meşhurlary «Gekala» we «Sebäpler» atly poemalary bolupdyr. Kallima muzeýiñ baştutany we mirasdaryñ atabegi bolupdyr. Kallimahyñ sesrleriniñ sýuzeti esasynda b.e. öñ I asyrda rim şahyry Katull «Berenikanyñ saçlary» atly dünýä poeziýasyna giren eserini
döredipdir.
Ellinçilik döwürde Apollonyñ Rodosly, Feolorit Sirakuzly, Ewgemer we Ýambul ýaly ýazyjylar hem öz eserleri bilen meşhur bolupdyrlar. Kyssa eserloeriniñ arasynda taryhy eserler möhüm orun tutupdyrlar. Ellinçilik öwründe baý taryhnama döredilipdir. Kardiýaly Iýeronim özüniñ «Taryh» eserinde Aleksandryñ ölüminden Pirriñ aradan çykan wagtyna çenli (b.e. öñ 323-272 ý) aralykaky ellin taryhyny beýan edipdir. Onuñ berýän maglumatlarydan soñra Diodor Sisiiýaly , Pompeý trog, Plutarh we Arrian hem peýdalanydyrlar. Ellin taryhnamasynyñ çürbaşy Polibiniñ 40 kitapdan ybarat bolan «Ahlumuny taryhy» boupdyr. Onda Ortaýer deñiz sebitleriniñ b.e. öñk 220-146-njy ýyllar aralygyndaky taryhy beýan edilipdir. Onuñ işini stoik Posidoniý dowam edip, b.e. öñ 146-86-njy ýyllardaky taryhy wakaly 56 kitapda beripdir. b.e. öñki III asyryñ başlarynda müsür Ryhanysy Makedon we Wawilon ruanysy Beros ýerli arhiwler we baý däpler esasynda öz ýurtlarynyñ taryhyny grek dilinde beýan edipdirler.
Ellinçilik döwri şäher gurlujygynyñ we binagärligiñ hem ösen döwr bolupdyr. Bu döwürde köne şäherler abadanlaşdyrylyp, täze şaherler gurlupdyr. Şäherleri amatly ýerde, äli mümkinçilikleri göz öñüde tutup, ýörite meýilnamalar esasynda gurupdyrlar. Meýilnamada merkezi meýdança-agora teatr desgalary, yabdathanakar, stadionlar we gimnaziýeler, seýilghler göz öñünde tutulypdyr. Suw üpjünçiligi we kanalizasiýa gowy ýola goýlupdyr. Şäher äkimiýetleri köçeleriñ we meýdançalaryñ arassaçylygyna, şaher jaýlarynyñ abadatlanmagyna, guýulara we beýleki ýerlere berk gözeggiçilik edilipdir. Ägirt uly binalaryñ biri hem Faras adasynda gurlan Aleksandriýa maýagy bolupdyr. Ol b.e. öñ 280 ýylda arhitektor Sastrat tarapyndan gurlupdyr (beýikligi 120 metr). Ellinçilik döwrüniñ binagählerinde ymaratlaryñ aýratyn üns berlipdir.
Bu döwrüñ binalaryny heýkeller bilen bezapdirler. Heýkeltaraşlyk nusgawy döwürdäkiden hil taýdan pese düşen. Sebäbi ol juda köp öndürilik,ssenetçilige öwrülipdir. Pergam we Rodos heýkeltaraşlyk mekdeplere has meşhur bolupdyr. Pergam mekdebinde duýgulary ujuwly beýan etmek, okgunly hereketler, içki dargynlyk mashusdyr. Olar Skopasynyñ ýoluny dowam eipdirler. Olar Skopasyñ ýokarda agzalan däplerini öz döwrüne görä gaýtadan işläp, real kespleri we psihologik häsiýetnamalary

işläp düzüpdirler. Pergam mekdebiniñ meşur eserleri ölüp barýan gall we «özüni hem-de maşgalasyny öldürýän galldyr». Rodos mekdebi meşur Lisippiñ ýoluna dowam edipdir. Onuñ meşhur eserleri «Ellin hökümdary» Laokon we onuñ ogullary,»Farnez öküzi» boupdyr. Lisippiñ okuwçysy ussa ares tarapynan b.e. öñ 276 ýyla Geliosyñ 30 metrlik heýkeli ýasalypdyr. Ýöne ol b.e. öñ 220-nji ýylda ýertitremee weýran bolupdyr. Ellinçilik döwründe ynsanperwerr we tebigy ýlymlar güýçli ösüpdir. Ellin ökümdarynyñ köşklerinde ylmy meseleleri çözmek bilen meşgullanýan alymlaryñ toparlary işläpdirler. Bu döwürde ylmy bilimler ýöriteleşýär. Hasabyýet, meanika, astronoiýa, geografiýa, medesina, botanika, filologiýa, taryh özbaşdak ylymlara öwrülýärler.

Hasabyýet we Astronoiýa nusgawy döwürde Pifagoryñ, Anaksagoryñ, Ýewdoksyñ goýan esaslary boýunça ösüpdur. Ellinçilik ylmynyñ ajaýyp hasabyýetçileri we fizikleri Ewklid, Arhimed, Apoloniý bolupdyr. Ewkliiñ iñ meşhur işi «Başlangyçlar» bolup, ol öz döwrüniñ hasabyýet ensiklopediýasy bolupdyr. Arimed köptaraplaýyn alym bolupdyr. Ol П sany asaplapdyr, tükeniksiz kiçi we uly uluklyklaru hasaplamagyñ esaslarynmy goupdyr, şaryñ göwrüminiñ onuñ göwrümini çyzýan silindriñ göwrümine gatnaşygynyasaplapdyr, gidrostatikany esaslandyrypdyr. Ol asman jisimleriniñ hereketini şekilednirýän planetarini oýlap tapypdyr.Apoloniý geometrik algebranyñ we irasional ululyklaryñ toparlarynyñ esaslaryny işläp düzüpdir.

Samosly Aristarh (b.e. 310-230 ý) dünýäniñ geliomerkez ulgamy işläp düzüpdir. Gün ägrtuly bolup, ähli planetalar onuñ aşynda aýlanýarlar. Yyldyzlar bolsa Güne meñzeş jisimler bolup, ýerden juda uzak aralykda ýerleşeni üçin, hereketsiz ýaly görünýärler diýip hasaplapdyr. Kerenaly Eratosfen (b.e. öñ 275-200 ý.) taryhy tankyda we ronologiýa, matematika we filologiýa degişli işleri ýazmak bilen, esasy goşandy astronomiýa ylmyna edipdir. Ol er ekwatorinyñ uzynlygyny 39700 km, hasaplap çykaryp, akyky ululygynagolaýladypdyr. Şol wagtky oýkumenanyñ giñligini we uzynlygyny, ekliptikanyñ tekizliginiñ ýapgytlygyny kesgitläpdir. Eratosfen eger Ispaniýadan günbatara ýüzseñ Hindistana ýetip boljakdygy barada netije çykarypdyr. Ellinçilik döwrüniñ şohrat gazanan alymlarynyñ biri hem Gippar bolupdyr. Ol Arishyñ gelimerkez ulgamyny kabul etmän älemiñ ulgamy baradaky taglumaty esalandyrypdyr. Gipparyñ bu taglymatyny soñra Klawdiý Ptolemeý kabul edipdir we ösdüripdir. Gipparh gije bilen gdiziñ deñleşmek adysasyna üns beripdir, ýylyñ we Aý boýunça bir ayñ dowaml;y;ygyny has anyk kesgitläpdir. Ýer bilen Aýyñ arasyndaky uzaklygy kesgitläpdir. Aristoteliñ okuwçysy Feofrast (b.e. 372-287) ösümlikler baradaky ylmy esaslanypdyr. Ol dürli ylymlar boýunça köp sanly işleriñ awtorydyr. Medisiana möhüm üstünlikler gazanypdyr. Halkedonly Gerofik we Keosly Erasistr b.e öñki III asyrda iki sany täsirli medisina mekdeplerini döräpdirler,. Olar gan aýkanyşa, nerw ulgamyna, duýgy we hereket merkezleriniñ arasyndaky tapawutlara degişli uly açyşlar edilipdir. Olar adamyñ anatomiýasyna we fiziologiýasyna degişli başga-da birnäçe möüm gözekçilikler edilipdirler. Ýöne bular unudylyp, täze döwürdergaýtadan açylypdyrlar.

Pursadan bolan Asklepiad b.e. öñ I asyrda näsaglary beehiz tutmak, gezelenç etmek, owkalamak we sowuk suwda ýuwunmak arkaly bejermekde şohrat gazanypdyr. Onuñ hat-da ölin dereldendigi barada rowaýat düzülupdir.

## Kazy Ahmet Burhaneddin

Kazy Ahmed Burhaneddin (Türkçe:Kadı Ahmet Burhanettin)

Türkmenleriñ Sivas we Kayserisebitlerinde 1381-1398-nji ýyllar aralygynda dowam eden begligini esaslandyryjy. Ol 1345-nji ýylda Kaýsaryda doglupdyr. Onuñ kakasy Şemsetdin Mämmet Kaýsarynyñ kazysy bolupdyr. Bu nebere oguzlaryñ Salyr boýundan gelip çykandyr. Burhaneddiniñ atasy Mämmet Horezmden göçüp, Anadolynyñ Kastamonu sebitine (Gara deñziniñ günorta kenarlary) gelipdir. Burhaneddin 4-5 ýaşlaryndan başlap bilim öwrenmäge başlapdyr. Gysga wagtda arapça, parsça ýazmagy we okamagy öwrenipdir. Ol Şamda we Müsürde beýik ylym adamlaryndan sapak alyp, özüniñ ylym derejesini artdyrypdyr. Burhaneddin Ahmet 1364-nji ýylda Kaýsarynyñ kazylygyna bellenipdir. Ol Kaýsaryny edara edýän Eretnaogullary begi Gyýaseddin Mämmediñ gyzyna öýlenipdir. Kazylygy bilen birlikde özüni syýasy sahnada hem görkezip başlapdyr. Eratna begliginiñ gowşamagyndan peýdalanyp goñşy Garamanogullary Kaýsaryny olaryñ elinden alypdyr. Emma Burhaneddin Ahmet Kaýsaryny Garamanogullarynyñ elinden yzyna alypdyr. Bu hyzmaty üçin Eratna begi Aly beg ony 1375-nji ýylda öz wezirligine belläpdir. Eratna begliginiñ ýykylmagy bilen 1381-nji ýylda Kazy Burhanneddin Ahmet Siwasda özüni hökümdar diýip yglan edipdir. Adyna hutba okadypdyr, teññe zikgeledipdir. Burhaneddin Ahmet Yrakdaky, Şamdaky we Anadoludaky musulman döwletlerine ilçi ýollap, öz hökümdarlygyny ykrar etmekleri barada namalar gönderipdir. Kazy Burhaneddin Ahmediñ Müsürdäki Memluk türkmenleriniñ soltanlygy bilen gatnaşyklary dostana ýagdaýda bolmandyr. Sebäbi ol memluklaryñ elinden Malatyýany alypdyr. Memluklaryñ şäheri yzyna gaýdyp almak synanyşygy şowsuz tamamlanypdyr (1389). Kazy Burhaneddin Ahmet Çorumuñ golaýyndaky Kyrkdilim diýen ýerde bolan söweşde Ýyldyrym Baýezidiñ ýolbaşçylygyndaky Osman türkmen goşunyny ýeñipdir (1391). Kyrkdilim söweşinde gazanan ajaýyp ýeñşi Kazy Burhaneddin Ahmediñ şöhratyny Anadola hasam ýaýypdyr. Ol Kastamonu saparynyñ netijesinde öñ osmanlara tabyn bolan käbir ýerleri özüniñ gol astyna alypdyr. Şu ýeñişleriñ yzysüre Kazy Burhaneddin Ahmediñ yzly-yzyna iki oglunyñ ölümüniñ bagyr awusyny çekendigini bellemegimiz gerek. Kazy Burhaneddin Ahmet Teýmirleñe garşy gazaply göreşen türkmen serkerdesidir. Ol Teýmirleñe garşy bileleşigi döretmek üçin Müsürdäki memluk türkmenleriniñ soltany Berkuk, Osman türkmenleriniñ soltany Ýyldyrym Baýezit, Altyn Ordanyñ hany Togtamyş han bilen gepleşikler geçiripdir. Teýmirleñ Hasangalanyñ Çopan köprüsi diýen ýerine gelende bu dörtler bileleşiginiñ garşysyna durup bilmejekdigine düşünipdir. Olary ýeke-ýekeden dargatmagyñ amatlydygyny bilip, ilki Togtamyşyñ üstüne gidipdir. Kazy Burhaneddin

Ahmet Teýmirleñe boýun egen türkmen beglerini sylap goýmandyr. 1394-nji ýylyñ ýazynda şeýle begliklerиñ biri bolan Garamanogullarynyñ üstüne ýöriş edipdir. Akgoýunly türkmenleriñ hökümdary Gara Ýülük Osman öz doganlaryna garşy göreşde Kazy Burhaneddin Ahmediñ hyzmatyna giripdir. Ol Burhaneddiniñ iñ bir ynamdar emirleriniñ birine öwrülipdir. Emma Gara Ýülük Osman bilen Burhaneddiniñ aragatnaşyklary ýaramazlaşypdyr. Onuñ sebäpleri barada çeşmelerde gapma-garşy maglumatlar bar. Gepiñ gysgasy 1398-nji ýylda Siwasyñ golaýynda gije bolan söweşde Osman beg Burhaneddini öldüripdir. Kazy Burhaneddiniñ gubury Siwas şäherindedir. Ömrüniñ köp bölegi ýörişlerde geçendigi sebäpli Burhaneddine «Abul Fath» lakamy berlipdir. Çeşmelerde Kazy Burhaneddin alym, adyl soltan, sylag-hormatyñ eýesi hasaplanýan, çydamly, alymlary goldaýan adam hökmünde suratlandyrylýar: «Ulamalar bilen söhbetdeşlik etmekden lezzet alýardy. Hepdede üç gün — Başgün, Sogapgün, we Anna günleri ylmy söhbetleri gurardy». Kazy Burhaneddiniñ ölüm habary Hindistanda ýörişde bolan Teýmir Agsaga-da ýetipdir. Esasy duşmanynyñ biriniñ aradan aýrylandygyna begenen Agsak Teýmir derhal Anadola tarap ümzügini öwrüpdir. Teýmire Kazy Burhaneddiniñ näderejede kuwwatly bir hökümdardygyny şeýle habar beripdirler: «Burhaneddin hiç haçan öz duşmanlarynyñ özüne garşy birleşmegine mümkinçilik bermändir». Erzinjan häkiminiñ 5 müñ, Garamanogullarynyñ 10 müñ, Niksar begi Mahmyt Çelebiniñ 6 müñ, Bafra emiriniñ 2 müñ, mongollaryñ, Diýarbekir we Şam türkmenleriniñ 20 müñ adamly goşuny bilen garşysyna çykanda-da onuñ özüni nähili gorap bilendigi Teýmiri üýşendiripdir. Kazy Burhaneddin Ahmet ýogalansoñ onuñ guran begliginiñ möhüm ähmiýetli Tokat, Niksar, Siwas we Kaýsary şäherleri Osman türkmenleriniñ döwletiniñ golastyna geçipdir. Kazy Burhaneddin Ahmet merkezi häkimiýeti güýçlendiren türkmen hökümdarydyr. Özüne garşy çykanlaryñ gozgalañyny basyp ýatyrmak üçin ol merkezde güýçli goşun saklapdyr. Ömrüniñ köp böleginiñ söweşlerde geçendigine garamazdan, gurluşyk işlerini-de ünsden düşürmändir. Turhalda, Erzinjanda, Niksarda, Kyrşehirde galalar, metjit-medreseler saldyrypdyr. Kazy Burhaneddin hökümdar, serkerde bolmak bilen bilelikde «Siwasly» lakamy bilen goşgy ýazan meşhur türkmen şahyrydyr. Edebiýatçy alym Abdyrahman Mülkamanow «Burhaneddiniñ söz sungaty» /«Edebiýat we sungat», 2001ý. Nowruz aýynyñ 16-sy/ atly makalasynda bu barada şeýle ýazýar: «Ussat şahyr şygyrlar ýazanda, halkyñ dil baýlygyna, sözüñ gudratyna uly sarpa goýupdyr. Sözleriñ açyk-ýapyk bogunlarda gelişlerine, olaryñ sazlaşygyna, çekimsiz sesleriñ öz orunlaryny tapmagyna, gaýtalanýan sözleriñ-sesleriñ biri-birini güýçlendirişine uly üns beripdir. Şahyr şygra girýän sözleriñ ýakyp-ýandyryjy bolmalydygyny nygtapdyr. Her sözüñ, her jümläniñ hyjuw bilen gaýnap durmagyny gazanypdyr. Şahyryñ eserleriniñ ýene bir özboluşly tarapy tejnisler (omonimler) ýa-da söz oýnatmalary bilen bezelenligidir».

## Muhammet ibn Zeýdiň kümmeti

MUHAMMET (Muhammed - حمدم) ibn-ZEÝDIŇ KÜMMETI XI asyr) Köp ýyllaryň dowamynda il-halkyň dilinde ymam Muhammet Hanafyýa ýa-da ymam Ja'far Sadyk diýlip tanalan bu kümmet Soltangaladan bir km. ýaly günbatarda ýerleşýär. 1959-njy ýyla çenli Muhammet Hanapyýanyň kümmeti diýlip ýalňyş düşündirilen, emma Muhammet ibn-Zeýdiň kümmeti bolan bu bina XI asyryň başynyň deňsiz-taýsyz ýadygärligidir. Inedördül kümmet (taraplary 8,5 metr) esasn çig kerpiçden gurlupdyr, emma tutuşlygyna bütin daş ýüzi bişen kerpiç bilen ýüzlenipdir. Iç ýüzüniň paruslarynyň ýaruslary we gyralaryndaky ýazgylary nagyşly bişen kerpiçden örülipdir. M.Ý. Masson tarapyndan dykgatly okalyp düşündirilen bu ýazgy ýadygärligi takyk 1112-1113-nji ýyllar bilen seneleýär he-de ony bu ýerde jaýlanan Muhammet Seýit ibn-Zeýdiň ady bilen we Mary welaýatynyň hökümdary Şerefeddin Abu Tahyryň ady bilen baglanyşdyrýar. kümmetiň özi-de Şerefeddin Abu Tahyryň buýrugy bilen 1112-nji ýylda bina edilipdir.

Soň-soňlar kümmet gümmezi bilen birlikde ençeme gezek üýtgedilip gurlupdyr we rejelenipdir. XX asyryň başynda gadymy kümmetiň gümmezi ýykylypdyr. 1937-nji ýylda A.M. Baçinskiniň we W.I. Pilýawskiniň ýolbaşçylygynda Buharadan bolan ussalar uraban we Yusup tarapyndan gümmez gaýtadan dikeldilipdir. Bildiriş: Muhammet dälde "MUHAMMED" haýyş etýäris unutmaň!!!

## Ödemiş Giraý han

Özünden öň: Safa Giraý Özünden
soň: Aly şa Doguldy:
1546

Öldi: 11 (21) iýun 1566

Kakasy: Safa Giraý

Ejesi: Süýembike

Ödemiş Giray Han (Kazan Tatarça Utameş Giray, Ütämeşgäräy, Ötemiş, Otemish, Utyamysh türkmençe Utamyş) (1549-1551) Iki ýaşynda tagta geçip Ödemiş Giraý hanyň ejesi Süýembike hatynyň (Kazan Tatarça Söýembikä, Türkçe Süýümbike) (1519-1557) kömegi bilen Kazan hanlygyny dolandyrypdyr. 1546-njy ýylda Rus tarapdary Kazanlylar Safa Giraýy syndyryp Jan Aly hany täzeden tagta çykaran bolsalar hem bir aýdan soň birleşmäge gelen Nogaýlaryň kömegi bilen Safa Giraý üçünji sapar tagty eýelemegi başarypdy. 42 ýaşlarynda dünýeden öteninden soňra ýerine 3 ýaşly ogly Ödemiş Giraý han geçdi we Hanlyk şondan soň çökmäge başlady. Şol wagtlar Safa Giraý hanymy we Nogaý hany Ýusup Mirzanyň gyzy, Ödemiş Giraý hanyň ejesi Süýembike naýyplyk etdi.

**Türkmenistan taryhyndaky bolup geçen möhüm wakalaryň hronologiýasy(1916-1994ýyllar)** Möhüm wakalaryň hronikasy :

1916-njy ýyl: Türkmenistanda ilkinji halk rewolýusiýasy.

1917-nji ýylyň 27-nji fewraly: Orsýetde buržuaz-demokratik rewolýusiýasynyň ýeňmegi we patyşa häkimiýetiniň synmagy.

1917-nji ýylyň 25-nji oktýabr - 7-nji noýabr: Orsýetde sosialistik rewolýusiýasynyň ýeňmegi wehäkimiýetiň Sowetleriň eline geçmegi.

1920-nji ýylyň 2-nji fewraly: Hywa halk rewolýusiýasynyň ýeňmegi. Hywa hanlygynyň syndyrylmagy.

1920-nji ýylyň 27-nji apreli: Horezim Halk Sowet Respublikasynyň yglan edilmegi.

1920-nji ýylyň awgusty: Sakarda Buhara emirine garşy gozgalaň.

1920-nji ýylyň 2-nji sentýabry: Buhara Halk Sowet Respublikasynyň ýeňmegi. Buhara emirliginiň syndyrylmagy.

1920-nji ýylyň 6-njy oktýabry – Buhara Halk Sowet Respublikasynyň yglan edilmegi.
1920-nji ýylyň fewraly: Türkmenistanda basmaçylyk hereketiniň (garždanlyk urşunyň) başlanmagy.

1921-nji ýylyň awgusty: Zakaspi oblastynyň Türkmen oblastyna öwrülmegi. 1923-nji ýylyň oktýabry: BHSR-nyň düzüminde Türkmen awtonom oblastynyň döredilmegi.
1924-nji ýylyň ýanwar-fewral aýlary: Biriniji Garagum urşy.

1924-nji ýylyň maýy: HSSR-iň düzüminde Türkmen awtonom oblastynyň döredilmegi.

1924-nji ýylyň 27-nji oktýabry – Türkmenistan SSR-niň döredilmegi.

1925-nji ýylyň fewraly: Sowetleriň Bütintürkmen I Uçreditel gurlutaýy. TSSR Merkezi Ispolnitel Komitetiniň we Halk Kommisarlar Sowetiniň düzülmegi.

– Türkmenistan Kommunistik (boşewikler) partiýasynyň I Uçreditel gurlutaýy. Partiýanyň Merkezi Komitetiniň saýlanmagy.

1925 – 1927-nji ýyllar: Aşgabat we Mary okruglarynda ýer-suw reformasynyň geçirilmegi.
1926-njy ýyl: Ilkinji kolhozlaryň peýda bolmagy.

1927-nji ýyl: Türkmenistanda medeniýet institutynyň («Türkmenkult») açylmagy.

1927-nji ýylyň sentýabry – 1928-nji ýylyň ýanwary: Ikinji Garagum urşy.

1928-nji ýyl – Aşgabatda dokma, ýüpek fabrikleriniň işe girizilmegi.

1928 – 1929-njy ýyllar: Arap elipbiýinden latyn elipbiýine geçilmegi.

1929-njy ýyl: Türkmen döwlet drama teatrynyň açylmagy.

1931 ý. – Aşgabat döwlet pedagogik institutynyň açylmagy.

1931 ý. – Üçünji Garagum urşy.

1931 ý. sentýabr – Türkmen Oba hojalyk institutynyň işläp başlamagy.

1932 ý. – Türkmen döwlet medesina institutynyň açylmagy.

1932 ý. – Düzüminde taryh, dil we edebiýat bölümleri bolan Türkmen ylmy-barlag institunyň döredilmegi.

1940 ý. – Berdi Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» romanynyň biriniji kitabynyň neşir edilmegi.

1941 ý. aprel – SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Türkmenistan filialynyň döredilmegi.

1941 ý. 22 iýun – Beýik Watançylyk urşunyň başlanmagy.

1943–1944 ýý. – Krasnowodskide nebti gaýtadan işleýän zawodyň işe girizilmegi.

1945 ý. 9 maý – Beýik Watançylyk urşunyň tamamlanmagy.

1947 1948 ýý. – Çärjew – Goňrat ýolunyň gurulmagy.

1948 ý. 6 oktýabr – Aşgabatda ýer titremegi.

1950 ý. – Türkmen döwlet uniwersitetiniň açylmagy.

1951 ý. – Türkmenistan SSR Ylymlar Akademiýasynyň döredilmegi.

1951 ý. dekabr – TK(b)P MK-nyň ideologiýa işiniň meselelerine bagyşlanan plenumy: respublikada repressiýanyň täze tolkunynyň ýaýramagy.

1954 ý. – Garagum kanalynyň gurluşygyna başlanmagy.

1956 ý. fewral-mart – SSKP-niň XX gurlutaýy we Staliniň Staliniň şahsyýet kultunyň ýazgarylmagy.

1958 ý. – MTS-leriň üýtgedilip gurulmagy.

1958 ý. – «Edebiýat we sungat» gazetiniň neşir edilip başlanmagy.

1958 ý. – Aşgabatda Türkmen telewideniýesiniň işläp başlamagy.

1959 ý. – Aşgabat, Mary, Daşhowuz pedagogik institutlarynyň ýatyrylmagy – olaryň ornuna Çärjew döwlet pedagogik institutynyň döredilmegi.

1960 ý. – Merkezi Garagumda güýçli gaz fontanynyň atylyp çykmagy.

1960 ý. – Aşgabatda nebit maşyn gurluşygy (Aşnebitmaş) zawodynyň işe girizilmegi.

1961–1962 ýý. – Çärjewiň Superfosfat zawodynyň ulanylmaga berilmegi. 1962 ý. 12 maý – Garagum kanalynyň Aşgabada gelmegi.

1963 ý. – «Şükür bagşy» kinofilminiň ekrana çykmagy

1965 ý. – Guşgy – Hyrat – Gandahar şosse ýolunyň açylmagy.

1966 ý. – Türkmenistanda ilkinji uly gaz ýatagy Gazojagyň özleşdirilmegi. 1973 ý. – Türkmen topragynda ilkinji gezek 1 million tonna pagta hasylynyň ýygnalmagy. 1980 ý. mart – Garabogaz bilen Kaspi deňziniň arasyny baglanyşdyrýan bogazyň petiklenilmegi.

1981 ý. – Garagum kanalynyň Gazanjyga ýetmegi.

1985 ý. aprel – SSKP MK-nyň plenumy we sowet jemgiýetini üýtgedip gurmaga ugur alynmagy.

1985 ý. dekabr – TKP MK-nyň býurosynda Baýramaly raýonynyň «Täze ýol» kolhozynda sosial meseleleriň ýagdaýyna garalmagy;t kolhozçylara mellek ýerleriniň berlip başlanmagy.

1989 ý. awgust – TKP MK-nyň býurosynda «Gorkut Ata» eposyny gadagan etmek baradaky 1951-nji ýylda kabul edilen kararynyn ýatyrylmagy.

1989 ý. – Magtymguly jemgiýetiniň döredilmegi.

1990 ý. maý – Türkmenistan SSR-niň «Dil hakyndaky» kanunynyň kabul edilmegi. 1990 ý. 22 awgust – Türkmenistanyň döwlet garaşsyzlygy hakyndaky Jarnamanynyň kabul edilmegi.

1990 ý. 27 oktýabr – S.A.Niýazowyň Türkmenistanyň Prezident.

1991 ý. 12 ýanwar – Türkmenistanda ilkinji gezek «Hatyra günüň» bellenip geçilmegi. 1991 ý. maý – Dünýä Türkmenleriniň gumanitar birleşiginiň döredilmegi. SSSR-iň dargamagy.

1991 ý. awgust – Moskwada döwlet agdarylyşygynyň bolup geçmegi.

1991 ý. 27 oktýabar – Garaşsyz Türkmenistan demokratik- dünýewi döwletiniň jar edilmegi.

1992 ý. 27 ýanwar – Türkmenistanyň Goranmak Ministrliginiň döredilmegi. 1992 ý. 2 mart – Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edilmegi.

1992 ý. 18 maý – Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi.

1992 ý., 21 iýun – Garaşsyz Türkmenistanyň ilkinji Prezidentligi-ne Saparmyrat Nyýazowyň ikiniji gezek saýlanmagy.

1992 ý., 12 awgust – Türkmenistanyň Serhet goşunlarynyň döredilmegi. 1992 ý. – Türkmenistanda ilkinji gezek «Gurban baýramy» resmi suratda baýram edilmegi.

1992 ý. – Ilkinji gezek türkmen ýaşulularynyň uly toparynyň Mekge – Medine zyýarata baryp gelmegi.

1992 ý. – Tejen – Sarahys – Maşat demir ýolunyň gurluşygyna başlanmagy.

1992 ý. – Magtymguly adyndaky halkara baýragynyň döredilmegi.

1992 ý., dekabr –Türkmenistanda «10 ýyl Abadançylyk» syýasatynyň öňe sürülmegi. 1993 ý.– Türkmenistanda ilatyň gazdan, elektirik energiýasyndan, suwdan mugut peýdalanyp başlamagy.

1993 ý., 12 aprel – Türkmen elipbiýini kabul etmek hakynda karar kabul edildi.

1993 ý. – Gazanjyk – Bender Türkmen (Eýran) demir ýolunyň gurluşygyna başlanmagy.

1993 ý. – Çärjew – Kerki demir ýolunyň gurluşygyna başlanmagy.

1993 ý. – Tejende gurnama traktor zawodynyň işe girizilmegi.

1993 ý., 3 maý – Türkmenistanda magaryf işgärleriniň maslahatynda Täze bilim syýasatynyň yglan edilmegi.

1993 ý., 3 awgust – Türkmenistanda howa hüjümden goranmagyň Milli Güýçleriniň döredilmegi.

1993 ý., 1 sentýabr – Aşgabatda Harby institutynyň açylmagy.

1993 ý., sentýabr – Aşgabatda Transport we aragatnaşyk institutynyň açylmagy. 1993 ý., 15 oktýabar –Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Nyýazowyň taryhçylar bilen duşuşmagy we türkmen taryhyny ýazmak barada möhüm meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagy.

1993 ý., 23-30 oktýabr – Türkmenistanyň amaly-kaşam sungatynyň I festiwaly. 1993 ý., 25-26 oktýabr – Türkmen halkynyň taryhy boýunça Halkara konferesiýanybň geçirilmegi.

1993 ý., 27-28 oktýabr – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň iki ýyllygynyň dabaraly bellenip geçilmegi.

1993 ý., 1 noýabr – Türkmenistanyň öz milli walýutasyna – türkmen manadyna geçmegi. 1993 ý., 24 dekabr – Aşgabatda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna (GDA) girýän ýurtlaryň baştutanlarynyň duşuşmagy.

1994 ý., 15 ýanwar – Ählihalk referendumynyň çözgüdi bilen Türkmenistanyn Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň ygtyýarlygynyň nobatdaky saýlawlary geçirmezden ikiniji bäşýyllyk möhlete uzaldylmagy.

1994 ý., 17 ýanwar – «Milli galkynyş» hereketiniň I gurlutaýynyň geçirilmegi. 1994 ý., 19 fewral – Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň doglan gününiň ýurdymyzda ählihalk baýramy hökmünde bellenip geçilmegi. 1994 ý., mart – Türkmengalada egirme-dokma fabriginiň işe girizilmegi.

## Nikolaý Nikolaýewiç Han-ÝOmudskiý

Nikolaý Nikolaýewiç Han-ÝOmudskiý-patyşa gullugynyň podpolkownigi, Türkistan general- gubernatorlygynyň Krasnowodsk uýez naçalniginiň kömekçisi. Ol halkyň bähbitlerini goramaga çalşan adam. 1925-nji ýyldan soň uzak wagtlap Türkmenistanyň magaryf Halk Komissarlygynyň Moskwadaky ýaş milli kadrlary taýarlaýan öýüniň ýolbaşçysy N.N.Han-ÝOmudskiý türkmen intelligensiýasynyň içinde iň ylymly adamlaryň, şeýle hem ilkinji žurnalistleriň biri bolupdyr

## Keltegoñur gyrgynçylygy

1931-nji ýylyň sentýabr aýynyň başynda Garagumda ýene-de uruş başlandy. Gyzyl Goşun bölümleri bir wagtyň özünde Krasnowodskiden, Gyzylarbat, Tejen, Mary, Hywa we Daşhowuzdan basmaçylara garşy hüjüme geçdiler. 8-nji Aýratyn Türkmen atly brigadasynyň, beýleki goşun bölümleriniň esgerleri harby kamolýotlaryň kömegi bilen bary- ýogy on günüň içinde basmaçy toparlarynyderbi-dagyn etdiler. Öňde-soňda

bolmadyk gyrgynçylyk boldy. Basmaçylar-a basmaçylar, ýöne olary penalan hökmünde gumly obalara-da gan ýuwtdyryldy. Şeýle keç ykbally obalaryň birem Keltegoňur bolmaly. Ol hakda habar berýän «Keltegoňurdaky gyrgynçylyk» («ÝAş kommunist», 12.12.1991) diýen makaladan:

«Basmaçy diýilýän bendeleriň arasynda has baýlaram bolsa bolandyr weli, olaryň köpüsi bäşläp-üçläp maly bolan pukara adamlardy. Olaryň özleriniň halal gazanç bilen edinen mal-garalary bilen gümra bolup, il- güne, ötegçi ýolagça azar berýän adamlar bolmandyrlar. Birdy-geldi Ahaldan Tejen taýa argyşa barýanlar duşaýanda-da, basmaçy diýilýänler olardan diňe nas bilen çilim dilär ekenler, özem ikibaş bahasyny töläp. Şol döwürde basmaçy barmyş diýen bahana bilen (görüp otursak halkyň gözüniň oduny almak üçin)ýerbentden 80 km. gündogarda ýerleşýän Çür-çüri obasyny samolýot bilen bombalapdylar. Bary bu hem däl. Tejenden bärräkde «Öýkensiz» golaýyndaky «Gaty oý» hem basmaçy barmyş bahanasy bilen bombalanan ýer bolmaly. «Keltegoňur» barasynda aýratyn aýdanymyzda bolsa, ol ýerbentden Tejen tarapda takmynan 100 kilometrlikdäki uly bir oba bolmaly. Bu oba bir atly gelen. Onuň basmaçydygy däldigi hiç kime belli däl. näme, geçip barýan bende sowlanda sen oňa git diýjekmi? Ynha, bir salymdan bolsa «gyzyllaryň uly ordasy obany gabaýarlar. ÝAnki oba gelen atly ýigid-ä gabat gelen komandirleriň birini atyp öldürýär-de, basýar ata gamçyny, şeýdib-ä ol zut gaçyp, öz janyny halas edýär. Ýöne weli «gyzyllar» bigaýratlyk edip «Alynyň aryny Ahmetden çykarýarlar». Obanyň ähli erkek göbeklisini tümmegiň aňyrsyna sürüp äkidip, kän bir okam atman, olary gylyçdan geçirýärler. Hiç bir ýaragy zady ýok özbaşyna gümra bolup ýören çarwa bendeleriň-tutş bir uly obanyň erkek göbeklisiniň gany şeýdip dökülýär. Şonda bir ýaş aýal adamsyny gorajak bolup, ajal okuny kabul edip ýanýoldaşy bilen bile-je pahyr bolan. Käbir eneler bolsa «Gyzyllar» oba dökülip erkek göbeklileri äkidýärmişdiýen habar gulagyna degenden öz balalaryny gara öýüň tärimi bilen gamyşynyň arasyna salyp gizläp ýetişenmiş, ýöne beýle emeli tapan «ejizler» ýek-tük bolupdyrlar. Şol yzynda- çuwan ahy-nalalarda diňe ýekeje ýaş oglan boýnuna bir bölejik gyzyl esgini orap: «Men pioner» diýip aglansoň, diňe şoňa aman berlen. Bendileriň ýatan ýerleri ýagty bolsun-da, Alla!»

Keltegoňur gyrgynçylygynda 56 adam şehit bolupdyr. Häzir şolardan 50-niň atlary anyklanyldy. Ine olar: Agageldi, Agaly, Amansähet, Howa, Alty goşa, Ata hoz we onuň aýaly Annagözel, Ata Şarak we ogly Seýtnepes, Ata çal we ogullaryJepbar bilen Soýeg, Pirli, Höweli, Ataberdi Durdy we ogullary Narly bilen Küle, Esenaman, Nazarmyrat, Gurt, Taý, Oraz, Begli Geldimyrat, Wepat, Welleň, Har, Welbeg we ogly Gapbar, Garly, Uzyn, Gara Baýram, Geldi han, Gurt, Güýç Seýtnepes, Daňatar Gurt, Kiçik gul we ogly Nurmämmet, Mämmet Baba, Seýitli Annadurdy, Tapyl oba, Oraz Ata, Orus Golak, Osman molla, Hommat, Çary Hydyr, Eýeberdi, ÝAgdy goýunjy, Ýagdy Tapyl, ÝAzmyrat Esenaman we onuň inisi Sopy. 1931-nji ýylda Garagumda gopan kyýamatdan soňam basmaçylar doly «amana gelmedi». Eýýäm 1932-nji ýylyň ahyrlarynda

Türkmenistanda hersinde ortaça 20-25 atlysy bolan 28-sany basmaçy toparlary hereket edýärdi. 1933-nji ýylyň ortalaryna çenli olaram dargadyldy. Ýöne şonda-da iň soňky basmaça çenli «gyryp gutarmaklyk» bolşewiklere başartmady. Olaryň käbir galanlary soň-soňlaram tä 1935-1936-njy ýyllara çenli göreşi dowam etdiler. Çünki, halkyň bir böleginde «kapyrlaryň» zulum zynjyryny gyrmaga, erkin howadan dem almaga ymtylyşy çäksiz güýçlüdi. Şeýlelikde, üçünji Garagum urşy hem basmaçylaryň ýeňişi bilen gutardy. ÝAgny şunuň bilen Türkmenistanda uzaga çeken basmaçylyk hereketigraždanlyk urşy, tas takygy, milli- azat edijilik hereketi gutardy. Elhenç gyrgynçylyklarda iki tarapdanam türkmeniň müňlerçe «men-men diýen ärleri» (Magtymguly)-gerçek ýigitleri guma garyldy.

Bu elhenç näletli hadysa külli türkmen üçin öwezini dolup bolmajak nähak pidady.

**Gurban Durdy**

«…Gurban Durdy, milleti türkmen, 1917-nji ýylda Mary oblastynyň Sakarçäge raýonynyň Çöňürýap obasynda daýhan maşgalasynda doguldy.

1934-nji ýylda ol doly däl orta mekdebiň 5-nji kylasyny tamamlady we Sakarçäge raýonynyň Woroşilow adyndaky kolhozynda kolhozçy bolup işe başlady.1938-nji ýylda Gurban Durdy Sowet Goşunynyň hataryna gulluga çagyryldy we komsomola girdi. Gurban Durdy gullugy serhetde geçdi. Şonuň üçinem ol derýanyň gyrasynda nemes goşunlarynyň ilkinji urgusyna duçar bolanlaryň biridi. Gurban Durdy Günorta frontyň 9njy armiýasynyň 176-njy atyjylyk dwiziýasynyň 389-njy atyjylyk polkunyň otdeleniýe komandiri bolup, özüni başarjaň, töwekgel, batyr esger hökmünde tanatdy. Ol duşmanyň çuňňur tylyna razwedka etdi, san taýdan agalyk edýän duşman güýçleri bilen söweşe girdi we üstün çykmagy başardy.

Kiçi seržant Gurban Durdy 1941-nji ýylyň 26-njy iýunynda Bessarabiýa-Rumyn serhedine Malo-Malokişno diýlen ýerde bir möhüm belentlige hüjüm edilende aýratyn tapawutlandy. Ol öz otdeleniýesini üç gezek hüjüme galdyrdy, birnäçe gezek agyr ýaralansa-da söweş meýdanyny taşlamady. Hüjümi dowam edip, söweşijileri yzy bilen alyp gitdi.

…Bu edermenligi üçin oňa, SSSR ÝOkary sowetiniň Prezidiumynyň 1941-nji ýylyň 9njy noýabryndaky Ukazy bilen Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen at dakyldy. Gurban Durdy bu belent ada mynasyp bolan ilkinji türkmendir.

…Birnäçe ýerinden agyr ýaralanan Gurban Durdy gospitalda ýatdy, 1941-nji ýylyň sentýabrynda bolsa demobilizlenip, obasyna dolanyp geldi. 1942-nji ýylda ol Komunistik partiýanyň hataryna girdi. Şol ýyl M.Gorkiý adyndaky Aşgabat pedinstitutyna okuwa girip, 1947-nji ýylda inistitutyň taryh fakultetini tamamlady. okuwa girensoň Gurban Durdy TSSR Ylymlar Akademiýasynyň taryh muzeýiniň kiçi ylmy işgäri, 1953-nji ýyldan soňra bolsa tä ömrüniň ahyryna çenli Muzeýiň direktory bolup işledi. Gurban Durdy 1976-njy ýylda aradan çykdy.

**1930-50 ýyllarda Edebiýat sungat.Akademikler.**

Bu günki gün şol sözleriň beýik eposa hem-de ony teşne halkyna ýetirjek bolan ägrtlere atylan agyr töhmetdigi köre hasadyr. Emma ol döwürde plenuma gatnaşanlar dokladçynyň aýdanyna däl diýmeden-ä geçen, gaýtam, onuň sözüniň «üstüni aňyr ýany bilen ýetirdiler».

Dokladçy beýleki edebiýatçylara, ýazyjy-şahyrlara- da «göz aýlady». Köp sanly gymmatly eserler, şol sanda Şabendäniň «Hojamberdi han» dessany, MagrupynyňÝUsup-Ahmet» desany, Abdysetdar Kazynyň «Jeňnamasy» zyýanly eser hökmünde ýazgaryldy. Zynharynyň, Kätibiniň, Dosmämmediň, ÝUsup Hojanyň goşgulary «çeperçilik gymmaty ýok» (gaýdyp çykmaly däl) eserleriň hataryna goşuldy.

Edebi mirasyň bu gymmatly ýadygärliklerini toplap çapa taýýarlanlar ulukjyn aldyryldy. Käbir goşgudyr poemalarynda sergin howasy jana şypaly türkmen topragynyň behişt ýaly şowhun-şatlygynyň, merdi-merdan ýigitleriniň,elinden dür dökülýän salyhatly-gelin- gyzlarynyň mydam ýetik bolandygyny (TK(b)P MK- nyň we onuň biriniji sekretarynyň pikiriçe, rewolýusiýadan öň bu ýerde açlyk-ýalaňaçdan, gam-gussadan başga zat bolmaly däldi) aýdanlygy sebäpli Berdi Kerbabaýew («Mary», «Gyzlar dünýäsi»), Ataköpek Mergen («Totyguşyň syýahaty»), Gurbandurdy Gurbansähedow («Türkmen sen»), Juma Ilmyradow («Türkmenistanym») milletçilikde aýyplanyldy. Dokladçy soňra taryhçylar barada aýdyp, Gaýyp Nepesowyň «Demirgazyk Türkmenistanda sowet gurluşygynyň ýeňmegi» diýen kitabyny tankyt etdi. Oňa agyr günäler ýöňkedi. «Bu kitap örän zyýanly iş, ony okyja hödürlemeg-ä beýlede dursun, asla taryhy material hökmünde ulanmak hem mümkin däl» diýip nygtady. «Ol hakyky akademikdi» (Türkmen dili we edebiýaty. 1992, №5 diýen makaladan:)

…Taryhçy Gaýyp Nepesowyň durmuş ýoly otuzynjy ýyllaryň çylşyrymly döwrüniň, ýagny ylymda, has beteremtaryh ylmynda stalinçiligiň kök uran, öňi bilen asla özbaşdak pikirlenmeleriň düýpgöter yzarlanan döwrüniň janly taryhydyr.

Baryp ýežowçylyk döwründe, 1938-nji ýylyň maýynda Nepesow NKWD organlary tarapyndan tussag edildi. Ony syýasy jenaýatçylykda aýyplamaga synandylar. Dokuz aýdan soň ony tussaglykdan boşatdylar (Belki, stalinçi jellatlaryň onuň maýyplygyna rehimi inendir). Ellinji ýyllaryň başlarynda Gaýyp Nepesowyň gerdenine täze synaglar düşdi. Ony eýýäm şol döwürde uly alym- taryhçy hökmünde giňden tanaýardylar. Uruşdan soňky ýyllarda onuň dürli temalardan ýazylan ylmy makalalary, kitaplary yzlyyzyna çap bolup çykýardy. Emma şol işleriň biri, onda-da iň agramlysy- «Demirgazyk Türkmenistanda sowet gurluşynyň ýeňmegi» diýen kitaby ony elhenç gowgalaryň üstünden eltdi.

Köp ýyla çeken jebirli zähmetiň netijesi bolan bu kitap dürli çeşmeleriň esasynda döredi. Onuň özi hem esasy ylmy dolanşyga hut Nepesow tarapyndan girizildi. Olar

Moskwanyň, Leningradyň (häzirki Sankt-Peterburgyň), Aşgabadyň, Daşkendiň, Almatanyň, Nukusyň arhiwlerinde saklanýan gymmatly dokumentlerdir. Gaýyp Nepesow özünden öň öwrenilmedik birgiden materialy gözläp tapdy. Bu işde Horezm oazisinde ýaşaýan halklaryň, şol sanda türkmenleriň durmuşynda patyşa Orsyýetiniň 1873-nji ýylda Hywa Hanlygyny uly ganly söweşler bilen basyp alan pursatyndan soňky bolup geçen sosial-ykdysady, syýasy we medeni özgerişleriň özboluşly prosesiniň giň kartinasyny döretmäge synanşyk edildi.
Emma, arman, kitap okyjylar köpçüligine gowşup ýetişmedi. Alymyň uzak ýyllaryň dowamynda geçiren ylmy gözleglerinden soň gelen netijeleriniň uçdantutma barysyna dil ýetirilip, hemmesi şübhe astyna alyndy, özüne bolsa bihaýalyk bilen, agyr şyltaklar atyldy.Elbetde, alym Türkmenistanyň şol döwürdäki ýolbaşçylaryndan arka tapmady. Döwür şeýledi. Döwür pikir ýöredip bilýän adamlar üçin agyrdy. Şonuň üçin, gaýtam, tersine, TK(b)P MK-nyň biriniji sekretary Suhan Babaýew akademigiň adyna has igençli sözler aýytdy: «G.Nepesow türkmen halkynyň taryhyny ýoýýar, ony galplaşdyrýar. Onuň kitaby buržuaz-milletçilik nukdaý nazaryndan ýazylypdyr. Buržuaz milletçileriň» yzyna eýermek bilen, awtor feodal-han-begleri öwüp arşa çykarýar, olary ideallaşdyrýar, basmaçylyga göz-görtele köňül berýär…
Özüniň utanç-haýasyz işinde professor Nepesow duşman çeşmelerinden tutuş sahypalary göçürip almaga çenli baryp ýetýär».Tussag» etmeklige karar. Aşgabat ş. 5 maý. 1952 ý. Men, TSSR Döwlet Howupsuzlygy ministrliginiň 5-nji bölüminiň 1 otdeleniýesiniň naçalniginiň orunbasary leýtenant N. maşgalaly, Aşgabat şäheriniň Şewçenko köçesiniň 7-nji jaýynda ýaşaýan, hiç ýerde işlemeýän Orazmämmet Abdylowyň üstünden TSSR DHM-e düşen materiallara seredip: Tapdym: O.Abdylow söwdagär baý maşgalasyndan bolmak bilen, BK(b)P girende öz gelip çykyşyny gizledi. Türkmen döwlet neşiriň baş redaktory hökmünde ol halkyň garşysyna gidýän, reaksionepos bolan «Gorkut Atany» düzüşmäge, redaktirlemäge we propogandirlemägegatnaşdy. Töweregindäki adamlaryň arasynda Sowet hökümetine garşy milletçilikli pikirleri aýdyp geldi. Bu barada ol şaýatlar… beren görkezmeleri esasynda doly paş edildi
1909-njy ýylda Krasnowodsk oblastynyň Çeleken adasynda dünýä inen, türkmen, partiýa agzasy däl,
Şu zatlary göz öňünde tutup, karar edýärin: Orazmämmet Abdylowy tussag astyna almaly…»

## Mäti Kösäýew

«Mäti Kösäýewi 1952-nji ýylyň iýulynda tutdular.
Türkmenistan SSR ÝOkary sudynyň arhiwlerinden bize Kösäýewiň işi barasyndaky aýyplamanyň ahyrky netijesini tapmak başartdy. Alyma antisowet agitasiýa ýöretdi, buržuaz-milletçilikli eser bolan «Gorkut Atany» propagandirledi we ýaýratdy diýen aýyplar ýöňkelipdir. Onuň ýüzüne duran şaýatlaryň beren käbir görkezmeleri: söwdanyň

ýagdaýyndan nägile (hamala, ähli zady hojaýynlar özlerine alýarmyşlar), kolhozçylaryň güzeranynyň garyplygy üçin gahar-gazap bildirip, saýlaw sistemasyny tankytlady. Gepiň kelte ýeri, sanap näme etjek, baryp ýatan antisowet element-dä.
Suduň ilki çykaran hökmünde rehim-şepagat ýokdy: atmaly. Soňra iň ýokary jezany 25 ýyl azatlykdan mahrum etmek bilen çalşyrdylar.

## Kolonializm

«…Iç dökmegi, bissimylla, «Kolonializm nämedir?!» diýen sowaldan başlalyň. Kitaplaryň terarlaşyşyna görä, ol «harby, ykdysady, syýasy güýje daýanmak bilen kolonial halky ezmek syýasaty» bolmaly. Ýönekeý dilde aýdanymyzda, muňa «dürre gamçy», «süýjülije köke» we «kaşaňlyk» syýasatlary bilen halky dolandyrmak režimi diýilýär. Türkmen halkynyň soňky 110 ýyllyk bakna günemasy kolonializmiň şu Berdum üçburçlygynyň içinde geçdi. Ynha, bu Bermudyň «dürre gamçy» burçuny alyp göreliň. Boýnuna kolonial boýunturygy dakmajak bolany üçin patyşa Orsyýetiniň kolonizatorlary Gökdepe galasyny goraýjylary aýal-ebtat, çaga-çuga diýmän, okdan, gylyçdan geçirdi. Kolonializme garşy baş göteren 1916-njy ýyldaky gozgalaňa gatnaşanlardan rehimsiz öç alyndy. Şol ýyl pälä adam ibermejek bolandyklary üçin kolonizatorlaryň jeza beriji otrýady etrek ýomutlaryny elhenç gyrypdy, mal-gara, öý-söý, şaý-sep diýmän bar zatlaryny talapdy.
1921-1933-nji ýyllarda täzeki has zabun kolonial režime çydaman guma siňen, serhetden aşjak bolan obalaryň ençemesi ýene gülläň astyna düşüpdirler. 1937- 1938-nji ýyllarda öňi bilen gulçulyk durmuşyna sähelçe nägileligi duýlan türkmenleriň kastyna çykypdar. Türkmen milli ruhuny sähelçe gorajak, dikeltjek bolan Mäti Kösäýew, Baýmuhammet Garryýew ýaly nazarkerde adamlary gözenege salmak, Gaýyp Nepesow Kakajan Muhametmmetberdiýew ýaly taryhçylary yzarlamak-da, Şaja Batyrow ýalylary oňat işläp ýörkä-de, okuwa ibermek, başga birini dälihanalara ýollamak-da kolonial halkyň ýüregine gorky salmak, ony gorky gulyna öwürmek üçin ulanylýan dürre gamçy syýasatydy».

## MASSON MIHAIL ÝEWGENOWIÇ

Arheolog Gündogary öwreniji taryhçy, Daşkentdäki Merkezi Aziýa döwlet uniwersitetiniň arheologiýa kafedrasynyň müdiri. Merkezi Aziýa döwletleri boýunça geçirilen arheologiýa ekspedisiýalara gatnaşýar. 1936-1938-nji ýyllarda Kuşan we Orta asyr Termezinde gazuw agtaryş işlerini geçirýär. 1946-njy ýyldan TSSR-ň territoriýasynda şol sanda Nusaýda we Merwde gazuw agtaryş işlerini alyp barýan GTAKE-de ýolbaşçylyk edýär.Ol şu wezipede 25-ýyldan gowrak wagtlap işleýär. Bu ekspedisiýa Günorta Türkmenistanyň territorýasyndaky gadymy ýadygärlikleriň paleolit döwründen başlap tä giçki orta asyrlara çenli bolan döwürlerini öwrenýär.

Ekspedisiýanyň Köne we Täze Nusaýda, Gadymy Maryda, Günorta Türkmenistanyň neolit, eneolit, antiki orta asyr we beýleki döwürlerine degişli ýadygärliklerde geçiren arheologiýa gazuw agtaryşlarynyň jemleri we umumylaşdyrmalary özbaşdak 15 tomdan ybarat bolup, GTAKE-niň işlerinde neşir edildi. Massonyň redaksiýasy bilen 500-den gowrak ylmy iş çapdan çykdy. Ol ýokary hünärli arheolog spesialistleriň uly toparyny terbiýeläp ýetişdirdi. M.Ýe Masson "Zähmet", "Gyzylbaýdak" ordeni bilen sylaglanyldy.

## MASSON WADIM MIHAILOWIÇ

Sowet arheology TSSR-ň YA-ň korrespondent çleni, taryh ylymlaryýň doktory, TSSR-ň ylymda we tehnikada at gazanan işgäri (1979ý). M.E.Massonyň ogly. 1979-njy ýyldan SSKP-ň çleni. 1968-nji ýyldan SSSR-ň YA-ň arheologiýa institutynyň Leningrad bölüminde Orta Aziýa we Kawkaz sektorynyň müdiri. Ol Orta Aziýanyň we Gazagystanyň arheologiýasy problemalary boýunça ylymy sowete ýolbaşçylyk edýär. Masson GTAKE-niň toparynyň birine baştutanlyk etmek bilen Türkmenistanyň teretoriýasynda ýaşan gadymy (bürünç asyryna degişli) ilatyň maddy medeniýetini öwrenmekde uly işler bitirdi. Ol ençeme ýyldan bäri Kaka etrabynyň teritoriýasyndaky Altyndepe atly gadymy şäheriň galyndysynda gazuw agtaryş işlerini geçiripdir. Masson umumy möçberi 300 çap listden gowrak ylmy işiň awtorydyr. Masson "Margiananayň gadymy ekerançylyk medeniýeti (1959ý)", "Orta Aziýa we gadymy Gündogar (1964ý)", "Jeýtun obasy (1971ý)", "Gadymy jemgyýetleriň ykdysady we sosial gurluşy (1976ý)" ýaly ylmy eserleri ýazdy. Ol "Owganystanyň taryhynyň" (2 tomlyk) awtorlarynyň hem biridir. Massonyň ylmy işleriniň ençemesi daşary ýurtlarda hem çap edildi.

## RAFAEL PAMPELLI

Ol amerikan geology, 1837-nji ýylyň sentýabr aýynyň 8-nde Nýu- Ýorkda doguldy. Ol uly ylmy işleriň 11-siniň awtory, fransuz, nemes we italýan dillerini örän oňat bilýärdi. 1856-njy ýylda R. Pampelli Freýburgdaky (Germaniýa) Korollyk dag-magdan akademiýasyna kabul edilýär. Okuwy tamamlandan soň dag-magdan inženeriniň diplomyny alypdyr. Şeýlelik bilenem ol minerallary öwrenmek boýunça ABŞ-da ilkinji diplomly hünärmen bolupdyr. 1861-nji ýylda R.Pampelli Ýapon hökümeti tarapyndan Hokkaýdo adasynda peýdaly gazylyp alynýan magdanlaryň bardygyny ylmy taýdan barlamak üçin çagyrylýar. Ýaponiýada işini tamamlap ol 1864-nji ýylda Hytaýyň imperatory hökümetiniň sargydy boýunça bu ýurduň demirgazygyndaky kömür känlerini barlagdan geçirýär. 1865-nji ýylda bolsa ilkinji bolup Gobi çölüniň mineralogiýa babatda gözden geçirilmesini amala aşyrýar. 1866-njy ýyldan 1875-nji ýyla çenli aralykda

Garwart uniwersitetiniň minerallary öwrenmek boýunça professory bolýar. 1903-nji ýylda R.Pampelli Professor M.W.Dewis kömekçileri E.Hentingon we öz ogly R.W.Pampelli bilen bilelikde Karnegi institutynyň maliýe taýdan goldaw bermeginde Türkmenistan bilen tanyşlyk ekspedisiýasyny amala aşyrdy. 1904-nji ýylda Änewde we Merw sebitinde arheologiýa ylmy barlaglary geçirildi. Amerikanlaryň Türkmenistanda arheologiýa işlerini geçirmäge hukuk alan ilkinji daşary-ýurtlylar bolandygyny şu ýerde belläp geçmek gerek. Bu ekspedisiýa R.Pampelliniň ylmy işinde iň soňky bolupdy, ýogsam onuň 1907-nji ýylda Türkmenistana gaýtadan gelmegi meýilnamalaşdyrandygyny hem belläp geçmek gerek, ýöne 1905-1907-nji ýyllaryň öwrülişik hereketleri zerarly oňa bu ýere gelmäge rugsat bermediler. 1905-nji ýylda R.Pampelli ABŞ-nyň Geologiýa jemgyýetiniň Prezidentligine şeýle hem ABŞ-nyň Milli ylymlar akademiýasynyň agzalygyna saýlanýar. R.Pampelli 1923-nji ýylyň awgust aýynyň 10-da Nýuportda 86 ýaşynda aradan çykdy. Biziň ülkämizi öwrenmek boýunça onuň başlan işini soňra onuň watandaşlary dowam etdirdiler.

## ÖMÜR ESEN

Ümür Esen 1939-njy ýylyň 25-nji dekabrynda Mary welaýatynyň Murgap etrabynyň Birleşik daýhan birleşiginde daýhan maşgalada eneden dogulýar. Ol ilki orta mekdebini tamamlaýar. Ondan soň Magtymguly adyndaky TDU-nyň Türkmen dili we edebiýaty fakultetini tapawutlanan diplom bilen 1967-1968-nji ýyllarda tamamlap, türkmen dili we edebiýaty hünärini ele alýar.Ümür Esen oba mekdebinde mugallym bolup işe başlaýar we okuwçylara bilim terbiýe, edep öwretmek bilen bir hatarda mekdepde müzeý döretmek işini hem ýola goýýar. 1973-nji ýyldan başlap Ümür Eseniň türkmeniň medeni-mirasyna, gadymyýetine bolan höwesi onuň arzuwlan muzeýini hasda baýlaşdyrypdyr. Ümür Eseniň müzeýinde 8 otag bolup, olarda türkmen halkynyň mirasy, gymmatlyklary ýerleşdirilen. Ýagny, türkmen halkynyň ekerançylygyna, maldarçylygyna, dowardaçylygyna, senetçiligine, awçylygyna, atçylyk, itçilik, taryhy numizmatiki ylymyna degişli bolan, türkmen milli gymmatlyklary, ajaýyplyklary ýerleşdirilipdir.

## ŞAMMY KEL

Şammy kel 1873-nji ýylda Tagta raýonynyň Diregli obasynda daýhan maşgalasynda dogulýar. Ol sowatsyz bolupdyr. Ýöne akýürekliligi, paýhaslylygy, edermen serkerdeligi bilen ile özüni aldyrypdyr. Şammy kel Hywa häkimlerini, patyşa generallaryny, halky talaýan baý- süýthorlary «itden beter» ýigrenipdir. Şonuň üçünem, ony türkmen daýhanlary-da, özbek daýhanlary-da özleriniňhossary hasaplapdyr. Ol ata watany taşlap hiç ýerik gitmedi. Ömrüniň soňky gününe çenli il-günüň ajysynam, süýjüsinem deň paýlaşdy. 1918-nji ýylda wepat boldy

**TSSR-DE 1985-90-NJY ÝYLLARDAKY NEBIT-GAZ SENAGATY**.

Okyjylar tarapyndan gyzgyn goldanan «Hasaply dost uzaga gider» (ÝAş komunist, 24.07.90) diýen makalada bu barada şeýle ýazylypdyr:

«… Howa, biz «nebtimiz», «gazymyz» diýip diňe goşgular, aýdymlar däl, eýsem «Nebitdag», «Çeleken şemaly» ýaly romanlary hem döretdik. Belent tribunalardan «respublikamyz gaz çykarmakda soýuzda ikinji ýerde durýar» diýip hamana onuň miwesi özümizde degişli ýaly görýäris. Hatda «Türkmenistan SSR-niň at gazanan senagat işgäri» diýen hormatly at hem döretdik. Howa, hiç bir ýeýeçiligimiz bolmasa-da, «myz, miz» diýip gelýäris. Munuň özi stalinizmiň ýene bir aldowynyň netijesidir. Ol halkyň elinden baýlygyny alýar, soňra ony «Watana» iberýäris diýip, ministrlikleriň, wedomostlaryň doýmaz-dolmaz bokurdaklaryna dykýar, üstesine-de ideologik täsir bilen eýeçilik hukugy elinden alynan zadyna «myz, miz» diýmäge hakly mejbur edýär, şeýle diýmegi endige öwürýär.

Türkmenistandan çykýan gaza wenebite soýuz ministrlikleri, wedomostlary kanuny eýeçilik edýärkä, kesekiniň hojalygyna gatyşyp ýörmek gelşikli däl ýaly. Ýöne öz mähriban ülkäň göwsünden çykyp baýlyklaryň ykbaly barada hiç zat bilmän, gulagyňy sallap ýörmekligem düzüwliligiň alamaty däl…

Ozaly bilen ýerastyndan çyg malyň näçe mukdarda çykarylýandygyndan başlalyň. 1988-nji ýylda SSSR-de 624 milion tonna nebit çykaryldy. Şol dünýäde nebit çykarýan döwletleriň ilkinji onlugyna girýän ABŞ 455 million tonna, Saud Arabystan 251 million tonna, Meksika 143 million tonna, Yrak 128 million tonna, Welikobritaniýa 115 million tonna, Eýran 113 million tonna, Kuweýt 73 million tonna, Nigeriýa 70 million tonna nebit çykardy. 70-nji ýyllarda Türkmenistanda her ýylda 16 million tonna nebit alynan bolsa, häzir alynýany 5 million tonnadan gowrakdyr.1988-nji ýylda SSSR-de 770 million kub metr gaz çykaryldy. Şol sanda hut Türkmenistandan çykarylýan gaz 88 milliard kub metre barabar boldy. Şunça gazy, mysal üçin, nebte öwürsek, takmynan 80 million tonna.nebit bolardy. Munuň üstesine, öňki 5 million tonna nebiti goşsak, bu görkeziji 85 million tonna nebite ýeter. Diýmek, Türkmenistan çyg mal çykarmakda Nigeriýadan däl, eýsem ilatynyň ýaşaýş derejesi boýunça ilkinji orunda durýan, Kuweýtden hem öňe geçip, dünýäde esasy nebit çykarýan döwletleriň onlugyna girjek ýeken.

Türkmen gazynyň 85 milliard kub metrden gowragy tebigy, 3 milliard kub metre golaýy bolsa nebtiň gapdaly bilen çykýan ugurdaş gazdyr. Häzir jemi çykarylýan 88 milliard kub metr gazyň 95 prosenti, ýagny 83,6 milliard kub metri respublikanyň çäginden daşary iberilýär, 5 prosenti (4,4 kub metr) respublikanyň özüne satylýardy.

…Gazyň uly bölegi daşary ýurtlary ekisport edilýär. Elbetde, mundan has uly girdejiler alynýar. Respublikanyň çäginden daşardaky şu guramalaryň türkmen gazyny satyp alýan girdejilerinden Türkmenistan ýeke köpük hem peýda görenokdy».

# Baýju Noýan

Baýju Noýan (öldi 1260?) Günbatar Mongollar goşunynyň serkerdesi. Mangollaryň Besud/Beşud taýpasyndan bolup Çingiz hanyň serkerdelerinden biri bolan Jebeniň garyndaşy bolupdyr. 1228-nji ýylda Yspyhana tarap edilen ýörüşlere gatnaşdy. Soňra Jormagon Noýanyň kömegi bilen Kawkaziýada harby çaknyşyklarda özüni görkezdi. 1241-nji ýylda syrkawlan Jormagon Noýanyň ýerine Mugandaky Mongol goşunynyň başyna serkerde edilip bellenen Baýju Noýan Babaýi gozgalaňynyň soňunda Anadoly Seljuklylarynyň kyn ýagdaýa düşendigini bilip Ermeni we Gürjilerden düzülen 30.000 adamlyk goşun birlikleri bilen Mugandan herekete geçdi. Serkerdeligindäki mongol goşuny bilen birlikde 1242-nji ýylyň Bahar aýlarynyň soňlarynda Arzyrumyň öňlerine gelip şäheri gabady. Arzyrumy gysga wagtyň içinde boýun egdirdi. Bu ýerde ol ýykan-ýumrançylyk weýrançylyk görkezýär. 1243-nji ýylda Kösedag söweşinde Gyýaseddin Keýhüsrew II serkerdeligindäki Seljukly goşun birliklerini ýeňlişe sezewar etdi. Şol uruşdan soň özüne boýun egen Siwasa girip şähere zabt etdi. Kaýseri we Tokat şäheriniň ilaty oňa garşylyk görkezse-de bu şäheri hem basyp aldy. Azerbeýjana baranynda Erzinjany eýeläp basyp aldy. Bu ýeňişi bilen Anadoly Seljuklylaryny Mongollara garaşly döwlet halyna getirdi[1]. 1245-nji ýylda Ahlat we Diýarbekri ele geçirdi[2]. 1246-njy ýylda täze Mongol hökümdary Güýük han onuň wezipesini elinden aldy we ýerine Eljigideýi belledi. Güýük hanyň ölüminden soňra 1251-nji ýylda täze Mongol hany Möngkeniň hanlygyna garşy gelen Eljigideýi öldürdip Baýju Noýan täzeden Eýran topraklaryndaky Mongol goşunlarynyň serkerdeligine getirildi[3]. Hulagunyň Eýran we günbatar taraplaryny «Ilhan» lakamy bilen esgerlerini alyp Mugandan daşlaşyp ýaýlak we gyşlak üçin täzeden Anadoly topraklaryna girdi. Goşunlary bilen Aksaraýa çenli gelen Baýju öz diýenini gögertmek bilen başlanan söweşde Abadoly Seljukly goşuny ýeňlişe sezewar etdi. 1256-njy ýylda goşuny bilen Konýany gabawa alan wagty Konýa halkynyň toplan altynlaryny özüne almak üçin şäheriň küňrelerini ýykdyryp yza çekildi. 1258-nji ýylda Hulagu hanyň Bagdat ýörüşine goşulmak bilen Elbistany eýeledi. Şol ýyl Düjeýil söweşinde Abbasy goşunlaryny pytratdy. Bagdat gabawyna goşulyp ony birlikde eýelediler. Baýju Noýanyň haçan we nähili ölendigi hakyndaky maglumatlar näbellidir. Käbir çeşmelere görä Bagdat ýörüşine goşulan wagtlary Halyf Mustasim Billäh bilen gizlin hat alyşandygy üçin, Bagdat eýeleneninden soňra Hulagu han tarapyndan öldürlipdir[4]. Baýju Noýandan soň Hulagu hanyň Siriýany basyp almak üçin 1259-njy ýylyň Sentýabrynda gören taýýarlyklarynyň dowamynda hem agzalyp geçipdir[3]. Käbirleriniň aýtmaklaryna görä Baýju Noýan, Ärtogrul türkmen tarapyndan öldürlipdir TRT 1 türk telekanalynda Janlanyş Ärtogrul (Diriliş "Ertuğrul") köpbölümli türk filminde Baýju Noýanyň roluny Baryş Bagçy janlandyrdy.

## Prepat

Preýapat ýa-da Prepat — Parfiýanyň Ärsaglylar hanedanlygynyň ady belli hökümdarlarynyň biridir. Preýapat Ärsag II deň soň Parfiýada miladydan öňki 191 — m. ö. 176-njy ýyllarda hökümdarlyk etdi. Onuň döwründe Parfiýa özüniň ösen döwrüni dowam etdiripdir. Hökümdarlykda gul eýeçilik gurluşy ösüpdir. Ýörüşlere ýa-da basyp alyşlara gandaş urug taýpalar goşulyp uly ýeňiş gazanyjy goşuny emele getiripdir. Ärsaglylar Preýapatyň döwründe Gala Şäherleriniň töwereginde ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar.

## Şaja Batyrow

Şaja Batyrowiç Batyrow –görnükli alym, guramaçy, meşhur jemgyýetçilik we döwlet işgäri, TSSR Ylymlar Akademiýasynyň prezidenti (1959-1965), SSSR Ýokary Sowetiniň (2-3 çagyryşlar) we TSSR Ýokary Sowetiniň (1, 2, 3, 4, 5, 6 çagyryşlar) deputaty, TKP MK-nyň agzasy, TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň agzasy. Ol 1908-nji ýylyň 3-nji oktýabrynda Türkmenistan SSR-niň Bäherden raýonynyň Deşt obasynda daýhan maşgalasynda eneden doguldy. Görnükli döwlet we jemgyýetçilik işgäri özüniň bütin manyly ömrüni öz halkyna hyzmat etmäge, türkmen halkynyň mynasyp geljegini gurmaga, halkymyzyň ylym-biliminiň ösdürilmegi, milli kadrlaryň kemala gelmegi ugrundaky beýik işleri amala aşyrmaga bagyşlady. Türkmen halkynyň beýik ogly Şaja Batyrowiç Batyrow 1926-njy ýylda komsomolyň, 1930-njy ýylda bolsa bolşewikler partiýasynyň hataryna girýär. 1927-1929-njy ýyllar aralygyndaAşgabatdaky mugallymçylyk kursunda okaýar. 1929-1930-njy ýyllarda Bäherden raýonynyň Börme obasynda batraçkomyň başlygy we komsomol ýaçeýkasynyň sekretary wezipelerinde işleýär. 1930-1932-nji ýyllarda Bäherden raýonynyň Karagan obasynda mugallymçylyk edýär. Onuň yzysüre, Bäherden posýologyndaky internatda müdiriň okuw işleri boýunça orunbasary bolup işläp, ýaş nesle bilim, sowat bermek işinde uly işeňňirlik görkezýär. 1932-1934-nji ýyllarda Aşgabat pedagogik institutynda okuwyny dowam etdirýär. 1934-1936-nji ýyllarda pedinstitutyň taryh fakultetinde aspiranturada okaýar. 1936-njy ýylyň ýanwarynda heniz aspiranturany gutarmanka, TK(b)P MK-nyň býurosynyň karary boýunça “Sowet Türkmenistany” gazetine işe geçirilýär. 1937-nji ýylyň fewralynda TK(b)P MK-nyň karary bilen Şaja Batyrowiç Batyrowiç Moskwada BK(b)P MK-nyň ýanyndaky redaktorlary we terjimeçileri taýýarlaýan kursa okuwa iberilýär. Ol ýerde 1938-nji ýylyň fewralyna çenli okaýar. Ol dolanyp gelip, ýene-de “Sowet Türkmenistany” gazetinde işini dowam edýär. 1939-njy ýyla çenli bu gazetde ilki bölüm müdiri, soňra bolsa gazetiň redaktory wezipelerinde işleýär. 1938-1939-njy ýyllarda bu gazetiň jogapkär sekretary, redaktoryň orunbasary, jogapkär redaktory wezipelerinde işleýär. Ol 1939-njy ýyldan 1942-nji ýyla çenli Ylmy-barlag dil we edebiýat institutynyň direktory wezipesinde işleýär. Soňra bolsa, TSSR Ministrler Sowetiniň ýanyndaky

Sungat işleri boýunça uprawleniýäniň naçalnigi bolup işleýär. 1941-1945-nji ýyllaryň gazaply urşy dowam edýän wagtynda, ýagny, 1942-1946-njy ýyllarda ol TK(b)P MK-nyň propaganda we agitasiýa baradaky sekretary wezipesini alyp barýar. Ol bu wezipede 1946-njy ýylyň oktýabryna çenli zähmet çekýär. Ondan soňra 1946-1947-nji ýyllarda TK(b)P MK-nyň ikinji sekretary, 1947-1951-nji ýyllarda birinji sekretary wezipelerinde işleýär. 1952-1954-nji ýyllarda Moskwada SSKP MK-nyň ýanyndaky Jemgyýetçilik ylymlary akademiýasynyň aspiranturasynda okap, 1954-nji ýylyň tomsunda taryh ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini alýar. 1954-1959-njy ýyllarda Türkmen döwlet pedagogiki institutynyň direktory we şol bir wagtda şol institutyň taryh, marksizm-leninizm kafedralarynyň müdiri wezipelerinde işleýär. 1959-njy ýylyň 5-nji iýunynda TSSR Ylymlar Akademiýasynyň umumy ýygnagy Şaja Batyrowiç Batyrowy akademiýanyň akademikligine we agzalygyna saýlaýar. Şaja Batyrow 1959-njy ýylda, şol bir wagtda Türkmenistan SSR Ylymlar akademiýasynyň prezidentligine hem saýlanylýar. Ol bu wezipede ömrüniň ahyryna çenli zähmet çekýär. Ol bu jogapkärli wezipede işlän döwründe ylmy ösdürmek, ylmy kadrlary taýýarlamak we terbiýelemek ugrunda netijeli işleri alyp bardy. Ol otuz ýylyň dowamynda türkmen halkynyň taryhyna degişli ylmy gözleglerini üstünlikli alyp bardy. Onuň galamyna 20-den gowrak ylmy eser degişli bolup durýar. Şaja Batyrowiç Batyrow türkmen we rus dillerinde çap edilen “SSSR-de sosialistik milletleriň emele gelmegi we ösmegi” atly monografiýasy üçin 1962-nji ýylda dissertasiýa gorap, taryh ylymlarynyň doktory alymlyk ylmy derejesine mynasyp boldy. Taryh ylymlarynyň doktory bolan Ş.B.Batyrow gymmatly ençeme ylmy eserleri ýazdy. 1959-njy ýyldan başlap, TKP MK-nyň we TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň agzalygyna hem saýlandy. Türkmenistan SSR Ylymlar Akademiýasynyň prezidenti Şaja Batyrowiç Batyrow 1965-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda tarpa-taýyn aradan çykdy. Onuň ölümi hem, onuň bütin ömri ýaly adaty däl, üýtgeşik ýagdaýda bolup geçdi. 1965-nji ýylyň 14-nji oktýabry. Şol gün ir sagat 10-da TKP MK-nyň plenumy başlandy. TSSR Ylymlar akademiýasynyň prezidenti Şaja Batyrowiç Batyrow arakesmeden soň ikinji bolup söz aldy. Ynha, ol tribunada gürläp dur. Ol Türkmenistanda ylmy ösdürmegiň wajyp meseleleri barada çykyş edýär. Aradan on minut geçýär. Birdenem ol, ejizlän ýaly tribunadan ýykylýar we şol ýerde-de tarpa-taýyn aradan çykýar. Türkmen halky özüniň nazarkerde oglunyň nurana keşbini hemişe kalbynda saklaýar. Şaja Batyrowiç Batyrow diňe biziň döwletimizde däl, eýsem onuň çäklerinden uzak daşarda hem uly abraý gazandy. Munuň şeýledigine, onuň ýas çäresine SSSR Ylymlar akademiýasynyň, doganlyk respublikalar bolan Özbegistanyň, Täjigistanyň we beýlekileriň delegasiýalarynyň hem-de wekilleriniň gelendikleri, doganlyk respublikalardan we oblastlardan köpsanly telegrammalaryň gelip gowşanlygy, ol telegrammalarda bolsa dünýä ylmy jemgyýetçiliginiň çuňňur gynanç bildirip, bilelikde gam çekýändigi baradaky habarlar şaýatlyk edýär. Şaja Batyrowyň işi aýratyn anyklyk we maksada okgunlylyk bilen, zähmetsöýerligi we bilimlere ýadawsyz jan çekýändigi

bilen tapawutlanýardy. Döwlet we partiýa Şaja Batyrowy haýsy bir ýere iberse-de, ol işiň her bir böleginde özüniň güýçlerini doly derejede ulanyp, halkyň ynamyny ödeýärdi. Ol Türkmenistan Kompartiýasynyň sekretary wezipesinde işlände, respublikanyň ykdysadyýyetini we medeniýetini ösdürmäge uly goşant goşdy. Ol Çärjew pedagogik institutynyň direktory bolup, milli pedagog kadrlaryny kadrlaryny taýýarlamak üçin gaty köp tagalla etdi. Ş. B. Batyrow Türkmenistan SSR Ylymlar akademiýasynyň prezidenti wezipesinde bolup, ylmy ösdürmek hem-de ylmy kadrlary taýýarlamak ugrundaky işleri giňden ýaýbaňlandyrdy. Şaja Batyrowiç Batyrow adamlara özüniň eserdeň we ýürekdeş garamagy bilen zähmetkeşleriň arasynda uly abraý alyp, çuňňur hormat goýulmagyny gazandy. Şaja Batyrow ululy-kiçili köp sanly ylmy işleriň, şol sanda “SSSR-de sosialistik milletleriň emele gelmegi we ösmegi” diýen uly düýpli ylmy işiň awtorydyr. Şaja Batyrow Lenin ordeniniň ikisi, “Watançylyk urşy” ordeniniň 1-nji derejesi, “Zähmet Gyzyl Baýdak” ordeni we birnäçe medal bilen sylaglandy. Şaja Batyrowiç Batyrowyň ajaýyp bütin ömri halka jan aýaman hyzmat etmegiň aýdyň göreldesidir. Onuň aradan çykmagy Türkmenistanyň ähli halkynyň ýüregini örän ýiti awundyrdy. Türkmen halkynyň wepaly ogly eserdeň we ýürekdeş ynsan, beýik şahsyýet Şaja Batyrowiç Batyrow hakyndaky röwşen ýadygärlik türkmen halkynyň ýüreginde ebedilik saklanar.

## Pygam Azymow

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, filologiýa ylymlarynyň doktory, professor, Türkmenistanyň ylymda at gazanan işgäri. Ol 1915-nji ýylda Çärjew oblastynyň Saýat raýonynyň Çowdur obasynda garyp daýhan maşgalasynda dogulýar. Onuň, çagalyk ýyllary agyr geçýär. Ýaşlyk ýyllarynda baýlaryň gapysynda batrak bolup gezýär.

Türkmenistanda Sowet häkimiýeti berkarar edilenden soň, sowet mekdebinde okap başlaýar. Ol öz obalaryndaky mekdebi gutarandan soň, 1929-1931-nji ýyllarda Çärjewdäki (häzirki Türkmenabatdaky) pedagogik tehnikumda okaýar.

1931-1933-nji ýyllar aralygynda ol obada mugallymçylyk edýär, komsomol işinde işleýär. 1933-nji ýylda Pygam Azymow Aşgabat döwlet pedagogik institutynyň dil we edebiýat fakultetine okuwa girip, 1937-nji ýylda ony üstünlikli tamamlaýar. Ony instituta mugallymçylyga işe alyp galýarlar.

1940-njy ýylda ol, önümçilikden aýrylmazlyk şerti bilen, aspiranturanyň kursuny gutarýar. 1942-nji ýylyň ýanwarynda bolsa, filologiýa ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini almak üçin dissertasiýa goraýar.

Pygam Azymow hem otuzynjy ýyllaryň ortalaryndan mugallymçylyk işi bilen utgaşykly, türkmen diliniň praktiki meselelerini işläp düzmeklige, stabil okuw kitaplaryny

ýazmaklyga aktiw gatnaşyp başlaýar. Onuň Türkmen diliniň sintaksisi boýunça taýýarlan gönükmeler ýygyndysy 1938-nji ýylda özbaşyna kitap bolup çykýar.
P. Azymowyň belli türkmen dilçisi merhum H.M. Baýlyýew bilen bilelikde türkmen diliniň sintaksisi boýunça ýazan kitabynyň birinji neşiri 1939-njy ýylda çapdan çykýar.
Bu kitabyň P.Azymow tarapyndan täzeden işlenen görnüşi 1948-nji ýylda Türkmen Halk Magaryf ministrligi tarapyndan yglan edilen konkursda birinji baýraga mynasyp bolýar.
Onuň professor A. A. Gurbanow bilen bilelikde ýazan «Harplygy» Türkmen Halk Magaryf ministrligi tarapyndan yglan edilen konkursyň baýraklaryna (1951, 1962) mynasyp bolýar.
Bu «Harplyk» ondan öňki dowam edip gelen «Harplyklardan» özüniň oňat hilli ýazylanlygy, okuwçylara harp öwretmegiň ýeňil usulynda düzülenligi bilen tapawutlanýar.
1940-1945-nji ýyllarda ol SSSR Ylymlar akademiýasynyň Türkmenistan filialynyň alym sekretary we Prezidiumynyň çleni, Taryh, dil we edebiýat institutynyň direktory wezipelerinde işleýär.
1945-1948-nji ýyllarda SSSR Ylymlar akademiýasynyň doktoranty, şol bir wagtyň özünde-de pedinstitutyň dosenti, Taryh, dil we edebiýat institutynyň uly ylmy işgäri bolýar.
Ol akademik W.A.Gordlewskiniň ýolbaşçylygynda Moskwanyň Gündogary öwreniş institutynyň Alymlar sowetiniň mejlisinde «Türkmen dilinde sözleriň ýasaýjy goşulmalar arkaly ýasalyşlary» diýen tema boýunça doktorlyk dissertasiýasyny (1948) goraýar.
1948-1963-nji ýyllarda alym ilki A.M.Gorkiý adyndaky Aşgabat döwlet pedagogik institutynyň direktory, soňra Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory wezipelerinde işleýär. 1951-nji ýylda döwletde Ylymlar akademiýasy açylýar. Şol ýyl hem ol Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademikligine saýlanýar.
1963-1965-nji ýyllar aralygynda ol A.M Gorkiý adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Türkmen dili kafedrasynyň professory, TYA-nyň Jemgyýetçilik ylymlary bölüminiň akademik-sekretary bolup işleýär. 1966-njy ýylyň ýanwaryndan bolsa akademik Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň prezidentligine saýlanýar.
Akademik birnäçe gezek TKP raýon komitetiniň, şäher komitetiniň çlenligine saýlanýar.
Akademik Pygam Azymow jogapkär wezipelerde işlemek we döwlet ähmiýetli jemgyýetçilik işlerine aktiw goşulmak bilen bir hatarda, ol respublikanyň ýokary okuw jaýlary üçin türkmen dili boýunça okuw kitaplaryny döretmäge, şonuň ýaly-da mugallymlar, studentler hem-de metbugat işgärleri üçin türkmen diliniň orfografiýasy, punktuasiýasy boýunça gollanma taýýarlamaga hem aktiw gatnaşýar.
1960-njy ýylda çap bolup çykan «Häzirki zaman Türkmen dili» (grafika, morfologiýa) we 1962-nji ýylda neşir edilen «Häzirki zaman türkmen dili» (sintaksis) atly işler gös-göni onuň içgin gatnaşmagy we ýolbaşçylyk etmegi netijesinde taýýarlanyldy.

Okuw kitaplaryny döretmek bilen birlikde alym türkmen diliniň ýazuw kadalaryny, onuň grafikasyny işläp düzmek, olary kämilleşdirmek ugrunda birnäçe işleri etdi. Onuň 1951-nji ýylda çykan «Türkmen diliniň häzirki orfografiýasyna käbir üýtgeşmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» diýen işleri hem-de Türkmenistanyň II lingwistik gurultaýynda (1954) eden «Türkmen diliniň orfografiýasyna girizilýän käbir üýtgeşmeler we goşmaçalar hakynda» atly doklady onuň aýdyň mysallarydyr.

Professor P. Azymow türkmen diliniň praktiki meselelerini işläp düzmekde, olary kämilleşdirmekde, ösdürmekde, türkmen diliniň aýry-aýry meselelerini ylmy nukdaý nazaryndan derňemekde, çözmekde hem örän köp işleri bitirdi.

Alymyň «Türkmen dilinde hallaryň ýasalyşlary», «Türkmen dilinde affiksleriň özara tirkeşip geliş düzgünleri», «Affiksleriň goşulyşyp ulanylyşlary», «Türkmen dilinde sowet-internasional affiksleri», «Türkmen dilinde ýasama sözlerdäki fonetiki üýtgeşmeler», «Dodak çekimlileri we affiksler», «Türkmen dilinde prefiksasiýa», «Türkmen dilinde affiksleriň hilleri we olaryň emele gelişleri», «Isimdeş işlikleri ýasaýan suffiksler» ýaly dürli ýyllarda çap bolup çykan işleri Türkmen dilinde affiksler arkaly söz ýasalyşyň hemme taraplaryny derňemeklige bagyşlanandyr.

Akademik P. Azymow Türkmen diliniň leksiki düzümini öwrenmek, ony ylmy esasda derňemek boýunça hem köp işleri etdi. Onuň «Türkmen dilinde arap-pars elementleri», «Türmen diliniň leksiki sostawy», «Häzirki zaman Türkmen dili» (Giriş we leksika) atly işler türkmen diliniň sözlük sostawyny derňemeklige bagyşlanandyr. Türkmen diliniň orfografik sözlüklerini taýýarlamak we düzmek boýunça hem professoryň alyp baran işleri ýörite bellenmäge mynasypdyr.

Onuň merhum H.M. Baýlyýew bilen bilelikde düzen ilkinji orfografik sözlügi 1947-nji ýylda çap bolup çykdy. Ol sözlük Türkmenistanyň birinji lingwistik gurultaýynyň we ondan soňky döwürlerdäki orfografiýa we terminologiýa baradaky kararlar esasynda duzülipdi. Soňra onuň gatnaşmagy we ýolbaşçylyk etmegi bilen Türkmenistanyň ikinji lingwistik gurultaýynyň orfografiýa düzgünleri baradaky kararlary esasynda türkmen diliniň ikinji orfografik sözlügi düzüldi we ol 1953-nji ýylda P.Azymowyň redaksiýasy bilen neşir edildi.

Akademik soňky ýyllarda türkmen diliniň we dil biliminiň dürli meselelerini öz içine alýan teoretiki makalalar bilen gazet-žurnallaryň we soýuz masştabynda çykýan ýygyndylaryň sahypalarynda çykyş edýär. Olaryň arasynda «Türkmen edebi diliniň dialekt esasy hakynda», «Türkmen edebi diliniň normalary hakynda», «Dil gatnaşygynyň käbir formalary hakynda», «Türkmen dil biliminiň käbir meseleleri», «Türkmen diliniň

sowet häkimiýeti ýyllary içinde ösüşi hakynda», «Türkmenistanyň dilçileriniň wezipeleri» atly we başga-da birnäçe makalalary bar.

Akademik türkmen dil bilimi boýunça ökde hünärli kadrlary taýýarlap ýetişdirmek meselesine-de aýratyn ähmiýet berip gelýär.

A.M. Gorkiý adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professorlary Gumman Saryýew, Jumamyrat Amansaryýew, dosent Ata Myradow, Ýazmuhammet Çöňňäýew, Akmämmet Annamämmedow, Bike Jumageldiýewa, Haýdar Muhyýew, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň uly ylmy işgärleri Häsiýet Gafurowa, Sabyr Arazgulyýew we başga-da bir topar alymlar hut akademigiň yzygiderli halypalyk etmegi netijesinde ösüp ýetişdiler.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi Pygam Azymow halkara masştabynda geçirilýän çäreleriň hem birnäçesine gatnaşdy.

Partiýa we hökümet P.Azymowyň bitiren hyzmatlaryna ýokary baha berdi. Ol iki gezek Lenin ordeni, Oktýabr rewolýusiýasy, Zähmet Gyzyl Baýdak, «Hormat nyşany» ordenleri, birnäçe medallar, TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň Hormat hatlary bilen sylaglandy.

## Mälikşa II

Muizeddin Mälikşa II (d. 1099/1100 — ö???) Beýik Seljuk soltany. Berkýarygyň ogly. Berkýaryk 1105-nji ýylda ölende heniz çaga wagty bir ýyla golaý hökümdarlyk edipdir. Ony Soltanlyk tagtyndan indiren Muhammet Tapar dy.

Ömri:

Taryhçy Ebu Fedanyň ýazamagyna görä kesellän soltan Berkýaryk ölmezden öň bir aý öň ogluny öz mirasdüşeri edip belläpdir we onuň egindeşleri muny kabul edipdirler[1]. Soltan Berkýaryk 1105-nji ýylda öleninde ogly Muizeddin Mälikşa heniz dört ýarym ýaşyndaka Seljukly tagtyna geçdi. Kagyz üstünde bütin Seljukly hanedanlygynyň baştutanydy. Emma bütin dolandyryjylyk alamatlary Muhammet Taparyň elindedi. Jigsi Muizeddin Mälikşany bir ýyl höküm sürdürmezden tagtdan indirdi we özi Soltan boldy.

Möhüm wakalaryň ýazyjysy taryhçy Hamdulla Müstewfi Kazwini «Taryhy Guzide» atly eserinde Muhammet Taparyň tagtdan indiren jigsini zyndana atdyrandygyny ýazypdyr[1][2]. Muhammet Tapar häkimýeti eýeläp höküm sürse-de ol halk gözünden düşen adamdy. Emma tutuş hökümdarlygyň çäklerinde Horasandaky Seljuk türkmenleriň hökümdary Soltan Sanjaryň at owazasy bütin ýurda äşgär bolupdy. Bir ýyla golaý höküm süren soltan Mälikşa II hakynda başga maglumat ýokdur. Belki täze çeşmeler we maglumatlar arkaly geljekde öwrenip bileris.

## Muhammetguly Atabaýew

Muhammetguly Atabaýew - Ilkinji türkmen magaryfçysy, ýerli milletden çykan ilkinjimugallymlaryň biri.
Muhammetguly Atabaýew 1885-nji ýylda Zakaspiý oblastynyň Aşgabat uýezdiniň Durun pristawlygynda, /häzirki Baharly etrabynyň Nohur obasy/ dünýä inýär. 1905-nji ýyla çenli rus-ýerli mekdep internadynda okaýar. Soňra Daşkentde 3 ýyllyk mugallymçylyk seminariýasyny gutarýar.1909-njy ýylda Sankt-Peterburg şäherindäki tomusky mugallymçylyk kurslarynda bilimini artdyrýar. 1908-1913-nji ýyllar aralygynda 5 ýyllap Mary şäherindäki rus-ýerli mekdebiniň mugallymy bolup işleýär. Ondan soň Aşgabat uýezdiniň uprawleniýasynda terjimeçi bolup işleýär. 1914-nji ýylyň dekabryndan 1915-nji ýylyň apreline çenli ilkinji türkmen neşiri bolan “Ruzname-yi mawera-yi bahri Hazar” atly rus we türkmen dillerinde çykýan gazetde zähmet çekýär. Şol ýylyň aprel aýyndan dekabr aýyna çenli Çeleken adasyndaky täze açylan mekdepde mugallymçylyk edýär. Ondan soň öz dogduk obasy Nohurda täze mekdep açyp, şol ýerde tä ömrüniň ahyryna çenli işleýär.

Ilkinji türkmen magaryfçylarynyň biri Muhammetguly Atabaýew 1916-njy ýylyň 2-nji martynda 31ýaşynyň içinde aradan çykýar.

Muhammetguly Atabaýew 1914-1916-njy ýyllar aralygynda “Ruzname-yi mawera-yi bahri Hazar” atly ilkinji türkmen metbugatynda örän aktiw çykyş edipdir. Öz döwrüniň çylşyrymly meseleleri babatda dürli mowzukly makalalary çap etdiripdir.

# Soňy.

**batyrgbayev@gmail.com**